**Ö. B. Muhammetberdiýew, N. Suwhanow,**
**S. B. Süleýmanow**

# JEMGYÝETI ÖWRENIŞ

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň XI synpy
üçin synag okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2014

UOK 373:3

M 82

M 82 **Muhammetberdiýew Ö. B. we başg.**
**Jemgyýeti öwreniş.** Umumy orta bilim berýän mekdepleriň XI synpy üçin synag okuw kitaby (sosiologiýa ylymlarynyň doktory, professor Ö. B. Muhammetberdiýewiň umumy redaksiýasy bilen) – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014

Bu okuw kitaby umumy orta bilim berýän mekdepleriň XI synpy üçin «*Jemgyýeti öwreniş*» okuw dersi boýunça Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanylan okuw maksatnamasy esasynda taýýarlanyldy.

Kitapda jemgyýetçilik durmuşynyň syýasy gurşawy, syýasy häkimiýet, syýasy aň, syýasy ideologiýa, syýasy ulgam, döwlet we onuň jemgyýetdäki orny, jemgyýetçilik durmuşynda hukugyň orny, Türkmenistanda hukuk döwletiniň berkarar edilişiniň we raýat jemgyýetiniň kemala getirilişiniň aýratynlyklary, Türkmenistanyň daşary syýasaty we onuň halkara gatnaşyklaryndaky orny, jemgyýet bilen tebigatyň arabaglanyşygy, häzirki zaman dünýäsiniň ekologik meseleleri barada gürrüň edilýär.

Okuw kitabynda getirilýän mysallarda ýurduň syýasy, durmuş-ykdysady we ruhy-medeni ösüşinde Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda gazanylan üstünlikler we ýetilen sepgitler öz beýanyny tapdy.

Okuw kitabynyň girişini, I babyny, jemleýji sapagyny we sözlügi sosiologiýa ylymlarynyň doktory, professor Ö. B. Muhammetberdiýew ýazdy.

Kitabyň II babyny taryh ylymlarynyň kandidaty, dosent N. Suwhanow (Ö. B. Muhammetberdiýewiň gatnaşmagynda), I babyň 7-nji paragrafyny taryh ylymlarynyň kandidaty, dosent S. B. Süleýmanow ýazdy.

TDKP № 115, 2014 KBK 60 ýa 72

© Ö.B. Muhammetberdiýew we başg., 2014



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# Giriş

***Gadyrly okuwçylar!***

Eliňizdäki okuw kitaby siziň eýýäm IX we X synplarda özleşdiren «*Jemgyýeti öwreniş*» atly okuw dersi boýunça taýýarlanylan okuw kitaplarynyň dowamy bolup, onda biz ilki bilen jemgyýetiň syýasy gurşawyndaky gatnaşyklar dogrusynda, ýagny jemgyýetiň syýasy durmuşynyň mazmunyny emele getirýän gatnaşyklar barada gürrüň ederis.

Syýasy gurşaw jemgyýetiň iň çylşyrymly gurşawy hasaplanylýar. Bu gurşawyň çäginde döwlet bilen raýatlaryň, jemgyýeti düzýän dürli sosial gatlaklaryň (esasan, synplaryň), adamlaryň ol ýa-da beýleki bir toparlarynyň bähbitlerini araýan jemgyýetçilik we syýasy guramalaryň (esasan, syýasy partiýalaryň), özara gatnaşyklary (esasan, döwlet häkimiýeti bilen baglanyşykly) bolup geçýär.

Bu gurşawda esasy orun jemgyýetde syýasy häkimiýet wezipesini ýerine ýetirýän edara – **döwlete** degişlidir. Bu edarany adamlar jemgyýet bolup ýaşamak üçin özlerine iň zerur bolan zatlaryň biri hökmünde gadym döwürlerde döredipdiler. Döwletiň syýasy häkimiýet hökmünde çykyş edýän edaralygy sebäpli, bize onuň düýp mazmunyna doly göz ýetirmek üçin, ilkinji nobatda, **«syýasat»** we **«häkimiýet»** diýen düşünjeleriň üstünde durup geçmegimiz gerek.

Şondan soň biz döwletiň döreýiş taryhy, tebigaty, döwletleriň görnüşleri we esasy alamatlary hakynda, Türkmenistanyň döwlet gurluşynyň aýratynlyklary barada, hususan-da, Türkmenistanda demokratik, hukuk we dünýewi döwleti gurmak ugrunda, raýat jemgyýetini

kemala getirmek babatynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly we öňdengörüjilikli ýolbaşçylygy astynda alnyp barylýan işler barada gürrüň ederis. Gürrüňimizi soňra hukuk meselelerine degişlilikde dowam ederis.

Kitabyň ahyrky babynda bolsa, biz siz bilen jemgyýetiň we tebigatyň arabaglanyşygy, häzirki zaman dünýäsiniň ekologik meseleleri, adamlaryň ekologik aňy we medeniýeti hakynda söhbet ederis.

Bu kitapda ediljek gürrüňler we söhbetler, taryhy geçmişden, dünýäniň ýurtlarynyň, hususan-da, Türkmenistanyň şu gün gözümiziň alnynda bolup geçýän taryhyndan alnan mysallar siziň jemgyýetiň syýasy durmuşynyň dürli taraplaryna, jemgyýetde hukugyň ornuna, jemgyýet bilen tebigatyň aýrylmaz arabaglanyşygyna degişli wajyp düşünjeleri özleşdirmegiňize ýardam edip, siziň syýasy, hukuk we ekologik aňyňyzyň we medeniýetiňiziň ýokarlanmagyna belli bir derejede täsir eder diýip tama edýäris.

Raýatlaryň syýasy we hukuk aňynyň ýokary bolmagy olaryň diňe jemgyýetiň syýasy durmuşynda we hukuk ulgamynda bolup geçýän özgerişlere dogry düşünmekligine ýardam etmän, eýsem, syýasy işlere sowatly we işjeň gatnaşmaklary üçin hem zerurdyr. Şeýle sowatlylyk Türkmenistanyň ýaşlary üçin hem möhümdir. Hasam beter ol häzirki döwürde, ýagny Türkmenistanda demokratik, hukuk we dünýewi döwletiň berk binýadynyň tutulýan döwründe möhümdir.

**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanda hukuk döwletini gurmak we raýat jemgyýetini kemala getirmek barada.** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň prezidentlik wezipesine *«Ilkinji nobatda meniň ähli aladam halkym bolar»* diýip, girişen ilkinji günlerinden başlap, Türkmenistanda beýik türkmen akyldary Magtymguly Pyragynyň arzuwlan berkarar döwletiniň gu-

rulmagy ugrundaky işleri döwlet syýasatynyň iň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwürdi.

Bu ugurda alnyp barylan işleriň netijesinde Türkmenistanda taryhy nukdaý nazardan seredilende örän az wagtyň içinde berkarar döwletiň ygtybarly kanunçylyk binýady emele getirildi. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasy işlenilip düzüldi, döwlet dolandyrylyşynyň, ýurduň durmuş-ykdysady we ruhy-medeni ösüşiniň häzirki döwrüň barha ösýän talaplaryna laýyk getirilmegine gönükdirilen kanunçylyk resminamalarynyň uly toplumy kabul edildi. Täze kabul edilen kanunlar ýurtda jemgyýetçilik durmuşynyň demokratik esaslarda ösdürilmegi üçin zerur bolan şertleri döretdi. Munuň aýdyň mysallarynyň biri hökmünde Türkmenistanyň «Syýasy partiýalar hakyndaky» Kanunynyň esasynda täze bir syýasy partiýanyň Türkmenistanyň Senagatçylarynyň we telekeçileriniň partiýasynyň hereket edip başlanlygyny hem getirmek mümkin.

Kämil we iş ýüzünde hereket edýän kanunlaryň bolmagy hukuk döwletiniň we raýat jemgyýetiniň kemala getirilmeginiň iň esasy şerti hasaplanylýar. Bu ýöne ýerden däl. Sebäbi hukuk döwleti – adamyň we raýatyň erkinliklerini hem-de hukuklaryny, onuň ýaşaýyş durmuşyny we emläklerini gyşarnyksyz goramaklygy öz baş wezipesi hasap edýän döwletdir, raýatlar üçin döwlet häkimiýetiniň işlerine işjeň gatnaşmaklary üçin, öz bähbitlerini aramak üçin, kanun esasynda hereket edýän dürli jemgyýetçilik guramalaryny döredip bilmekleri üçin ähli zerur şertleri bolan döwletdir.

Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň baş şygary hormatly Prezidentimiz tarapyndan yglan edilen *«Döwlet adam üçindir!»* diýen şygarydyr. Bu üç sözden ybarat jümläniň manysy örän giň bolup, ol Türkmenistanda döwletiň diňe jemgyýetiň üstünden agalyk edýän edara bolman, eýsem, jemgyýetiň her bir agzasy üçin öz bilimi-

ni, hünärini, başarnyklaryny, ukybydyr zehinini diňe öz şahsy bähbidi üçin däl-de, eýsem tutuş jemgyýetiň bähbidi üçin hem ulanyp bilmekligini üpjün edýän, ähli şertleri döredýän edaralygyny aňladýar. Şu manyda alanymyzda, bu şygardaky «*döwlet*» düşünjesi gadymy grek filosofy we akyldary Aristoteliň arzuwlan döwletiniň tebigatyna hem doly derejede diýen ýaly laýyk gelýär. Aristotel «... iň gowy döwlet – bu her bir adama abadançylykda ýaşamak üçin mümkinçilik berýän şertleri döredip bilýän döwletdir» diýip hasaplapdyr.

Häzirki döwürde ýurtda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda döwlet tarapyndan alnyp barylýan içerki syýasatda Türkmenistanda hakyky hukuk döwletini gurmak we raýat jemgyýetini kemala getirmek wezipesi esasy wezipeleriň birine öwrüldi. Munuň hut şeýledigini Türkmenistanyň Prezidentiniň raýatlaryň dürli jemgyýetçilik guramalaryny döretmeklige we hereket etmeklige bolan hukuklaryny kanunçylygyň kämilleşdirilmegi esasynda kepillendirilmegi baradaky yzygiderli edýän talaplarynda hem aýdyň görmek bolýar. Şol talaplara laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan diňe soňky ýyllaryň içinde kabul edilen täze kanunlar we hereket edýän kanunlara girizilen üýtgeşmeler jemgyýetiň diňe hukuk binýadynyň berkemegine getirmän eýsem, olar raýatlara işlemek, telekeçilik bilen meşgullanmak, döretmek, arassa zähmeti esasynda baýamak üçin kanuny şertleri hem döredýär. Adamlara kanuny esasda kepillendirilen azatlyklaryň we erkinlikleriň berilmegi bolsa, olara öz bähbitlerini aramak üçin özleriniň jemgyýetçilik guramalaryny we syýasy partiýalaryny döretmek üçin giň ýol açýar. Hormatly Prezidentimiziň ösüp gelýän ýaş nesliň halkara ülňülerine (standartlaryna) laýyk gelýän bilimleri ele almaklary üçin edýän dyngysyz aladasy we onuň baştutanlygynda bilim ulgamynda durmuşa geçirilen we amala aşyrylan

reformalary geljege gönükdirilen özboluşly inwestisiýalar hökmünde kabul etmek mümkin. Hakykatdan-da, şu günki gün kämil bilimleri ele alan ýaşlarymyzyň ertir öz ýaşaýyş durmuşlaryny kämil derejede özbaşdak gurnap biljekdikleri, öz intellektual potensialyny (akyl mümkinçiliklerini), hünär başarnyklaryny, ukyplarydyr bilimlerini özleriniň geljekde ýaşajak jemgyýetlerinde dolulygyna ulanyp biljekdikleri ikuçsuzdyr.

# I bap
# Jemgyýetiň syýasy durmuşy

## § 1. Syýasat we onuň alamatlary

**Syýasat düşünjesi.** *Syýasat* diýen söz türkmen diline ir aralaşan arap-pars sözleriniň biri bolup, ol köplenç «güýç görkezmek», «haýbat atmak» ýaly manylarda ulanylypdyr. Bu sözi hut şu manyda türkmen edebiýatynyň nusgawy şahyrlary hem giňden ulanypdyrlar. Mysal üçin, beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň belli goşgularynyň birinde «Elbetde, duşmana syýasat ýagşy» diýilse, Mämmetweli Keminäniň goşgularynyň birinde «Duşman görse, çykar syýasat bile» diýen ýaly setirler duş gelýär.

Häzirki zaman türkmen dilinde «syýasat» düşünjesi düýbünden başga öwüşginde, esasan, döwlet häkimiýetiniň dolandyrylyşy bilen baglanyşykly meseleler babatynda ulanylýar.

**Syýasatyň jemgyýetdäki orny.** Syýasat jemgyýetçilik durmuşynda uly rol oýnaýar. Döwletiň ýöredýän syýasatynyň hili, möçberi, ugurlarynyň dürlüligi, ol syýasatda haýsy meseleleriň ileri tutulýanlygy jemgyýetde ýaşaýan her bir adamyň ykbalyna öz täsirini ýetirýär. Syýasat näçe dogry we sowatly ýöredilse, şonça-da ilatyň ýaşaýyş durmuşy gowulaşýar, jemgyýetde asudalyk, agzybirlik höküm sürýär. Hut şoňa görä-de, syýasat bilen baglanyşykly meseleler adamlary içgin gyzyklandyrýar.

**Syýasatyň wezipeleri.** Syýasy edaralaryň we guramalaryň alyp barýan işleri, esasan, belli bir jemgyýetçilik

maksatlaryny durmuşa geçirmeklige gönükdirilendir. Syýasy işiň esasy wezipeleri, adatça, aşakdakylardan ybaratdyr:

- *Jemgyýet üçin zerur bolan gysga we uzak möhletli maksatlary kesgitlemek;*
- *Öňde goýlan maksatlary amala aşyrmagyň esasy ugurlaryny kesgitlemek;*
- *Şol maksatlary amal etmeklige gatnaşmaly güýçleri bir ýere jemlemegiň amatly usullaryny we ýollaryny tapmak;*
- *Syýasy işleri amala aşyrýan işgärleri seçip almak we olary hünär derejesine, ahlak sypatlaryna, syýasy iş bilen baglanyşykly tejribesine laýyklykda ýerli-ýerine goýmak.*

Syýasy işiň maksady, ilkinji nobatda, häkimiýeti doly ýa-da belli bir derejede ele almak we häkmiýeti elde saklamak bilen baglanyşyklydyr. Syýasy iş bulardan başga wezipelere hem gönükdirilýär. Şeýle wezipeleriň hataryna ilatyň barha artýan maddy we ruhy isleglerini kanagatlandyrmak, jemgyýeti düzýän dürli gatlaklaryň bähbitlerini aramak we özara sazlaşdyrmak, jemgyýetçilik howpsyzlygyny üpjün etmek ýaly wezipeler hem girýär. Bu wezipeleri durmuşa geçirmek, elbetde, aňsat iş däl. Şonuň üçin-de, bu wezipeler köplenç öz elinde ýeterlik serişdeleri jemleýän edara – döwlet tarapyndan amala aşyrylýar. Syýasy ulgamyň beýleki düzüm bölekleri bolsa, bu wezipeleriň amal edilişinde kömekçi guramalar hökmünde çykyş edýärler.

**Syýasy aň we syýasy ideologiýa.** Elbetde, syýasy işi şowly amala aşyrmaklyk üçin döwlet häkimiýetinde işleýänleriň-de, syýasy-jemgyýetçilik toparlara ýolbaşçylyk edýänleriň-de, ýönekeý raýatlaryň-da syýasy taýdan sowatly bolmaklygy, ýagny olaryň syýasy aňynyň we syýasy medeniýetiniň derejesiniň ýokary bolmaklygy zerur. Syýasy sowatlylygy pes bolan ýagdaýynda döwleti dolandyrýanlaryň alyp barýan işleriniň hiliniň pese gaçmaklygy, ilatyň dürli

gatlaklarynyň döwletiň alyp barýan syýasatyna dogry düşünmezlikleri mümkin. Eger-de halkyň döwlete bolan ynamy aşak gaçyp başlasa, halk syýasatdan üzňeleşip başlasa, döwlet bilen raýatlaryň arasynda düşünişmezlik emele gelýär. Bu bolsa, jemgyýetde her hili nägilelikleriň, syýasy gapma-garşylyklaryň döremegine getirip bilýär.

Şu nukdaý nazardan seredilende, ilatyň dürli gatlaklarynyň syýasy sowatlylygynyň derejesini ýokarlandyrmak ugrunda yzygiderli alada edilmegi hakyndaky meseläniň jemgyýet üçin iňňän wajyp meseleleriň birine öwrülmekligi ýöne ýerden däldir.

Halkyň syýasy sowatlylygyny, syýasy aňyny we syýasy medeniýetini ýokarlandyrmak babatynda iş alyp barýan ýörite edaralar ýok. Bu maksada gönükdirilen işler we çäreler okuw mekdeplerinde, harby bölümlerde, zähmet kollektiwlerinde, esasan, dürli jemgyýetçilik guramalary tarapyndan, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bolan elektron habar beriş serişdeleriniň, internetiň, radionyň, teleýaýlymyň, gazetdir žurnallaryň üsti bilen amala aşyrylýar.

Islendik döwlet öz *syýasy ideologiýasyny* halk köpçüligine wagyz ediş edaralarynyň we serişdeleriniň (okuw we terbiýeçilik edaralarynyň, elektron habar beriş serişdeleriniň, internetiň, radionyň we teleýaýlymlaryň, gazetleriň we žurnallaryň, sungat we medeni edaralarynyň) üsti bilen ýaýradýar we ornaşdyrýar. Köp ýurtlarda syýasy ideologiýany halka ýetirmekde esasy orun şol ýurtda agalyk edýän syýasy partiýa degişli bolýar. Syýasy aňyýet jemgyýeti umumy bir maksada gönükdirmek we halkyň belli bir gymmatlyklary ykrar etmekligini gazanmak ýaly wezipeleri ýerine ýetirýär. Şahsyýetiň, ilatyň, tutuş jemgyýetiň syýasat bilen bagly düşünjeleriniň we garaýyşlarynyň, durmuş ýörelgeleriniň, erk-islegleriniň we duýgularynyň köplügi bütewi halda syýasy aňy emele getirýär. Ýeri gelende aýtsak, syýasy aň jemgyýetçilik aňynyň bir bölegidir. *Syýasy*

*ideologiýa* we *syýasy aň* düşünjeleri bilen *syýasy medeniýet* düşünjesi aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Syýasy ideologiýany halka ýetirmek bilen baglanyşykly işler maksada laýyk ýöredilen halatynda ýurduň raýatlarynyň syýasy aňy giň bolup, olar syýasatyň dürli meselelerinden dogry baş alyp çykarmagy başarýarlar, öz syýasy hukuklaryna we borçlaryna dogry düşünip, jemgyýetiň syýasy durmuşyna işjeň gatnaşýarlar. Jemgyýetiň syýasy medeniýetiniň derejesi raýatlaryň öz syýasy hukuklary we borçlary hakyndaky düşünjeleriniň giňligine ýa-da darlygyna, syýasata goşulmagyň tertip-düzgünleri bilen gyzyklanma derejesine görä kesgitlenilýär. Raýatlaryň syýasy medeniýetiniň derejesi olaryň döwlet häkimiýetiniň edaralary bilen gatnaşygynda öz beýanyny tapýar.

## § 2. Syýasy häkimiýet

**Häkimiýet düşünjesi. Häkimiýetiň düýp mazmuny.** *Häkimiýet* sözi hem türkmen diline ymykly aralaşan arap-pars sözleriniň biri bolup, onuň «höküm etmek» , «emir etmek» ýaly manylary bar. Şol sebäpli-de, häkimiýetiň düýp mazmuny onuň haýsy-da bolsa bir adamyň ýa-da toparyň başga bir adama ýa-da topara ýolbaşçylyk etmegi, has dogrusy, üstünden agalyk etmegi bilen baglanyşdyrylýar. Şu manyda alnanda, «häkimiýet» sözüniň «höküm» düşünjesi bilen manydaşlygy aýdyň duýulýar. Sebäbi agalyk edýän tarap özüniň tabynlygyndaky tarapa bellibir tabşyryklary ýerine ýetirmekligi höküm edip bilýär.

Görşümiz ýaly, häkimlik etmekligiň esasy şerti onuň bir tarapynda tabşyryk berýän, ýumuş buýurýan (höküm edýän) tarap, beýleki bir tarapynda bolsa şol tabşyryklary ýerine ýetirmäge borçly tarap bolmaly.

**Häkimiýetiň düzüm bölekleri.** Her bir häkimiýet hem özboluşly ulgamdyr. Onuň hem edil beýleki ulgamlaryňky ýaly, *öz düzüm bölekleri we elementleri* bar. Häkimiýetde agalyk edýän tarap häkimiýetiň subýekti, tabynlykdaky tarap bolsa onuň *obýekti* hökmünde çykyş edýär. Islendik häkimiýetiň özüne degişli çeşmeleri bolup, olara, esasan, *güýç*, *abraý*, *baýlyk*, *däp-dessurlar* we kanun degişlidir. Häkimlik edýän tarapyň tabynlykdaky tarapy berlen tabşyryklary ýerine ýetirmeklige borçly edýänligi üçin onuň degişli *serişdeleri* hem bolmaly. Şeýle serişdeleriň hataryna *höweslendirmek*, *güýç görkezmek*, kabul edilen *düzgünleri* we *kadalary* ulanmak ýaly serişdeler girýär. Her bir häkimiýet degişli *wezipeleri* ýerine ýetirýär. Olar, esasan, *dolandyrmak, ugrukdyrmak, sazlaşdyrmak* ýaly wezipelerden ybaratdyr.

**Häkimiýetiň esasy görnüşleri. Häkimiýetiň kanunalaýyklygy.** Jemgyýetçilik durmuşynda häkimiýetiň dürli görnüşleri gabat gelýär. Mysal üçin, maşgalada ene-atalar öz çagalarynyň üstünden özboluşly agalyk edip, öz hökümini ýöredip bilýär (dürli tabşyryklar we ýumuşlar berip, çagalaryny belli bir işleri ýerine ýetirmeklige borçly etmek arkaly). Mekdep mugallymy hem okuwçylara tabşyryklar berýär. Okuwçylar bolsa, kabul edilen düzgünlere laýyklykda berlen tabşyryklary ýerine ýetirýärler. Edaranyň (kärhananyň, guramanyň) ýolbaşçylary öz işgärleriniň üstünden garap, olara dürli tabşyryklar berip bilýär. Işgärleriň berlen tabşyryklary öz wagtynda ýerine ýetirmedik ýagdaýynda ýa-da olary nädogry ýerine ýetiren halatynda, ýolbaşçy günäkär işgäri dürli görnüşlerde jezalandyryp bilýär (käýinç yglan etmek, pes wezipä geçirmek ýa-da işden boşatmak ýaly çäreleri ulanmak arkaly). Harby goşunda serkerde esgerleriň üstünden agalyk edýär. Öz döwründe taýpalara, tirelere, uruglara, tutuş halka we millete ýolbaşçylyk edip, olaryň üstünden degişli agalygy

amala aşyran serdarlar, begler, kethudalar, hanlar, emirler bolupdyrlar. Garaz, häkimlik etmek, ýagny bir tarapyň haýsy-da bolsa başga bir tarapyň üstünden agalyk etmegi, adamzat taryhynyň ähli döwürlerinde-de bolupdyr. Bu bolsa häkimiýetiň adamlaryň jemgyýet bolup ýaşamaklygynyň zerurlygy, has dogrusy, şeýle jemgyýetçilik ýaşaýşynyň esasy şerti hökmünde kanunalaýyk ýüze çykanlygyny tassyklaýar. Türkmen halky hem özüniň uzak taryhynyň dowamynda «baş bolmasa – göwre läş» diýen pähime ýöne ýerden eýermändir, häkimiýetsiz ýaşamaklygyň eden-etdiklige getirýändigine düşünipdir.

Halkyň jemgyýet bolup ýaşamaklygy üçin häkimiýetliligiň zerurlygy hakynda türkmen edebiýatynyň görnükli wekilleri hem şu günki günde-de gymmatyny ýitirmeýän pikirleri öz döwürlerinde aýdyp geçipdirler. Muňa Döwletmämmet Azadynyň: «*Patyşasy bolmasa bir ülkäniň, / Bolmaz imiş haýry-yhsany onuň*» diýen setirleri-de, beýik türkmen akyldary Magtymguly Pyragynyň: «*Namys-arly, berkararly illeriň, / Bir döwletli merdan hany gerekdir*» diýen setirleri aýdyň mysal bolup biler.



**Magtymguly Pyragy**

Garaz, jemgyýetçilik durmuşyny häkimiýetsiz göz öňüne getirmek asla mümkin hem däl. Häkimiýetiň görnüşleriniň hataryna maşgala häkimiýeti, ykdysady häkimiýeti, döwlet häkimiýeti, harby häkimiýeti, bir adamyň başga bir adamyň üstünden edýän şahsy häkimiýeti, bir milletiň başga bir milletiň üstünden edýän häkimiýeti, haýsydyr bir saýlantgy adamlar toparynyň tutuş jemgyýetiň üstünden öz agalygyny ýöredýän häkimiýeti we ş.m. girýär.

**Syýasy häkimiýet. Syýasy liderler.** Jemgyýetçilik durmuşyndaky häkimiýetleriň içinde esasy orun *syýasy hä-*

2 Sargyt № 740

*kimiýete* degişlidir. Adamzadyň durmuşynda häkimiýetiň bu görnüşiniň peýda bolmagy jemgyýetde döwletiň döremegi bilen baglanyşdyrylýar. Bu hakykatdan-da şeýledir. Sebäbi islendik jemgyýet bähbitleri (islegleri) biri-birlerininňkiden tapawutly toparlardan ybaratdyr. Jemgyýeti düzýän dürli toparlaryň bähbitlerini sazlaşdyrmak, olaryň özara agzybirligini üpjin etmek, adamlary belli bir maksada gönükdirmek ýaly meseleleri çözmek üçin haýsy-da bolsa bir toparyň ýa-da şahsyýetiň jemgyýete ýolbaşçylyk etmekligi zerur, jemgyýetiň bolsa, öz gezeginde, bu topara ýa-da şahsyýete tabyn bolmagy zerur.

Jemgyýete umumy ýolbaşçylyk edýän, ony birleşdirýän, düzgünleşdirýän häkimiýete *syýasy häkimiýet* diýilýär. Syýasy häkimiýet haýsy-da bolsa bir şahsyýetiň, belli bir syýasy guramanyň ýa-da saýlantgy adamlar toparynyň elinde hem jemlenilip bilýär. Emma tutuş jemgyýet derejesinde alnanda, syýasy häkimiýet *döwletiň* elindedir. Munuň öz sebäpleri bar. *Döwlet* jemgyýeti dolandyrmak üçin döredilen ýörite edaradyr. Döwlet jemgyýeti özüne degişli bolan serişdeleriň üsti bilen adamlaryň oňa meýletin beren ygtyýarlyklarynyň esasynda dolandyrýar. Döwlet, gerek ýerinde, güýç hem ulanyp, jemgyýetde tertip-düzgüniň bolmagyny amal edýär. Döwletiň syýasy häkimliginiň gowşak ýa-da güýçli taraplary onuň başynda duran şahsyýetlere, ýagny *syýasy liderlere* degişlidir.

*Syýasy liderler* diýlip, esasan, döwlet häkimiýetiniň iň ýokary wezipesini eýeleýän adamlara düşünilýär. Ýöne, her bir döwlet başyna geçen adam, sözüň hakyky manysynda, syýasy lider bolup bilmeýär. Döwleti dolandyrmak, jemgyýeti agzybir saklamak, halky bir maksada gulluk etmeklige gönükdirmek aňsat çözülýän meseleler däldir. Şeýle meseleleri akylly-başly çözüp bilýän döwlet ýolbaşçysy – hakyky lider bolup bilýär. Döwlet ýolbaşçysy halkyň arasynda öz adalatlylygy, dogruçyllygy, parasatlylygy bilen tapawutlanmaly, uly abraýdan peýdalanmaly, halky yzyna düşürmegi başarmaly.

**Döwlet we onuň esasy alamatlary. Döwletiň gelip çykyşy we tebigaty hakyndaky garaýyşlar.** Döwlet iň gadymy syýasy edaralaryň biridir. Ilkinji döwletler gadym zamanlarda Gündogarda döräpdir. Dünýäniň halklary öz taryhy geçmişleriniň dowamynda döwlet gurluşynyň gaty kän görnüşlerini ulanyp görüpdirler, döwletsiz ýaşamagyň kynlygyna ýa-da bolmaýanlygyna göz ýetiripdirler. Döwletiň haýsy zerurlyk esasynda döränligi hakyndaky mesele adamlary gadym döwürlerden bäri gyzyklandyryp gelipdir. Gadymy ýunan akyldary **Aristotel** döwletiň döreýşini tebigy hadysa hökmünde düşündiripdir. Onuň pikirine görä tebigatyň özi adamlary jübütleýin birleşmäge itekläp, ýagny aýal bilen erkegi birleşdirip, maşgalanyň döremegine sebäp bolupdyr. Emele gelen maşgalalaryň birnäçesi birleşip, bir umumylygy emele getiripdir. Birnäçe umumylyklaryň emele gelmegi bolsa olaryň goragyny üpjün edýän edaranyň – döwletiň döredilmegine sebäp bolupdyr. Şol sebäpli-de, Aristotel jemgyýete we döwlete şol bir zat hökmünde seredipdir.



**Aristotel**

Iňlis filosofy **Tomas Gobbs** (1588–1679) döwlet döremezden öň adamlar üýşip, süri-süri taýpalar görnüşinde ýaşapdyrlar diýip tassyklapdyr. Alymyň pikiriçe, ilki olaryň hemmesiniň hukugy deň bolupdyr. Awlanylan haýwanyň eti, ýygnalan hasyl taýpanyň agzalarynyň arasynda deň paýlanypdyr. Em-



**Tomas Gobbs**

ma soňabaka, adamlaryň häsiýetleriniň deň däldigi, olaryň içinde gowy häsiýetliler bilen bir hatarda diňe öz şahsy bähbidini araýanlaryň, gysgançlaryň, gorkaklaryň we bigaýratlaryň hem barlygy netijesinde, adamlaryň arasynda agzalalyk döräp başlapdyr. Bu ýagdaýdan çykmak üçin, adamlar öz erkinliginiň belli bir bölegini ýörite saýlanylan bir adama ýa-da adamlar toparyna bermäge mejbur bolupdyrlar. Gobbsyň pikiriçe, hut şeýle toparyň peýda bolmagy bilen hem döwlet döräpdir ýa-da, başgaça aýdylanda, döwlet adamlaryň öz erk-islegine görä, tebigy halda, özara jemgyýetçilik şertnamasy görnüşinde dörän edaradyr.

Fransuz alymy **Žan Žak Russo** (1712–1778) hem Gobbsyň döwletiň «jemgyýetçilik şertnamasy» esasynda döränligini goldapdyr. Ýöne ol bu «şertnamanyň» döremegini ýer eýeçiliginiň peýda bolmagy bilen düşündiripdir. Ýeriň bir böleginiň daşyna gabaw aýlap, ol ýere «bu ýer meniňki» diýen ilkinji adamyň peýda bolmagy we ony bolsa belli bir toparyň ykrar etmegi ýer eýeçiliginiň emele gelmegine sebäp bolupdyr. Ýeriň hususy emläge öwrülmegi netijesinde bolsa adamlaryň arasyndaky öňki deňlik ýitipdir, deňsizlik döräpdir. Deňsizligiň döremegi bolsa adamlaryň arasynda gapma-garşylyklaryň, dawa-jenjelleriň, uruşlaryň bolmagyna getiripdir. Öz baýlyklaryny goramak niýeti bilen, elinde emlägi bolan adamlar, gatlaklar birleşip, jemgyýetiň üstünden garaýan bir häkimiýetiň döredilmeginiň zerurlygyny duýupdyrlar. Şeýle zerurlyk bolsa, netijede, häkimiýetiň, has dogrusy, döwlet häkimiýetiniň döredilmegine getiripdir.



**Žan Žak Russo**

Nemes alymy **Karl Marksyň** (1818–1883) pikirine görä, döwletiň döremegi jemgyýetde zähmet bölünişiginiň emele gelmegi, baýlygyň adamlaryň belli toparynyň elinde jemlenmegi, hususy eýeçiligiň döremegi we jemgyýetiň barlylar we ýoksullar synplaryna, has soňra bolsa ezýän we ezilýän synplara bölünmegi bilen bagly bolupdyr.

Bu garaýyşlaryň her haýsysynyň hem belli bir derejede dogry bolmagy mümkindir. Emma döwlet ýaly çylşyrymly edaranyň döremeginiň esasynda ýokardaky sanalan sebäplerden başga-da, onlarça sebäpleriň barlygy welin, ikuçsuzdyr. Bu ýerde esasy bellemeli zat, döwletiň jemgyýetiň ýaşamagy üçin iň zerur we iň wajyp edara hökmünde döränligidir.

Döwletiň döreýşi baradaky meseleden onuň esasy wezipeleri baradaky meselä geçeliň. Jemgyýetiň iň esasy edarasy hökmünde her bir döwlet içerki we daşarky wezipeleri çözmäge borçludyr. Onuň içerki wezipelerine şu aşakdakylar girýär:

- *emele gelen jemgyýetçilik gurluşyny gorap saklamak;*
- *jemgyýetiň ykdysady durmuşyny düzgünleşdirmek;*
- *jemgyýetiň ýaşaýyş-durmuşy üçin zerur bolan kada-kanunlary we hukuk düzgünlerini işläp düzmek we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek;*
- *jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň arasyndaky gatnaşyklary sazlaşdyrmak.*

Döwletiň daşarky wezipelerine, *birinjiden*, ýurduň bütewüligini saklamak we onuň howpsuzlygyny üpjün etmek meseleleri degişlidir. *Ikinjiden,* döwlet ýurduň ykdysady we syýasy bähbitlerini öz halkara gatnaşyklarynda göz öňünde tutmaklyga borçludyr.

Döwletiň ýokarda sanalan wezipeleri hem onuň jemgyýet üçin iň zerur edaralygyna doly şaýatlyk edýär.

*Döwletiň alamatlary*. Döwletiň 4 sany esasy alamaty bar: 1) *çägi*, 2) *ilaty*, 3) *özygtyýarlylygy (suwereniteti)* we

4) *dolandyryş diwany (apparaty).* Olaryň her biriniň üstünde aýratynlykda durup geçeliň.

*Döwletiň çägi.* Her bir döwlet haýsy hem bolsa bir aýratyn alnan çäkde ýerleşýär. Häzirki zaman döwletleri öz çäklerini goňşy döwletleriň çäklerinden serhet zolaklaryny geçirmek arkaly araçäkleýärler. Çäk döwletiň iň wajyp gymmatlyklarynyň biridir. Her bir döwlet diňe onuň çägi bolan ýagdaýynda hakyky döwletdir. Çäginiň ululygy ýa-da kiçiligi döwletiň döwlet hökmünde kabul edilmegine täsir etmeýär. Häzir dünýä ýüzünde çäginiň ölçegi ummasyz uly döwletler-de we ujypsyzja çäkde ýerleşýän döwletler-de bar. Döwlete onuň ýerleşýän çäginiň diňe gury, gaty ýeri degişli däldir. Onuň eýeçiligine şol çägiň ýerasty baýlyklary-da, suwly ýerleri-de (deňizleri, kölleri, derýalary), üstündäki howa giňişligi-de degişlidir.

*Ilat.* Hiç bir döwleti ilatsyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Sebäbi döwlet häkimiýeti belli bir çäkde ýaşaýan adamlaryň üstünden ýöredilýär. Diňe döwleti bolan halk özüni bir bütewi umumylyk – bir millet hökmünde duýýar. Emma taryhda döwleti bolman, özüni aýratyn bir millet hökmünde duýup ýaşan we ýaşaýan halklar hem bar.

*Mysal üçin, türkmen halky soňky sekiz asyryň dowamynda özüniň özbaşdak döwleti bolmadyk halk. Şeýle ýagdaýda-da, türkmenler özleriniň bir halka degişlilik duýgusyny ýitirmän saklap bilipdirler.*

*Özygtyýarlylyk (suwerenitet).* Her bir döwletiň suwerenitetiniň bolmaklygy hem iň zerur alamatlaryň biridir. *Suwerenitet* sözi «ýokary häkimiýet» diýen manyny aňladýar. Döwletiň suwerenitetiniň bolmaklygy oňa ýurduň çäginde iň ýokary häkimiýetiň degişlidigini we ol häkimiýetiň hökmürowanlygyny aňladýar. Bu bolsa döwletiň ýurdy özbaşdak we garaşsyz dolandyrmaga ygtyýarlydygyny, ýurduň çäginde hut şonuň buýruklarynyň we görkezmeleriniň gutarnyklydygyny aňladýar. Suwereniteti bolan döwlet öz daşary syýasatyny hem garaşsyz ýöretmäge ygtyýarlydyr.

Mysal üçin, Türkmenistan häzir doly manyda suwereniteti bolan döwlet, ýagny ol hiç bir başga döwlete garaşsyz halda, özbaşdak hereket edip bilýän döwlet. Emma onuň öňki döwürdäki, ýagny SSSR-iň düzüminde bolan döwründäki suwereniteti welin (edil beýleki soýuz respuplikalarynyňky ýaly), diňe kagyz ýüzünde bolup, howaýy bir zatdy.

*Dolandyryş diwany (apparaty).* Döwlet ýurdy diňe özüniň ýörite döredilen edaralarynyň üsti bilen dolandyryp bilýär. Häzirki zaman döwletleriniň dolandyryş diwany birmeňzeş däldir. Emma her bir döwletde hem şu aşakdaky ýaly edaralaryň ol ýa-da başga görnüşleri bar:

- *kanunlary işläp düzýän wekilçilikli edaralar (parlamentler);*
- *ýerine ýetiriji we buýruk beriji edaralar (ministrlikler, häkimlikler);*
- *kanunlaryň we buýruklaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän edaralar (kazyýet edaralary, prokuratura, polisiýa, harby güýçler)*

Ýokarda sanalan alamatlardan hem görnüşi ýaly, döwlet jemgyýetçilik durmuşynyň kadaly ýöredilmegi üçin zerurlyk hökmünde taryhy taýdan dörän edaradyr.

Döwletler özleriniň çäkleýin gurluşy boýunça birnäçe görnüşlere bölünýär. Döwletler esasan, *imperiýa, unitar, federasiýa* we *konfederasiýa* görnüşli döwletlere bölünýär.

Imperiýalar bir döwletiň başga halklaryň ýerlerini basyp alyp, olary özüne tabyn etmekliginiň netijesinde döreýän ägirt uly döwlet gurluşlarydyr. Imperiýalar elmydama diýen ýaly *metropoliýalardan* we oňa tabynlykda ýaşaýan *koloniýalardan* ybaratdyr. *Metropoliýa* diýlip imperiýanyň başlangyç merkezine, ýagny ýerleri basyp almaklygy, birleşdirmegi we özüne tabyn etmekligi başlan döwlete aýdylýar. Imperiýalaryň ilaty, dili, medeniýeti we dini aýry bolan dürli milletlerden we halkyýetlerden ybarat bolýar. *Imperiýalar* imperatorlar, patyşalar, soltanlar, korollar tarapyn-

dan ýolbaşçylyk edilip, olar esasan güýç ulanmaklyk arkaly saklanypdyr. Taryh ylmy dünýäde şeýle imperiýalaryň birnäçesiniň bolanlygy barada we olaryň wagtyň geçmegi bilen dargap gidendikleri barada giňişleýin maglumatlar berýär.

*Mysal üçin, Orta Aziýanyň halklary XIX asyryň ikinji ýarymynda patyşa Russiýasynyň düzümine girizilipdi. Türkmenistanyň häzirki ýerleşýän çägi hem Russiýa imperiýasynyň düzümindedi. Russiýa imperiýasy 1917-nji ýylda patyşanyň agdarylyp, häkimiýetiň başyna bolşewikler partiýasynyň geçmegi bilen belli bir wagtdan soň, SSSR diýilýän uly döwlete öwrülipdi. Öňki Russiýa imperiýasynyň binýadynda dörän SSSR-e federasiýa görnüşli döwlet diýilse-de, hakykat ýüzünde ol imperiýa syýasatyny ýöreden döwletdi. Onuň düzümine 15 sany soýuz respublikalary girýärdi. Hemme imperiýalaryň ahyrsoňy dargaýşy ýaly, SSSR hem 1991-nji ýylda dargap, onuň düzümine giren respublikalaryň her biri aýratyn, özbaşdak we garaşsyz döwlete öwrüldi.*

Unitar döwletler häkimiýetiň ýokary derejede merkezleşdirilýänligi bilen häsiýetlendirilýän bir bütewi döwletlerdir. Ýöne olar başga ýerleri basyp almak arkaly dörän döwletler däldir. Unitar döwletleriň hiç bir bölegi özbaşdak hereket edip bilmeýär. Hemme meseleler diňe ýeke-täk bolan merkezi häkimiýet tarapyndan çözülýär.

Federasiýa tipli döwletler birnäçe aýratyn döwletleriň meýletin birleşmesi, has dogrusy, olaryň soýuz görnüşli döwletler bolup, olara girýän döwletleriň her haýsysy umumy meselelerden (goranmak üçin bir bütewi goşun saklamak, ýeke-täk pul birligini ulanmak ýaly) başga meseleleri özbaşdak, merkeze garaşsyz çözmeklige hukuklydyr.

Konfederasiýa tipli döwlet birnäçe döwletleriň wagtlaýyn birleşmesi görnüşindäki döwlet bolup, oňa girýän döwletleriň her biri özüniň syýasy özbaşdaklygyny saklaýar.

*Döwlet nyşanlary.* Häzirki zaman döwletleri barada gürrüň edilende, olaryň ählisiniň diýen ýaly öz döwlet



**Türkmenistanyň Döwlet baýdagy**

we milli nyşanlarynyň barlygyny bellemek gerek. Döwlet nyşanlarynyň iň esasylarynyň hataryna *Döwlet baýdagy* (tugy), *Döwlet* tugrasy we *Döwlet* senasy girýär. Her bir döwlet öz döwlet nyşanlarynda öz taryhy gelip çykyşyny, milli, medeni, syýasy we ykdysady aýratynlyklaryny nyşan görnüşde aňlatmaga çalyşýar.

Her bir döwletiň öz döwlet nyşanlary bolup, ol nyşanlar diňe döwletleri biri-birlerinden tapawutlandyrmak üçin zerur bolman, eýsem, olar her bir döwlet üçin kanun esasynda goralýan, ähli halk tarapyndan hormatlanýan mukaddeslikler-dir.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Häkimiýetiň görnüşlerini sanaň.
2. Häkimiýetiň kanunalaýyklygyny esaslandyrmaga synanyşyň.
3. Häkimiýetiň düzüm böleklerini sanaň.

4. Syýasy häkimiýet diýmeklik nämäni aňladýar?
5. Döwletiň esasy alamatlaryna nämeler degişli?
6. Döwletiň gelip çykyşy hakynda nähili garaýyşlar bar?
7. Syýasy liderler diýlip kimlere düşünilýär?
8. Döwlet nyşanlaryny sanaň.

## § 3. Jemgyýetiň syýasy ulgamy

**Syýasy ulgam jemgyýetdäki gatnaşyklaryň jemi hökmünde**. Syýasatyň orny demokratik jemgyýetde has hem artýar. Sebäbi demokratik döwletiň baş maksady her bir raýatyň aladasyny etmekden, jemgyýeti düzýän adamlaryň ähli toparlarynyň elmydama biri-birlerine laýyk gelip durmaýan bähbitlerini sazlaşdyrmakdan ybarat.

Hut şol sebäpli-de syýasaty amal edýän ýörite edaranyň – döwletiň döredilmegini adamzat taryhynyň ir döwürlerinde zerurlyga öwrüpdir. Eger-de gadymy döwürlerde syýasy iş diňe döwlet häkimiýeti tarapyndan amal edilen bolsa, häzirki zaman jemgyýetlerinde syýasy işe ýönekeý raýatlar-da, olaryň dürli toparlarynyň adyndan çykyş edýän jemgyýetçilik we syýasy guramalar-da işjeň gatnaşýarlar. Syýasy işi amala aşyrýan edaralaryň we jemgyýetçilik guramalarynyň köplügi bütewülikde jemgyýetiň *syýasy ulgamyny* emele getirýär. Bu ulgamyň esasy elementleri (düzüm bölekleri) hökmünde döwlet we halkyň ol ýa-da beýleki gatlaklarynyň adyndan *syýasy partiýalar* çykyş edýärler.

Hakykatda, syýasy partiýalar hem jemgyýetçilik guramalarynyň bir görnüşidir. Emma jemgyýetçilik guramalarynyň hemmesi syýasy işe gös-göni gatnaşmaýarlar. Syýasy partiýalaryň beýleki jemgyýetçilik guramalaryndan esasy tapawudy olaryň elmydama *syýasy häkimiýete dalaş edýänligi* bilen baglanyşyklydyr.

**Syýasy ulgamyň gurluşy.** Syýasy ulgam häkimiýetiň hereket ediş we ýaşaýyş usulydyr, ýagny onuň jemgyýetiň durmuşynda hakyky görnüşde ýüze çykmasydyr. Syýasy ul-

gamyň, esasan, iki sany görnüşi, ýagny *monosentristik* syýasy ulgam we *plýuralistik* syýasy ulgam ýaly görnüşleri bar.

**Monosentristik** («*mono*» – ýeke, «*center*» – merkez) syýasy ulgam, adyndan hem görnüşi ýaly, häkimiýetiň bir merkezden amal edilýänligini aňladýar. Şu görnüşli syýasy ulgam piramidany ýatladyp, onuň çür depesinde iň esasy, ýagny häkimiýeti dolulygyna elde saklaýan, aýratyn bir şahsyýet ýa-da topar ýerleşýär, ondan aşakda – ýerine ýetiriji edaralar, iň aşagynda bolsa halk ýerleşýär. Başgaça aýdylanda, ýokary häkimiýet buýurýar, ýerine ýetiriji häkimiýet ol buýrugy aşaky gatlaga, ýagny halka ýetirýär, halk bolsa oňa boýun bolýar.

**Plýuralistik** (köplük manysyndaky «*pluralis*» diýen latyn sözünden) görnüşli syýasy ulgam syýasy durmuşyň dürli syýasy edaralary arkaly ýöredilýänligini, jemgyýetde syýasaty amal etmeklige bolan garaýyşlaryň dürli görnüşleriniň barlygyny aňladýar.

Syýasy ulgamyň esasy wezipelerine şu aşakdakylar degişlidir:

- *jemgyýetiň ösüşiniň baş ugurlaryny kesgitlemek;*
- *bellenilen sepgitlere ýetmek üçin zerur bolan serişdeleri bir ýere jemlemek we ulanmak;*
- *jemgyýeti düzýän gatlaklaryň arasynda maddy we ruhy gymmatlyklary paýlamak;*
- *jemgyýetde agzybirligi saklamak, adamlar toparlarynyň hereketlerini utgaşdyrmak;*
- *kanunlary çykarmak we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek.*

Syýasy ulgamlaryň hereket edişine has doly göz ýetirmek üçin *syýasy režim* (düzgün) diýlen düşünjeden giňden peýdalanylýar. Onuň üsti bilen syýasaty öwreniş ylmynda syýasy ulgamyň hereket edişiniň we häkimiýetiň amal edilişiniň ýollary we usullary häsiýetlendirilýär. Syýasy düzgünler dürli-dürlüdir. Ylymda dünýäniň ýurtlarynda gabat gelýän syýasy düzgünleri dört sany görnüşe bölýärler.

Syýasy düzgünler *totalitar, awtoritar, liberal we demokratik* ýaly görnüşlere bölünýär.

**Totalitar düzgün.** *Totalitar* diýen söz («*totalis*» – bütin diýen manyny aňladýan latyn sözünden) syýasat ylmynda giňden ulanylýar. Totalitar düzgüniň esasy aýratynlygy häkimiýetiň jemgyýetiň üstünden doly, tutuşlaýyn gözegçilik edýänligidir. Şeýle düzgüni ýöredýän ýurtda häkimiýet jemgyýetçilik durmuşyny tutuşlygyna öz göz astynda saklaýar. Häkimiýet diňe bir ykdysadyýeti, medeniýeti we maglumatlary öz gözegçiliginde saklaman, eýsem adamlaryň şahsy durmuşyna hem aralaşyp, olary erkin ýaşamakdan, özbaşdak pikir ýöretmekden mahrum edýär.

**Awtoritar düzgün.** Bu düzgün hem köp babatda totalitar düzgün bilen meňzeşdir. Onuň esasy üýtgeşikligi syýasy häkimiýetiň jemgyýetçilik durmuşyna gatyşmaklygy, ony gözegçilik astynda saklamaklygy, totalitar düzgün bilen deňeşdirilende birneme gowşagrakdyr.

**Liberal düzgün.** Bu düzgüni belli bir derejede awtoritar düzgünden demokratiýa geçiş häsiýetli düzgün hökmünde häsiýetlendirmek mümkin. Ol köplenç gysga döwürde dowam edip, köne awtoritar düzgüniň we täze emele geljek demokratik düzgüniň häsiýetli aýratynlyklaryny özünde jemleýär. Häkimiýetiň jemgyýetiň durmuşyna goşulmaklygy aradan aýrylyp başlanýar. Raýatlara syýasata goşulmaklyga mümkinçilik berlip, olar syýasat barada öz pikirlerini we garaýyşlaryny beýan etmeklige başlaýarlar. Adam hukuklarynyň çägi giňelip başlaýar.

Liberal düzgüniň esasy aýratynlyklarynyň biriniň geçirimlilikdigini hem belläp geçmek gerek.

**Demokratik düzgün.** Syýasy durmuş demokratik düzgün esasynda ýöredilen halatynda, häkimiýet bilen halkyň gatnaşygy deň esaslarda alnyp barylýar. Häkimiýet halk tarapyndan saýlanylýar. Halk häkimiýetiň işine baha berip,

gerek bolan halatynda, oňa öz öň saýlan wekillerini başgalar bilen çalşyp bilýär. Häkimiýet jemgyýetçilik durmuşyna diňe kanun esasda gatyşyp bilýär. Demokratiýa düşünjesi («*demos*» – halk we «*kratos*» – häkimiýet diýen manylary berýän gadymy *ýunan* sözlerinden) syýasaty öwreniş ylmynyň iň ýörgünli adalgalarynyň biridir.[1] Demokratiýanyň manysy we mazmuny, onuň ölçegleri, artykmaç we kemter taraplary, esasy şertleri dogrusyndaky meseleler adamzady gadym zamanlardan bäri gyzyklandyryp gelipdir.

Biz bu ýerde demokratiýanyň hemme meseleleriniň üstünde durup geçmeklikden saklanyp, diňe onuň käbir esasy aýratynlyklary barasynda durup geçmek isleýäris. Demokratiýanyň şertleri barada gürrüň edilende, ilkinji nobatda, jemgyýetde bazar ykdysadyýetiniň ýöredilmeginiň zerurlygy göz öňünde tutulýar. Demokratiýanyň ölçegleri hakynda aýdylanda bolsa, ilki bilen raýatlaryň syýasy meseleleri çözmeklige deň hukukly gatnaşmaklary üçin ähli kanuny şertleriň bolmagy zerur hasap edilýär.

**Demokratiýanyň mehanizmlerine** *saýlawlaryň erkinligi*, ýagny her bir raýatyň öz islegine görä ses bermäge bolan hukugy, *köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň* (radionyň, teleýaýlymlaryň, gazetleriň we žurnallaryň) *erkinligi* we *köppartiýalylygy* degişlidir.

Demokratik jemgyýetde köpçülikleýin habar beriş serişdelerine aýratyn orun degişlidir. Döwlete garaşsyz, özbaşdak, erkin hereket edýän habar beriş serişdeleri halky jemgyýetçilik durmuşynyň ähli taraplary, şol sanda häkimiýetiň işleýşi dogrusyndaky maglumatlary we dürli

[1] **Bellik:** demokratiýa düşünjesi barada gürrüň açylanda, häkimiýetiň *aristokratiýa* (saýlama adamlaryň häkimiýet başynda durmaklygy), *ohlokratiýa* (başly-barat jemlenen mähelläniň, märekäniň häkimligi), *timokratiýa* (diňe öz şahsy, hususy bähbidini araýanlaryň häkimligi), *teokratiýa* (ruhanylaryň, din kethudalarynyň häkimligi), *tehnokratiýa* (tehnikany ileri tutýanlaryň, tehnika bilen iş salyşýanlaryň häkimligi) we ş.m. başga görnüşleriniň barlygynyň hem ýatlanylmagy gerek.

garaýyşlary (hat-da, tankydy garaýyşlary-da) halka ýetirip, adamlaryň dünýägaraýşyna öz täsirini ýetirýär. Netijede, adamlaryň aňynda jemgyýet barada, esasan-da, häkimiýet barada, giňişleýin garaýyşlar emele gelýär. Şol sebäpli-de, köpçülikleýin habar beriş serişdelerine kähalatlarda «dördünji häkimiýet» hem diýilýär.

Demokratik jemgyýet üçin köppartiýalylyk, ýagny jemgyýetiň dürli gatlaklarynyň adyndan çykyş edýän birnäçe syýasy toparlaryň (esasan, syýasy partiýalar ýaly guramalaryň) bolmaklygy häsiýetlidir. Ýöne bir partiýalylyk ýagdaýynda-da jemgyýet demokratik häsiýete eýe bolup bilýär.

Demokratik jemgyýetde halk bilen häkimiýetiň özara gatnaşyklary kabul edilen kanunlardyr düzgünler arkaly kadalaşdyrylýar. Şeýle jemgyýetde häkimiýetiň öz içki gurluşy *häkimiýet bölünişigi* ýörelgesi esasynda alnyp barylýar. Bu ýörelgeden ugur alynmagy häkimiýetiň bir elde jemlenilmek howpunyň öňüni almak bilen baglanyşyklydyr. Häkimiýet bölünişigi dogrusyndaky pikir ilkinji gezek XVII asyrda peýda bolýar. Ýöne onuň hakyky manysy doly görnüşde fransuz akyldary **Şarl Monteskýe** (1689–1755) tarapyndan açylyp görkezilýär. Ol özüniň «Kanunlaryň ruhy hakynda» atly eserinde häkimiýete eýe bolan her bir adamyň häkimiýeti başardygyça öz peýdasyna ulanmaklyga we öz elinde uzak wagt saklamaklyga çalyşýanlygyny belläp, şeýle eden-etdiligiň öňüni almaklygyň ýoly hökmünde häkimiýet bölünişiginiň zerurlygyny tekrarlaýar. Soňra Monteskýe häkimiýetiň – ygtyýarlyklaryny– üç topara bölüp, häkimiýetiň üç



**Şarl Monteskýe**

sany şahadan ybarat bolmagyny, ýagny onuň 1) *kanun çykaryjy*, 2) *ýerine ýetiriji* we 3) *sud (kazyýet)* häkimiýetlerine bölünmelidigi baradaky pikiri öňe sürýär. Häkimiýetiň her bir şahasy kanun boýunça özüne degişli ygtyýarlyklaryň çäginde hereket edip, biri-birine garaşsyz bolmaly. Şeýle bölünişik şertlerinde hereket edýän häkimiýet bir elde jemlenip bilmeýär. Häkimiýetde özboluşly deňagramlylyk emele gelýär.

*Häzirki zaman dünýäsiniň köp döwletlerinde häkimiýet bölünişigi ýörelgesi esasy ýörelge hökmünde ulanylýar. Aýdaly, ABŞ-da iň ýokary kanun çykaryjy häkimiýet hökmünde Kongres, iň ýokary ýerine ýetiriji häkimiýet hökmünde Prezident we onuň öz tarapyndan bellenilýän Ministrler Kabineti, kazyýet häkimiýeti hökmünde bolsa – Ýokary Federal Kazyýeti çykyş edýär. Olar biri-birleri bilen özara borçlaryň, hasabat bermekligiň we gözegçilik etmekligiň çylşyrymly ulgamy bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, Kongres Prezidentiň hereketlerine gözegçilik edip bilýär, emma şol bir wagtyň özünde, Prezident hem Kongresiň çözgütleriniň amala aşyrylmagyny togtadyp bilýär. Prezidentiň şeýle hereketi üçin Kongres ony wezipesinden öz karary esasynda boşadyp bilmeýär. Prezident Ýokary Federal Kazyýetiň agzalaryny Kongres bilen ylalaşylan ýagdaýda belläp bilýär. Emma Ýokary Federal Kazyýet özüniň Prezidentiň karary esasynda bellenilenligine garamazdan, Prezidentiň işine gözegçilik etmäge hukuklydyr.*

**Saýlaw ulgamy.** Syýasy ulgamlar häkimiýet edaralarynyň saýlawly wezipelerine halkyň we jemgyýetçilik guramalarynyň gatnaşyşynyň görnüşleri boýunça hem tapawutlandyrylýar.

Belli bir saýlawly wezipä dalaşgärlik edýänleriň maksatnamalary saýlawçylary dürli toparlara bölüp bilýär. Şol maksatnamalaryň mazmunyna görä, saýlawçylar kime ses bermelidigini kesgitleýärler. Emma saýlawçylaryň dalaşgäri öz erklerine görä saýlap almak mümkinçiligi

saýlaw meselesiniň diňe bir tarapy. Saýlawlaryň netijesi saýlawlaryň geçirilişiniň düzgünlerine, berlen sesleriň hasaplanylyşyna hem bagly. Bu düzgünleriň we saýlaw ýörelgeleriniň toplumy saýlaw ulgamyny emele getirýär.

Saýlaw ulgamlarynyň iki görnüşi bar. Olaryň birine *majoritar* («**majorite**» – *diýen fransuz sözinden bolup, köplük diýen manyny aňladýar)* ulgam, beýlekisine bolsa *barabar gatnaşykly* (*proporsional*) *wekilçilik* ulgamy diýilýär. ***Majoritar ulgama*** görä, her bir saýlaw okrugyndan bir adam saýlanylyp bilinýär. Dalaşgärleriň içinden kime saýlawçylaryň iň köp bölegi ses beren bolsa, kim saýlawçylaryň 50 göteriminden köpüsiniň sesini alan bolsa, şol dälaşgär hem saýlanylýar. ***Barabar gatnaşykly wekilçilik ulgamy*** köp syýasy partiýaly döwletlerde ulanylýar. Bu ulgama laýyklykda, saýlawçylar belli bir adama ses bermän, öz maksatnamalary bilen çykyş edýän syýasy partiýalara ses berýärler. Saýlawlaryň netijesine görä iň köp ses alan partiýa *parlamentde* ( mejlisde) iň köp orny eýelemäge hukuk gazanýar. Beýleki partiýalara bolsa, parlamentdäki orunlar olaryň saýlawlaryň netijesinde alan sesleriniň göterimleýin möçberine görä berilýär. Umuman alnanda, belli bir umumy düzgünleriň ulanylýanlygyna garamazdan, hemme ýurtlaryň saýlaw ulgamlary birmeňzeş däldir. Her bir döwlet öz syýasy medeniýetine laýyklykda özüne mahsus saýlaw ulgamyny ulanýar.

**Soraglar we ýumuş:**

1. Syýasy ulgamlar nähili görnüşlere bölünýär?
2. Syýasy düzgünleriň esasy görnüşlerini häsiýetlendirmäge synanyşyň.
3. Demokratiýa diýmek nämäni aňladýar? Onyň esasy şertleri we ölçegleri nämelerden ybarat?
4. Häkimiýet bölünişigi ýörelgesi haýsy maksat üçin ulanylýar?
5. Häkimiýetiň üç şahasyna haýsy häkimiýetler girýär?
6. Saýlaw ulgamy nähili görnüşlere bölünýär?

## § 4. Türkmenistanyň syýasy ulgamy

**Döwlet gurluşy. Türkmenistan demokratik, hukuk we dünýewi döwlet. Türkmenistan – prezident respublikasy.** Türkmenistanyň döwlet gurluşynyň esaslary Türkmenistanyň Konstitusiýasynda – Esasy Kanunda ähli dolulygy bilen açylyp görkezilýär. Konstitusiýanyň 1-nji maddasyna görä *Türkmenistan – demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwleti dolandyrmak prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar*. Bu maddanyň manysyna has doly düşünmek üçin, şertleýin bu maddany *Türkmenistan demokratik döwletdir*, *Türkmenistan hukuk döwletidir*, *Türkmenistan dünýewi döwletdir* we *Türkmenistanda döwleti dolandyrmak prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar* diýen ýaly jümlelere bölüp, olaryň manysyny aýratynlykda düşündirmäge synanyşalyň. Ýöne olar hakdaky gürrüňe geçmezden öňürti, Konstitusiýa diýlip atlandyrylýan resminama barada az-kem gürrüň etmegimiz zerur.



**Türkmenistanyň Konstitusiýa binasy**

3 Sargyt № 740

Konstitusiýa (asly gelip çykyşy boýunça «*constitutio*» – gurluş diýen manyny berýän latyn sözünden) döwletiň esasy kanuny bolup, onda döwletiň gurluşy, döwlet häkimiýetiniň görnüşleri we olaryň aýratynlyklary, häkimiýeti amal etmekligiň esasy ýörelgeleri, şahsyýetiň hukuklary we borçlary kesgitlenilýär. Häzirki zaman dünýäsiniň köp ýurtlarynda döwlet gurluşy Konstitusiýa esasynda kesgitlenilýär. Konstitusiýalar jemgyýetiň syýasy durmuşyny uzak wagtlaryň dowamynda kadalaşdyrmak üçin niýetlenen resminamalardyr. Emma bu kadadan çykylýan wagtlary hem bolýar. Mysal üçin, ABŞ-nyň Konstitusiýasy 1789-njy ýylda kabul edilen-de bolsa, oňa şondan bäri bary-ýogy diňe 26 sany üýtgeşme girizilipdir. Fransiýada bolsa soňky 200 ýylyň dowamynda 16 sany täze Konstitusiýa kabul edilipdir. Konstitusiýany täzelemeklik ýa-da oňa belli bir üýtgeşmeler girizmeklik taryhy şertler bilen baglydyr. Ýöne dünýäde Konstitusiýasyz ýaşaýan döwletler hem bar *(Mysal üçin, Beýik Britaniýa we Ysraýyl döwletlerinde Konstitusiýa derek kanunlaryň toplumy ulanylýar).* Konstitusiýa baradaky gürrüňi şunuň bilen jemläp, Türkmenistanyň Konstitusiýasyna gaýdyp geleliň.

Biz ýokarda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 1-nji maddasyna degişli jümlelere bölmekligi şertleşipdik. Bu maddadaky:

– *Türkmenistan – demokratik döwletdir* diýlen jümle Türkmenistanda döwlet gurluşynyň demokratik ýörelgeleri esasynda, has dogrusy, halk häkimiýeti görnüşinde ýöredilýänligini aňladýar;
– *Türkmenistan – hukuk döwletidir* diýlen jümle bolsa döwlet häkimiýetiniň ähli babatda hukuk düzgünleri esasynda ýöredilip, şahsyýetiň azatlygynyň we esasy raýatlyk hukuklarynyň kanun esasynda goralýanlygyny aňladýar;

– *Türkmenistan – dünýewi döwletdir* diýlen jümle döwletiň dinden aýralygyny, döwletiň dine garaşsyzlygyny hem-de esasy adam hukuklarynyň biri hökmünde wyždan azatlygynyň ykrar edilenligini, ýagny her bir adamyň dine uýmaklyga ýa-da uýmazlyga hakynyň barlygyny aňladýar;
– *Türkmenistanda döwleti dolandyrmak prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar* diýilmekligi, *birinjiden,* bu ýerde döwletiň edara edilişiniň respublika[1] görnüşinde ( respublika sözi res – *iş* we «*publicus*» – *jemgyýetçilik* diýen manylary berýän latyn sözlerinden gelip çykýar), ýagny häkimiýetiň halkyň saýlamagy netijesinde amala aşyrylýanlygyny aňladýan bolsa, *ikinjiden*, bu döwletde baş wezipäniň ***Prezidente***[2] degişlidigini, hut onuň döwletiň we hökümetiň başynda durýanlygyny aňladýar.

**Türkmenistanda häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ulgamy. Häkimiýetiň bölünişigi.** Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň degişli maddalarynda ýurduň syýasy ulgamyny emele getirýän häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň her biriniň hereket ediş aýratynlyklary we wezipeleri beýan edilýär. Türkmenistanyň döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralary merkezi we ýerli häkimiýet we dolandyryş edaralaryna bölünýär.

---

[1] Ylymda döwlet dolandyrylyşynyň *respublika* we *monarhiýa* diýlen iki sany görnüşi bar. Respublika görnüşli döwletde häkimiýet halk tarapyndan saýlanylýan bolsa, monarhiýalarda häkimiýet patyşanyň, korolyň, emiriň, soltanyň elinde bolýar we halk gatnaşmazdan onuň ogluna ýa-da gyzyna, ýa-da onuň başga bir ýakyn garyndaşynyň eline miras hökmünde geçirilýär.

[2] Döwletiň dolandyrylyşynyň *prezident respublikasy* görnüşinden başga görnüşleri, ýagny *parlament respublikasy*, *sowet respublikasy, ýarymprezident respublikasy, teokratiýa respublikasy* ýaly görnüşleri hem bar. Mysal üçin, parlament respublikasynda baş häkimiýet kanun çykaryjy häkimiýete – parlamente degişlidir.

Konstitusiýa laýyklykda *Türkmenistanyň Prezidenti* iň ýokary wezipeli adam hökmünde döwletiň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýolbaşçysy bolup, onuň üstüne Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň we Bitaraplygynyň, çäk bütewüliginiň, Konstitusiýanyň gyşarnyksyz berjaý edilmeginiň hem-de Türkmenistanyň halkara borçlarynyň ýerine ýetirilmeginiň kepili bolmak wezipesi ýüklenýär.

Türkmenistanyň Prezidenti diňe döwletiň ýolbaşçysy bolman, ol şol bir wagtyň özünde *Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygy, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy* we *Türkmenistanyň Döwlet howpsyzlyk geňeşiniň ýolbaşçysy* ýaly wezipeleri hem ýerine ýetirýär.

Türkmenistanyň häkimiýet edaralary ulgamynda esasy orunlaryň biri *Türkmenistanyň Mejlisine* degişli bolup, ol döwletiň iň ýokary wekilçilikli edarasydyr. Mejlis saýlawçylarynyň sany belli bir derejede deň bolan saýlaw okruglaryndan bäş ýyl möhlet bilen saýlanylan 125 sany deputatdan ybarat bolup, ol kanunlary çykarmak bilen meşgullanýar.

Türkmenistanda ýerine ýetiriji häkimiýetiň iň ýokary edarasy hökmünde *Türkmenistanyň Ministrler Kabineti* (*Türkmenistanyň Hökümeti*) çykyş edip, oňa ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti ýolbaşçylyk edýär. Türkmenistanyň Hökümetiniň düzümine Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary we ministrler girýär. Türkmenistanyň Prezidenti hökümetiň düzümine ministrler bilen bir hatarda ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi edaralarynyň ýolbaşçylaryny hem girizip bilýär.

Türkmenistanyň ýerli häkimiýeti *wekilçilikli* we *ýerine ýetiriji* edaralardan ybaratdyr.

Ýerli *wekilçilikli edaralar* hökmünde her bir çäk birligi boýunça agzalary raýatlar tarapyndan dört ýyl möhlet bilen saýlanylýan *Halk maslahatlary* çykyş edýär.

Ýerli *ýerine ýetiriji häkimiýete* welaýatlaryň, şäherleriň we etraplaryň Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilýän we wezipesinden boşadylýan, onuň öňünde hasabat berýän *häkimler* ýolbaşçylyk edýärler. Olar Türkmenistanyň Prezidentiniň ýerlerdäki wekilleri hökmünde ýerli dolandyryş edaralarynyň işine ýolbaşçylyk edýärler.

Türkmenistanda ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamy hem hereket edip, olar *Geňeşlerden* we çägiň jemgyýetçiliginiň ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryndan ybaratdyr. Geňeşler halk häkimiýetiniň etrapdaky şäheriň, şäherçäniň we geňeşligiň wekilçilikli edaralary bolup, onuň agzalary raýatlar tarapyndan üç ýyl möhlet bilen saýlanylýar. Geňeşiň agzalary öz içinden Geňeşiň işine ýolbaşçylyk edýän we onuň öňünde hasabat berýän *arçyny* saýlaýarlar. Welaýatlarda, şäherlerde we etraplarda halkyň wekilçilikli edarasy hökmünde agzalary raýatlar tarapyndan dört ýyl möhlet bilen saýlanylýan *Halk maslahatlary* çykyş edýärler.

Türkmenistanda döwletiň demokratik ýörelgeler esasynda edara edilýänligine bu ýerde ***häkimiýetiň bölüniş ýörelgesine*** konstitusion esasda eýerilýänligi hem doly şaýatlyk edýär. Türkmenistanyň Esasy Kanunynda Türkmenistanda döwlet häkimiýetiniň kanun çykaryjy häkimiýete, ýerine ýetiriji häkimiýete we kazyýet häkimiýetine bölünýänligi, olaryň her biriniň özbaşdaklygy we biri-birleri bilen sabyr-takatly işleýänligi ýörite maddada kesgitlenilýär. Türkmenistanyň Esasy Kanunyna görä, iň ýokary kanun çykaryjy häkimiýet Türkmenistanyň *Mejlisidir*. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň iň ýokary edarasy, ýagny ýurduň Hökümeti, Türkmenistanyň ***Ministrler Kabinetidir.*** Türkmenistanda döwletiň we hökümetiň – Ministrler Kabinetiniň Baştutany Türkmenistanyň ***Prezidentidir***. Türkmenistanda iň ýokary kazyýet häkimiýeti Türkmenistanyň ***Ýokary kazyýetine*** degişlidir.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Konstitusiýa nähili resminama?
2. Türkmenistanyň demokratik döwletdigini düşündirmäge synanyşyň.
3. Türkmenistanyň hukuk döwletidigini düşündiriň.
4. Türkmenistanyň dünýewi döwletdigini düşündiriň.
5. Türkmenistanda döwlet dolandyrylyşy nähili amala aşyrylýar?
6. Prezident resbublikasynyň tapawutly aýratynlyklary nämeden ybarat?
7. Türkmenistanyň syýasy häkimiýet we dolandyryş edaralary ulgamynyň düzümine haýsy edaralar girýär?
8. Häkimiýet bölünişigi ýörelgesine görä häkimiýet haýsy şahalara bölünýär we şeýle bölünişik näme üçin gerek?

## § 5. Hukuk döwleti we raýat jemgyýeti

**Hukuk döwleti we onuň alamatlary.** Bize taryhdan mälim bolşy ýaly, döwlet bilen adamlaryň arasyndaky gatnaşyk elmydama parasatly we kadaly bolmandyr. Geçmişde döwletiň adamlaryň şahsy durmuşyna aralaşyp, eden-etdilige ýol beren halatlary hem az bolmandyr.

Eýýäm gadym döwürlerde adamzat aňynda döwletiň çäksiz güýjüni hukugyň adalatlylygy bilen utgaşdyrmak baradaky pikirler döräp başlaýar.

Adamlar hukuga daýanýan we adalatlylygy goraýan döwletiň, ýagny hukuk döwletiniň gerekligine gaty ir döwürlerde düşünip başlapdyrlar.

Gadymy akyldarlaryň döwlet baradaky garaýyşlarynyň üstünde biz ýokarda hem az-kem durup geçipdik. Şonda biz döwlet baradaky taglymatyň döreýşi we kämilleşişi bilen hem biz az-kem tanşypdyk. Bu ýerde biz *hukuk döwleti* diýlip atlandyrylýan döwletiň esasy ýörelgeleri dogrusynda gürrüň açmak isleýäris.

• Hukugy öwreniş ylmynda *hukuk döwletiniň esasy ýörelgeleriniň* hataryna şu aşakdakylar goşulýar:

1. *Jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda kanunyň agalyk etmekligi.* Beýle diýildigi hukugyň jemgyýetiň ähli künjeklerine siňmekligini aňladýar. Jemgyýetçilik durmuşyndaky ähli dawalar we jedelli meseleler (hojalyk jedelleri, syýasy düşünişmezlikler, maşgala dawalary we ş.m.) diňe hukugyň üsti bilen, kanuny ýollar arkaly çözülmeli. Ýöne munuň üçin, kanunlaryň iňňän köp sanysynyň işlenilip düzülmegi zerur. Hakykatdan-da, hukuk döwletinde jemgyýetçilik durmuşynyň hemme ugurlaryna degişli kanunlar hereket etmeli. Bu kanunlaryň hiç biri hem beýleki kanunlara ters gelmeli däl, ýagny olaryň birindäki getirlen düzgünler beýleki bir kanunlardaky göz öňünde tutulan düzgünleri inkär etmeli däl.

2. *Kanunlaryň hil taýdan ýokary derejede bolmaklygy.* Kanunlaryň sanynyň köp bolmaklygy hukuk döwleti üçin ýeterlik däldir. Esasy mesele kanunlaryň hil taýdan ýokary derejede bolmaklygyndadyr. Kanunlaryň hiliniň ýokary derejede bolmaklygy üçin bolsa olaryň jemgyýetiň gymmatlyklary we däpleri bilen sazlaşyklylygy, kanunlaryň biri-birlerine çapraz gelmezligi, olarda jemgyýetçilik durmuşynda gabat gelýän hadysalaryň mümkingadar hemme görnüşleriniň göz öňünde tutulan bolmaklygy zerurdyr.

3. *Kanunyň döwletden ýokarda durmaklygy.* Bu ýörelge döwletiň özüniň hem kanuna boýun egmelidigi bilen baglanyşyklydyr. Döwlet diňe kanunlary çykarýan edara bolman, eýsem onuň özi hem öz çykaran kanunlaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirmelidir. Hatda kanunlary üýtgetmek we ýatyrmak bilen baglanyşykly hereketler hem döwlet tarapyndan kanuny tertipde amala aşyrylmalydyr.

4. *Şahsyýetiň azatlyklarynyň, hukuklarynyň we mertebesiniň mizemezligi.* Bu şert hukuk döwletiniň konstitusiýasynda öz beýanyny tapýar. Hukuk döwletinde her bir şahsyýete diňe wepaly raýat hökmünde garalman, eýsem deň hukukly hyzmatdaş hökmünde hem garalýar.

5. *Döwletiň we şahsyýetiň özara jogapkärçiligi.* Iki tarapyň arasyndaky deňhukukly gatnaşyklar olaryň biri-birleriniň öňünde özara jogapkärlidiklerini hem aňladýar. Döwletiň şahsyýetiň öňündäki jogapkärçiligi onuň hukuklarynyň goragyny üpjün etmekden we onuň durmuşy goragy üçin zerur bolan maksatnamalary işläp düzmekden we durmuşa geçirmekden ybaratdyr. Şahsyýet bolsa öz gezeginde döwletiň kanunlaryny ýerine ýetirmeklige, ählumumy tertip-düzgün üçin zerur bolan halatynda öz-özüni çäklendirmeklige borçludyr. Adam häkimiýeti halaman hem biler, ýöne ol onuň kanuny esasdalygyny welin, doly ykrar etmelidir.

6. *Kanunlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edilişiniň netijeli usullarynyň ulanylmagy.* Şeýle gözegçilik dürli döwlet edaralary tarapyndan prokuratura, kazyýet, polisiýa we ş.m. beýleki hukuk goraýjy edaralar tarapyndan amala aşyrylýar. Kanunlaryň ýerine ýetirilişine gözegçiligiň edilmegi halkara derejesinde hem zerurdyr. Mysal üçin, Birleşen Milletler Guramasynyň Halkara Kazyýeti döwletleriň arasyndaky ýüze çykýan hukuk dawalaryna seredýän edaradyr.

7. *Häkimiýet bölünişigi ýörelgesiniň amal edilmegi.* Bu ýörelge hukuk döwletiniň baş ýörelgesidir. Bu ýörelgä görä döwlet häkimiýeti üç sany şahadan, ýagny *kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerinden* ybarat bolup, olaryň her biri özüne degişli wezipeleri amal etmeli. Olaryň *birinjisi* kanunlary işläp düzýär we yglan edýär, *beýlekisi* olary iş ýüzünde amala aşyrýar, *üçünjisi* bolsa, olaryň ikisiniň hem öz ygtyýarlyklarynyň çäginden çykmazlyklaryna we kanunlaryň berjaý edilişine gözegçilik edýär. Häkimiýet bölünişigi häkimiýetiň bir elde jemlenmezliginiň we diktaturanyň (*döwletiň çendenaşa hökümdarlygynyň*) emele gelmeginiň öňüni almagyň esasy girewidir.

Häkimiýet bölünişigi ýörelgesi hukuk döwletiniň iň esasy we baş ýörelgesidir. Ýokarda sanalan beýleki ýörelgeleriň iş ýüzünde amal edilmegi hem, ilkinji nobatda, döw-

let häkimiýetiniň bölünişik ýörelgesi esasynda ýöredilmegi bilen baglanyşyklydyr.

**Raýatlaryň hukuk aňy we medeniýeti.** Raýatlaryň *hukuk aňy* we *medeniýeti* kanunlary amal etmekligiň aýrylmaz bölekleridir. Dogrudan hem, kanunlary amal etmeklik aňly hereketlerden ybaratdyr. Hukuk kadalaryny we kanunlary berjaý etmeklige, ýerine ýetirmeklige we ulanmaklyga gönükdirilen hereketleriň aňly-düşünjeli bolmaklygy raýatlarda degişli *hukuk medeniýetiniň* bolmaklygyny talap edýär. *Hukuk aňy* umumy görnüşde alnanda, jemgyýetçilik aňynyň hukuk gatnaşyklary bilen bagly bolan zatlary şöhlelendirýän tarapydyr. Jemgyýeti düzýän adamlaryň her biriniň aýratynlykda alnan *hukuk aňy* hem adamlaryň hukuk bilen bagly bolan garaýyşlaryny we düşünjelerini özünde jemleýär. Adamlaryň hukuk bilen baglanyşykly düşünjeleri näçe baý bolsa, şonça-da olaryň *hukuk aňy* giňdir. Raýatlaryň *hukuk aňynyň* giňligi, düşünjeleriniň we garaýyşlarynyň dürsligi bolsa raýatlaryň *hukuk medeniýetiniň* ýokary bolmaklygynyň esasy şertidir. Eger-de jemgyýetde ýaşaýan her bir adam öz konstitusion hukuklaryny, erkinliklerini we borçlaryny gowy bilýän bolsa, ýurtdaky hereket edýän kanunlardan gowy baş çykaryp bilýän bolsa, onda şeýle raýatlardan ybarat bolan jemgyýetiň *hukuk medeniýeti* hem ýokary bolýar. Öz raýatlarynyň ýokary *hukuk medeniýetiniň* bolmaklygy döwletiň özi üçin hem bähbitlidir. Sebäbi ýokary *hukuk medeniýeti* bolan raýatlar jemgyýetçilik durmuşynyň dürli taraplaryna degişli bolan kanunlary gowy bilip, degişli *hukuk düzgünlerini* berjaý edip, ýaşamaklygy we hereket etmekligi başarýarlar.

**Türkmenistanda adamyň we raýatyň konstitusion hukuklary, azatlyklary we borçlary.** Konstitusiýada görkezilşi ýaly, Türkmenistan hukuk döwletidir. Şeýle döwletiň esasy wezipesi, ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, adamlaryň we raýatlaryň hukuklaryny hem-de azat-

lyklaryny kanun esasda goramakdan ybaratdyr. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 3-nji maddasynda döwletiň we raýatyň biri-birleriniň öňünde deň derejede jogapkärdikleri şeýle tekrarlanylýar: *«...jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr. Döwlet raýatyň öňünde jogapkärdir. Ol şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şertleriň döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, at-abraýyny, mertebesini we azatlygyny, şahsyýetiniň eldegirilmesizligini, tebigy hem mizemez hukuklaryny goraýar. Her bir raýat öz üstüne Konstitusiýanyň we kanunlaryň ýükleýän borçlaryny ýerine ýetirmekde döwletiň öňünde jogapkärdir».*

Türkmenistanyň Konstitusiýasy adamlaryň we raýatlaryň dürli görnüşli hukuklaryny we azatlyklaryny kepillendirýär. Şeýle hem Türkmenistanyň Esasy Kanunynda adamlaryň we raýatlaryň jemgyýetiň we döwletiň öňündäki raýatlyk borçlary kesgitlenilýär. Konstitusiýa laýyklykda Türkmenistanda adamlaryň we raýatlaryň esasy hukuklary, azatlyklary we borçlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- *aýallar bilen erkekleriň raýatlyk hukuklary deňdir;*
- *raýatyň hukuklaryny çäklendirmek ýa-da raýatlary öz hukuklaryndan bikanun mahrum etmek gadagandyr;*
- *raýatlaryň hukuklary we azatlyklary olaryň haýsy millete degişlidigine, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine garamazdan deňdir;*
- *her bir raýatyň öz şahsy durmuşyna eden-etdilikli gatyşylan mahalynda, şonuň ýaly-da hat-habarlaryň, telefon aragatnaşygynyň we beýleki aragatnaşyklaryň syryny saklamak düzgüni bozulan mahalynda goranmaga haky bardyr;*
- *her bir adamyň Türkmenistanyň çäginde ondan-oňa erkin gitmäge, ýaşajak ýerini saýlap almaga haky bardyr;*

- *her bir nika (kämillik) ýaşyna ýeten zenan bilen erkek kişiniň biri-biri bilen ylalaşyp, nikalaşmaga hem maşgala gurmaga haky bardyr;*
- *ene-atalar öz çagalaryny terbiýelemäge, olaryň saglygy we ösüşi, olary okatmak barada alada etmäge, olary zähmete taýýarlamaga, medeniýete aralaşmaga, kanunlara, taryhy hem milli däp-dessurlara hormat goýmagy öwretmäge borçludyr. Kämillik ýaşyna ýeten çagalar öz ene-atalary barada alada edip, olara kömek berip durmaga borçludyrlar;*
- *raýatlaryň döwlet häkimiýet edaralaryny saýlamaga we saýlanmaga haky bardyr;*
- *raýatlaryň saglygyny gorap saklamaklyga, şol sanda hem döwlet saglygy goraýyş edaralarynyň hyzmatyndan mugt peýdalanmaklyga hukugy bardyr;*
- *her bir raýatyň bilim almaga hukugy bardyr;*
- *döwleti goramak her bir raýatyň mukaddes borjudyr. Türkmenistanyň raýaty bolan her bir erkek kişi hemmä umumy harby borjuny ýerine ýetirmelidir;*
- *Türkmenistanyň raýatlary kanunlarda bellenen tertipde hem möçberde döwlet salgytlaryny we gaýry tölegleri tölemäge borçludyrlar;*
- *raýatlaryň we adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyrmagy olaryň jemgyýet we döwlet öňündäki borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr;*
- *Türkmenistanyň çäklerinde ýaşaýan ýa-da bolýan her bir adam Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, kanunlaryny berjaý etmäge we milli däp-dessurlaryny hormatlamaga borçludyr;*
- *raýatlaryň Konstitusiýada göz öňünde tutulan hukuklarynyň hem azatlyklarynyň amala aşyrylmagy diňe adatdan daşary we harby ýagdaý şertlerinde Konsti-*

*tusiýada bellenen tertipde we çäklerde wagtlaýyn togtadylyp bilner.*

Görşümiz ýaly, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda adamyň we raýatyň azatlyklarynyň we hukuklarynyň, şeýle hem raýatlyk borçlarynyň dürli görnüşleri kepillendirilýär we tekrarlanýar. Konstitusiýanyň bolsa iň ýokary güýji bolan esasy kanunlygy onuň hemmeler tarapyndan doly we gyşarnyksyz berjaý edilmelidigini talap edýär. Hiç bir adamyň, edaranyň we guramanyň adam hukuklaryny we azatlyklaryny bikanun çäklendirmeklige we bozmaklyga haky ýokdur.

Her bir raýatyň öz ýaşaýan ýurdunyň Konstitusiýasynda kepillendirilen hukuklaryny we azatlyklaryny doly bilmekligi, ondaky göz öňünde tutulan borçlary berjaý etmekligi oňa jemgyýetiň hakyky agzasy bolup ýaşamaklyga mümkinçilik berýär.

**Raýat jemgyýeti düşünjesi we onuň gurluşy. Raýat terbiýesi.** *Raýat jemgyýeti* düşünjesi giň we dar manylarda ulanylýar. Giň manyda alnanda, raýat jemgyýeti jemgyýetiň döwletiň özi we onuň düzümine girýän edaralar tarapyndan gurşalyp alynmadyk bölegini öz içine alýar. Başgaça aýdylanda, raýat jemgyýeti jemgyýetçilik durmuşynyň döwletden aýry we döwlete garaşsyz hereket edýän tarapydyr. Dar manyda alnanda *raýat jemgyýeti* düşünjesi *hukuk döwleti* diýilýän düşünjäniň arka tarapy bolup, olar biri-birleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Sebäbi raýat jemgyýeti diňe hukuk döwletiniň emele gelmeginiň netijesinde döreýän jemgyýetdir. Raýatlaryň özlerini döwletiň elgaramagyndaky adamlardan döwlete dahylsyz, öz emläklerine özbaşdak eýelik edip bilýän, özlerini arkaýyn ekläp bilýän adamlara öwrülip başlamaklygy raýat jemgyýetiniň esasy aýratynlygydyr.

• Raýat jemgyýetiniň düzümi örän çylşyrymly bolup, ol öz içine adamlaryň döwlet tarapyndan gözegçilik astynda

saklanylmaýan gatnaşyklaryny, esasan-da, adamlaryň özara hojalyk, maşgala, garyndaşlyk, dostluk, goňşuçylyk we ahlak gatnaşyklaryny alýar. Emma olar bilen bir hatarda raýat jemgyýeti adamlaryň öz syýasy we jemgyýetçilik guramalarynyň çägindäki özara gatnaşyklaryny hem öz içine alýar. Raýat jemgyýetindäki gatnaşyklar *wertikallaýyn* (dikleýin ýa-da ýokardan aşaklygyna, tabynlaýyn) görnüşdäki gatnaşyklar bolman, eýsem deň hukukly we erkin taraplaryň *gorizontallaýyn* (keseleýin, bir hatarda ýerleşen) häsiýetdäki gatnaşyklarydyr.

Raýat jemgyýetini haýsy-da bolsa ýokardan berlen bir görkezme ýa-da belli bir degişli kanun esasynda döredip bolmaýar. Şeýle jemgyýet hasylly toprakda miweli agajyň ösüp ýetişişi ýaly, kem-kemden kemala gelýär. Onuň döremekligi we hereket etmekligi üçin birnäçe şertler gerek.

*Ilki bilen,* şeýle jemgyýetiň döremekligi üçin eýeçiligiň dürli görnüşleriniň bolmaklygy zerur. Raýatyň elinde hut onuň özüniň ýa-da başgalar bilen bilelikdäki eýeçilik edýän emlägi ( öz hususy kärhanasy, dükany, ýeri, ulag serişdesi, tehnikasy we ş.m.) bolmaly. Hakykatdan-da, öz elinde hususy, eldegirmesiz emlägi bolan raýatlar özlerini erkin duýup bilýärler. Öz emlägini öz islegine görä ulanyp, ondan girdeji alyp bilýän we alan girdejisini öz erk-islegine görä sarp edip bilýän raýatlar özlerini erkin duýýarlar. Emläk eýeçiligi adamyň özüni erkin duýmaklygynyň we belli bir derejede özüniň döwletden garaşsyzlygyny duýmaklygynyň esasy şertidir.

*Ikinjiden*, raýat jemgyýetiniň döremegi üçin jemgyýetiň sosial strukturasynyň birmeňzeş däl-de, örän çylşyrymly bolmagy zerur. Beýle diýildigi, jemgyýetde bähbitleri dürli-dürli bolan gatlaklaryň köp bolmaly diýildigidir. Dürli sosial toparlara degişlilik adamlary öz toparlarynyň çäginde bileleşip hereket etmeklige, öz bähbitlerini bileleşip çözmeklige iterýär.

*Üçünjiden,* raýat jemgyýetiniň döremekligi üçin raýatlaryň meýletin birleşmeleriniň we jemgyýetçilik guramalarynyň dürli görnüşleriniň bolmagy zerur. Raýatlar hut şeýle birleşmeleriň üsti bilen öz bähbitlerini gorap bilýärler, olaryň üsti bilen öz islegleriniň we maksatlarynyň döwlet tarapyndan göz öňünde tutulmalydygyny subut edip bilýärler. Şu nukdaý nazardan seredilende, raýat jemgyýeti üçin adamlaryň öz dürli birleşmelerini döretmeklige mümkinçiliginiň bolmagy esasy şertleriň biridir.

*Dördünjiden,* raýat jemgyýeti üçin ýurtda kanunlaryň örän sazlaşykly ulgamynyň döredilmegi we hereket etmegi zerurdyr. Emma şeýle ulgamyň döredilmegi örän uzak wagty talap edýär. Sebäbi kanunyň kanun bolmagy üçin diňe bir onuň hukuk standartlaryna laýyk gelmekligi hökman bolman, eýsem onuň degişli jemgyýetiň aýratynlyklaryny we onuň milli däplerini hem doly göz öňünde tutmagy zerurdyr.

*Bäşinjiden,* raýat jemgyýeti üçin adamlaryň özbaşdak we garaşsyz hereket etmeklige isleginiň bolmagy, olaryň öz şahsy hukuklaryna we beýleki raýatlaryň hukuklaryna hormat goýmagy, kanuna hormat bilen garamagy, häkimiýetden gorkusynyň bolmazlygy hökmany şertleriň biridir. Ýöne bu zatlar hökümetiň karary esasynda girizilmeýär. Jemgyýet şeýle ýagdaýda ýaşamaklyga kem-kemden we uzak wagtyň dowamynda ýetýär.

Raýat jemgyýetiniň esasyny azat adamlar-erkin raýatlar düzýär. Raýat jemgyýetiniň döwletden bölünmegi gatlaklaýyn deňsizligi ýok etmekligiň we jemgyýetçilik gatnaşyklaryny *döwletden çetleşdirmekligiň* netijesinde amal edilýär.

Şeýle özgeriş ähli halkyň adyndan çykyş edýän wekilçilikli döwletiň döredilmeginden başlanýar. Onuň üçin bolsa berlen hukuklaryň we azatlyklaryň esasynda adamlaryň ýuridiki deňliginiň kanuny halda kepillendirilmegi ze-

rurdyr. Durmuşy deňsizligiň ählumumy ýuridiki deňlik bilen çalşylmagy şahsyýetiň hil taýdan üýtgemegini kesgitleýär. Şeýle şahsyýetler özlerini öz gelip çykyşyna we emläk ýagdaýyna garamazdan jemgyýetçilik durmuşynyň azat we deňhukukly agzalary hökmünde ykrar etdirip bilýärler. Emma hukuk deňligi absolýut deňligi aňlatmaýar. Bu ýerde deňlik adamlaryň diňe mümkinçilikleriniň deňligini aňladýar. Ýöne şeýle-de bolsa, adamlaryň mümkinçilikler babatynda deňligi talantlaryň we şahsy ukyplaryň ýüze çykmaklygy üçin zerur şertleri döredýär.

Raýat jemgyýeti örän çylşyrymly baglanyşyklaryň we düzümleriň ulgamydyr. Raýat jemgyýeti döwletiň garamagyndan daşarky, onuň goşulyşmaýan şahsara gatnaşyklarynyň ählisini öz içine alýar. Şonuň ýaly-da ol adamlaryň hem-de birleşmeleriň her günki isleglerini amal edýän, döwlete bagly bolmadyk jemgyýetçilik edaralarynyň giňişleýin ulgamyny hem özünde jemleýär.

Adamlar özleriniň gündelik ýaşaýyş durmuşy bilen bagly bolan isleglериniň birnäçesini (mysal üçin, bazarlarda we dükanlarda ekologik taýdan arassa howpsyz iýmitleriň we içgileriň satylmagyna, ýaşaýan ýerleriniň töwereginiň abadançylygynyň üpjün edilmegine we ş.m. beýleki zatlara bolan isleglerini) degişli birleşmeleri we wagtlaýyn hereket edýän guramalary döretmek arkaly kanagatlandyrýarlar. Şeýle birleşmeler bilim, medeniýet, sport we syýahatçylyk meseleleri babatda hem döredilýär. Muňa mysal edip, orta mekdepleriň köpüsinde jemgyýetçilik başlangyçlary esasynda hereket edýän ene-atalar komitetlerini (geňeşlerini) getirmek mümkin. Şeýle komitetler öz ýygnanyşyklaryny geçirip, olarda mekdep üçin gerek bolan enjamlary satyn almak, synplaryň jaýlaryny timarlamak ýaly meseleleri ara alyp maslahatlaşýarlar. Öz ýygnanyşyklarynyň karary esasynda beýleki ene-atalara degişli çagyryşlar bilen ýüzlenýärler.

Şeýle görnüşdäki birleşmeleriň sany onlarçadyr. Olaryň köpüsi agzalarynyň sany boýunça gaty uly bolmadyk, köplenç halatlarda bolsa, wagtlaýyn hereket edýän birleşmelerdir. Şol sebäpli-de, olaryň hemmesi resmi taýdan bellige alynýan guramalar däldir. Emma şeýle guramalaryň köpçülikleýin hereket etmegi jemgyýet üçin hem, döwlet üçin hem peýdalydyr. Döwlet edaralary köp meseleleri halkyň gatnaşmagynda çözmeklige döwtalapdyrlar. Mysal üçin, şäher ýerlerinde ýaşaýyş jaýlarynyň töwereginiň arassa saklanylmagyny üpjün etmek meselesi köp derejede ýaşaýjylaryň özlerine baglydyr.

Raýat jemgyýetinde döwlet täze derejä galýar. Adaty döwletiň ýerine raýatlar bilen kanuny ýörelgeler esasynda gatnaşyga girýän raýat döwleti gelýär. Raýat döwletinde ýaşaýanlar üçin özleriniň raýatlyk hukuklaryna we borçlaryna doly düşünmekleri zerur, ýagny olaryň öz raýatlyk hukuklaryndan sowatly peýdalanyp bilmekligi, öz raýatlyk borçlaryny bolsa, gyşarnyksyz berjaý etmekligi zerur. Şonuň üçin-de, raýat jemgyýetiniň has ösen derejede bolmagy üçin ýaş nesil bilen baglanyşykly terbiýeçilik işlerinde ***raýat terbiýesine*** aýratyn üns berilmegi iňňän wajyp wezipeleriň hataryna girýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Raýat jemgyýeti diýen düşünjäniň manysyny aýdyp beriň.
2. Raýat jemgyýeti üçin zerur bolan esasy şertleri sanaň.
3. Raýat jemgyýetinde jemgyýetçilik birleşmelerine we guramalaryna nähili orun degişli?
4. Hukuk döwletiniň döremekliginiň esasy säbäbi näme bilen baglanyşykly?
5. Hukuk döwletinde kanuna nähili orun degişli?
6. Hukuk döwletinde şahsyýet bilen döwletiň özara jogapkärçiligi nämeden ybarat?
7. Hukuk döwletiniň esasy ýörelgelerini sanap beriň.

## § 6. Hukuk ulgamy we onuň jemgyýetdäki orny

**Hukuk we onuň döreýşi. Hukugyň düýp mazmuny. Hukuk ulgamy. Hukuk gatnaşyklary.** Adamlar eýýäm gadym döwürlerde jemgyýetde tertip-düzgüniň saklanylmagynyň jemgyýetçilik durmuşy üçin iň zerur zatlaryň biriligine aýdyň göz ýetiripdirler. Jemgyýetde ol ýa-da beýleki meseleler babatda häli-şindi ýüze çykýan dawa-jenjelleri, uruş-sögüşleri aradan aýyrmak üçin, dürli özara düşünişmezlikleriň adalatly çözülmekligini gazanmak üçin haýsy-da bolsa bir tertip-düzgüni kadalaşdyryjy guralyň gerekligi äşgär duýlupdyr. Şeýle gural hökmünde hem hukuk oýlanylyp tapylypdyr.

Hukuk hem edil ahlak ýaly gadym döwürlerde dörän iň ýokary umumadamzat gymmatlyklarynyň biridir. Hukuk we ahlak düzgünleri biri-birleri bilen aýrylmaz arabaglanyşyklydyr. Hukuk düzgünleriniň ahlak düzgünlerinden tapawutly aýratynlygy hukuk düzgünleriniň hemmeler üçin umumylygy we hökmanylygy bilen, tersine, ahlak düzgünleriniň bolsa, şeýle hökmanylyga eýe däldigi bilen baglanyşyklydyr. Emma muňa garamazdan, jemgyýetçilik durmuşynda hukugyň we ahlagyň orny deň diýen ýalydyr. Olar biziň jemgyýetde özümizi alyp barşymyza täsir edip, ony tas deň derejede diýen ýaly kadalaşdyrýar. Eger adamzat öz taryhy ösüşiniň dowamynda ahlak we hukuk düzgünlerini oýlap tapmadyk bolsa, onda, belki, biziň durmuşymyz, hakykatdan-da, «gün güýçliniňki, gowurga dişliniňki» ýalyrak bir durmuşa öwrülip, her kim edenni eder ýörerdi. Ahlak bilen hukuk döredilmedik bolsa, adamzat siwilizasiýasy özüniň şu günki ýeten derejesine ýetip hem bilmezdi.

Hukugyň ählumumy kabul edilen düzgünleri we kada-kanunlary özünde jemleýän gural hökmünde emele gel-

megi, esasan, döwletiň döremegi bilen baglanyşyklydyr. Ýer ýüzünde eýýäm ilkinji dörän döwletlerde adamlaryň gatnaşyklary bilen baglanyşykly meseleleriň hemmesini diňe ahlagyň kömegi bilen kadalaşdyryp bolmajaklygyna göz ýetiripdirler. Netijede, döwletler adamlaryň özlerini alyp baryşlaryny, biri-birleri bilen gatnaşyklaryny, olaryň arasynda döreýän dawalary we jedelleri kadalaşdyrmak üçin belli bir kanunlary we *hukuk düzgünlerini* işläp düzmäge mejbur bolupdyrlar. Hukuk elmydama *adalatlylyk* bilen berk baglanyşyklydyr. Hukuk düzgünleri adamlaryň arasyndaky gatnaşyklarda emele gelýän dürli meseleleriň adalatly çözülmegine ýardam edýär. Hukuk düzgünleri jemgyýetçilik durmuşynda ählumumy ylalaşygyň we raýat agzybirliginiň saklanmagynyň girewi bolup hyzmat edýär.

Döwletleriň iň ösen görnüşi *hukuk döwleti* görnüşindäki döwletlerdir. Gysgaça aýdylanda, ***hukuk döwleti*** *– bu adamyň erkinliklerini we hukuklaryny, onuň ýaşaýyş-durmuşyny we emläklerini gyşarnyksyz goramaklygy öz baş wezipesi hasap edýän döwletdir*. Hukuk döwletiniň esasy aýratynlyklarynyň biri şeýle döwletde *Kanun tarapyndan gadagan edilmedik zatlaryň hemmmesine rugsat berilýär* diýlen ýörelgäniň ulanylýanlygy bilen baglanyşyklydyr.

Hukuk döwleti diýmeklik şahsyýetiň çäksiz (absolýut) erkinligini aňlatmaýar. Sebäbi her bir adamyň erkinligi başgalaryň hem erkinligi bilen baglanyşyklydyr. Hiç bir adam öz erkinliginiň çägini beýleki adamlaryň erkinliginiň çäklendirilmeginiň hasabyna artdyryp bilmeýär. Hukuk döwletiniň her bir raýaty üçin Konstitusiýada we beýleki kanuny namalarda göz öňünde tutulan we kepillendirlen erkinliklerden başga erkinlik ýokdur.

*Hukugyň düýp mazmuny* onuň jemgyýetçilik durmuşyny belli bir ählumumy kabul edilen düzgünler esasynda kadalaşdyrmakdan (tertipleşdirmekden, düzgünleşdirmekden)

ybaratdyr. Ýöne ol düzgünler ahlagyň düzgünleri bilen deňeşdirilende has berkdir. Eger-de ahlak düzgünlerinden çykan adam diňe jemgyýet tarapyndan ýazgarylmaklyga sezewar edilýän bolsa, hukuk düzgünlerini bozan adamlar (toparlar, guramalar) degişli kanunlar esasynda jezalandyrylmaklyga (jenaýata çekmek, jerime salmak ýaly görnüşlere) sezewar edilýär.

*Hukugyň esasy funksiýasy* (wezipesi) jemgyýetçilik gatnaşyklaryny we adamlaryň özlerini alyp baryşlaryny (rugsat bermek, borçly etmek ýa-da gadagan etmek ýaly ýollar bilen) kadalaşdyrmaklykdyr.

Hukuk kadalary, esasan, belli bir ýazgylaýyn namalarda öz beýanyny tapan düzgünlerdir. Hukuk namalarynyň hataryna *konstitusiýa, kanunlar* we *kanuny häsiýetli resminamalar* (permanlar, kararlar, buýruklar we düzgünnamalar) girýär. Bu namalaryň haýsysynda öz beýanyny tapanlygyna laýyklykda hukuk düzgünleri konstitusion düzgünlere, kanunlarda görkezilen düzgünlere we kanuny häsiýetli resminamalarda beýan edilen düzgünlere bölünýär. Konstitusiýada we döwlet kanunlarynda beýan edilen düzgünler iň ýokary güýji bolan, umumy häsiýetli düzgünlerdir. Kanuny häsiýetli namalarda öz beýanyny tapan düzgünler adaty düzgünler bolup, olar belli bir möhlete ýa-da belli bir pudaga degişlidirler. Mysal üçin, Bilim ministriniň buýrugy bilen tassyklanylan *Orta mekdepleriň Tertipnamasynyň mysaly nusgasy* diňe orta mekdepleriň işini kadalaşdyrmaklyk üçin niýetlenen kanuny häsiýetli namadyr. Kanuny häsiýetli namalar degişli döwlet kanunlaryndan gelip çykyp, olara çapraz gelýän resminama bolman, eýsem olardaky umumy görnüşlerdäki maddalary has takyklaşdyrýan, olaryň amal edilşini düşündirýän, düzgünleşdirýän resminamalardyr.

Hukuk düzgünleriniň üsti bilen adamlaryň jemgyýetiň ähli wajyp ugurlaryndaky gatnaşyklary kadalaşdyrylýar.

Her bir aýratynlykda alnan ýurduň hukuk düzgünleriniň umumy köplügine *hukuk ulgamy* diýilýär. Hukuk ulgamy öz gezeginde hukugyň dürli pudaklaryna bölünýär.

Hukuk pudagynyň her birine girýän hukuk düzgünleriniň üsti bilen jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň degişli ugurlaryndaky ýüze çykýan meseleler kadalaşdyrylýar. Ylymda hukuk ulgamynyň raýatlyk hukugy we *administratiw* (dolandyryş) *hukugy* ýaly görnüşleri biri-birlerinden tapawutlandyrylýar. Hukuk ulgamynyň *şahsy hukuk we jemagat hukugy* pudaklaryna bölünmekligi hem kabul edilen. Hukugyň pudaklarynyň her biri özünde degişli hukuk düzgünlerini jemleýär. Mysal üçin, hukugyň *zähmet hukugy* diýlip atlandyrylýan pudagyna adamlaryň zähmet gatnaşyklary bilen baglanyşykly düzgünler, *maşgala hukugy* diýlip atlandyrylýan pudagyna bolsa, degişlilikde, maşgala gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan düzgünler girýär. Hukuk bilen baglanyşykly, ýagny hukuk düzgünleriniň berjaý edilişi bilen bagly bolan gatnaşyklara umumy görnüşde *hukuk gatnaşyklary* diýilýär.

Adamyň döwlet bilen hukuk gatnaşyklary raýatlyk meselesi bilen baglydyr. Hakykatdan-da, belli bir döwletiň raýaty diýilmegi onuň şol döwletde kabul edilen hukuk düzgünlerine boýun bolmagyny we ony berjaý etmegini aňladýar. Döwlet hem, öz gezeginde diňe öz raýatlarynyň hukuklaryny kanun esasda goramaga borçludyr. Raýatlygy bolmadyk adamlar şol döwletiň raýatlaryna degişli bolan hukuklardan peýdalanyp bilmeýärler ýa-da olaryň hukuklary belli bir derejede çäklendirlendir.

**Hukuk düzgünleri. Hukuk bozulmalary we ýuridiki jogapkärçilik.** Hukuk düzgünleriniň üsti bilen jemgyýetçilik gatnaşyklary we adamlaryň jemgyýetde özlerini alyp baryşlary – rugsat bermek, borçly etmek ýa-da gadagan etmek görnüşlerde kadalaşdyrylýar. Hukuk düzgünleriniň

her biri hukuklaryň we borçlaryň çäkli möçberini özünde jemleýär. Eger ol ýa-da beýleki bir hukuk düzgüni döwlet tarapyndan girizilen bolsa, onda ony hemmeler (*aýratyn adamlar we hemme döwlet edaralary we guramalary*) berjaý etmeli. Hukuk düzgünleri jemgyýetçilik gatnaşyklaryny we adamlaryň özlerini alyp baryşlaryny belli bir hukuklaryň we borçlaryň kömegi bilen tertipleşdirýän, döwlet tarapyndan goralýan ählumumy düzgünlerdir. Döwletiň degişli edaralary şol düzgünleriň berjaý edilişine gözegçilik edýärler we gerek bolan halatynda, olaryň berjaý edilmegini mejbur etmek arkaly gazanýarlar.

Hukuk düzgünleri, ahlak düzgünlerinden tapawutlylykda, belli bir resminamalarda (*Konstitusiýada, kanunlarda, kararlarda, permanlarda we ş.m.*) ýazgylaýyn görnüşde öz beýanyny tapan düzgünlerdir. Ahlak düzgünleri haýsy hereketleriň günä ýa-da sogap işdigini, nämäniň halaldygyny ýa-da haramlygyny, haýsy hereketiň gabahat işdigini aňladýan düzgünler bolup, olar jemgyýetde däp görnüşde kabul edilen kadalardyr. Olaryň berjaý edilişine döwlet jogapkär däldir. Jemgyýetde kabul edilen ahlak düzgünlerini bozýan adamlar köpçülik tarapyndan ýazgarylýar.

Hukuk düzgünleriniň bozulmagyna *hukuk bozulmasy* diýilýär. Hukuk bozulmasy ýuristleriň (hünäri boýunça hukuk işleri bilen ýörite iş salyşýan adamlaryň) dili bilen aýdylanda, raýatyň ýa-da haýsy-da bolsa bir edaranyň (guramanyň, kärhananyň) hukuga garşy gelýän hereketidir. ***Hukuk bozulmasy*** diýlip jemgyýetçilik durmuşyna zyýan ýetiren, jemgyýete sygyşmaýan hereketlere aýdylýar. Hukuk bozulmalarynyň hemmesi deň görnüşli hereketler däldir.

Hukugy bozmaklyk dürli görnüşlere bölünip, olaryň her biri üçin *ýuridiki jogapkärçiligiň* özboluşly görnüşi häsiýetlidir.

*Mysal üçin, jemgyýetçilik emlägine ýa-da haýsy-da bolsa bir adamyň emlägine zyýan ýetiren tarap ýetiren zyýanynyň öwezini pul görnüşinde ýa-da emläk görnüşinde dolmaklyga borçly edilýär.*

Hukugy bozmaklyk – tertip-düzgüni ýerine ýetirmezlik, ýagny gulluk wezipeleri bilen baglanyşykly bidüzgünçilik hem bolup biler. Mysal üçin, işe gijä galmaklyk, ýolbaşçynyň görkezmesini öz wagtynda ýerine ýetirmezlik ýaly hereketler şeýle görnüşli bidüzgünçiliklerdir. Bu ýerde jogarkärçilik duýduryş, käýinç, işden boşatma görnüşlerinde kesgitlenilýär.

Hukugy bozmaklyk – ýol hereketiniň düzgünlerini berjaý etmezlik, ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmezlik, keseli bejermegiň düzgünlerini berjaý etmezlik we ş.m. görnüşli hereketler görnüşinde hem ýüze çykyp bilýär. Şeýle halatlarda düzgüni bozanlara administratiw çäreler ulanylyp, olara eden etmişiniň ýetiren zyýanyna görä duýduryş bermek, käýinç yglan etmek, jerime salmak, belli bir hukuklaryndan mahrum etmek ýaly çäreler ulanylýar.

Hukugy bozmaklygyň iň howply görnüşi jenaýatdyr. *Jenaýat* diýlip jenaýat kanunlaryna laýyklykda gadagan edilen, şahsyýete, jemgyýete we döwlete uly zelel ýetirýän hyýanatçylykly hereketlere düşünilýär. Jenaýatçylykly hereketleri üçin jezalaryň degişli görnüşleri göz öňünde tutulandyr. Jenaýat jogapkärçiligine çekilen adamlara kazyýetiň karary esasynda hukuk jogapkärçiliginiň düzediş-zähmet işlerine ýollamak we azatlykdan mahrum etmek (*käbir ýurtlarda adamlar azatlykdan ömürlik mahrum edilýär ýa-da ölüm jezasyna sezewar edilýär*) ýaly görnüşleri ulanylýar.

Ýuridiki jogapkärçilige adamlar belli bir ýaşda, ýagny

- *raýat-hukuk meseleleri babatynda 18 ýaşdan, kä halatlarda 14 ýaşdan;*

- *jemgyýetçilik tertip-düzgüniniň bozulmaklygy bilen baglanyşykly jogapkärçilige 16 ýaşdan;*
- *administratiw hukugyň düzgünleriniň bozulmagy bilen baglanyşykly jogapkärçilige 16 ýaşdan;*
- *jenaýatçylykly hereketler bilen baglanyşykly jogapkärçilige 16 ýaşdan, agyr jenaýatlar üçin 14 ýaşdan*

*başlap çekilýär.*

Ýuridiki jogapkärçilige diňe öz akylyndaky, ýagny öz eden işine özi jogap berip bilýän adamlar çekilýär. Dürli hili ruhy keseller sebäpli öz eden işine özi jogap berip bilmeýän adamlar jogapkärçilige çekilmeýär.

Hukugy bozandyklary üçin ýuridiki jogapkärçilige edaralar (guramalar, kärhanalar) hem çekilip bilinýär. Şol sebäpli-de, olara bir adam hökmünde çykyş edýändikleri üçin hukukly tarap diýlip atlandyrylýar. Edaralar (guramalar, kärhanalar) öz işleri bilen baglanyşykly we beýleki resminamalara boýun bolmaklyga borçludyrlar. Edaralar öz borçlaryny ýerine ýetirmändikleri ýa-da ýetiren zelelleri üçin raýat-hukuk jogapkärçiligine, dolandyryş edaralaryň buýruklaryny bozan halatlarynda bolsa (mysal üçin, salgyt tölemänligi üçin) administratiw-hukuk jogapkärçiligine çekilip bilinýär.

Ýuridiki hereketiň özboluşlylygy, onuň bir wagtyň özünde hereket edýän we şol hereketiň degişli adamsynyň arasyndaky gatnaşygy döredýänligi bilen baglanyşyklydyr. Bu gatnaşyklara *hukuk gatnaşyklary* diýilýär.

Hukugy öwreniş ylmynda hukuk kadalarynyň dürli görnüşleri biri-birlerinden tapawutlandyrylýar. Hukuk kadalary *imperatiw* we *dispozitiw* görnüşlere bölünýär. Olaryň birinjisi hökmany suratda ýerine ýetirilmeli görkezmeleri öz içine alýar (mysal üçin, salgytlary tölemek borjy). Ikinjisi, onuň degişli bolan adamsynyň öz hereketiniň düzginini özüniň kesgitlemegine ýol berilýänligini aňladýar.

Kadalar *rugsat berýän, borçly edýän* we *gadagan edýän* görnüşlere hem bolünýär. Şu ýerde rugsat etmeklige we gadagan etmeklige iki hili çemeleşmäniň bolmagynyň mümkindigini hem belläp geçmek gerek. Bu meseleler babatda *rugsat berilmedik zatlaryň ählisi gadagan edilýär* ýa-da *gadagan edilmedik zatlaryň ählisine rugsat berilýär* ýaly ýörelgelerden ugur alynýar.

Hukuk işinde ýörelgelere esasy orun degişlidir. Ýörelgeler hukuk düzgünleri ulgamynyň gurnalyşynyň binýatlaýyn esasydyr. Olaryň hataryna döwletiň özygtyýarlygy, adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň iň ýokary gymmatlyk hökmünde kabul edilmegi, hukugyň agalygy we şulara meňzeş beýleki esasy hukuk ýörelgeleri girýär. Hukuk ýörelgeleri aksiomalaýyn görnüşde, ýagny subut edilmegini talap etmeýän kesgitlemeler görnüşinde hem bolup bilýär. (mysal üçin, «Hiç kim öz işine kazy bolup bilmez» diýlen kesgitleme aksiomalaýyn görnüşli kesgitlemedir).

Köp ýurtlaryň hukuk bilen baglanyşykly iş tejribesinde *prezumpsiýalar* hem belli bir orny eýeleýär. Prezumpsiýa aslynda, ol ýa-da beýleki ýagdaýdan gelip çykýan *gipotezadyr* (çaklamadyr). Hukuk işinde köplenç günäsizlik prezumpsiýasy, ýagny her bir jenaýatda günälenýän adam kanuny esasda günäsi subut edilmedik pursada çenli günäkär däl hasaplanylýar. Günäsizlik prezumpsiýasyna laýyklykda günäkärlenilýän adam özüniň günäkär däldigini subut etmeli däl. Onuň günäsini sülçi subut etmeli. Diňe kazyýetiň günäleýji hökümi günälenýäni günäkär diýmeklige ýuridiki esas berýär.

**Adamlarda jedelli meseleleri kanuny ýollar bilen çözmek ukybyny kemala getirmek.** Bu örän wajyp işi amal etmeklik adamlaryň hukuk medeniýetini taplamak we yzygider kämilleşdirmek bilen baglydyr. Şeýle ukyp adama elmydama gerek, ýöne hukuk döwletinde ýaşaýan we bazar gatnaşyklarynyň içinde hereket edýän adam üçin ol has hem zerurdyr.

Köplenç halatda adamlar öz aralaryndaky dürli gatnaşyklarda günde-günaşa ýüze çykýan düşünişmezlikleri dawa-jenjel we uruş-sögüş arkaly çözmeklige ýykgyn edýärler. Şeýle ýagdaýyň döremegi, esasan, adamlaryň öz hukuklaryny, borçlaryny we kanuny mümkinçiliklerini doly derejede bilmeýändikleri bilen baglanyşyklydyr. Öz hukuklaryny doly derejede bilýän adamlar jedelli meseleleri elmydama kanuny ýollaryň üsti bilen çözmeklige ymtylýar. Köp adamlaryň kanuny bilmeýändikleri, has dogrusy, hukuk medeniýetiniň derejesiniň pesligi kähalatlarda olaryň dürli hili aldawlara uçramaklygyna getirýär. Şol sebäpli-de, adamlarda, esasanda, ösüp gelýän ýaş nesilde, ýokary derejeli hukuk medeniýetini terbiýelemek meselesi iň derwaýys işleriň birine öwrülýär. Bazar ykdysadyýeti we hukuk döwletiniň şertlerinde ýaşamaklyk jemgyýetiň agzalarynyň hemmesinden ýokary hukuk medeniýetini talap edýär. Diňe ýokary hukuk medeniýeti bolan adamlar islendik jedelli meseläni kanuny ýollar arkaly çözmegi başaryp bilýär. Jedelli meseleleri hukuk düzgünleriniň çäginde çözmek başarnygyny we ukybyny kemala getirmek her bir adamyň öz hukuk düşünjelerini baýlaşdyrmak barada edýän şahsy aladasy esasynda gazanmak mümkin.

**Soraglar we ýumuş:**

1. Hukuk düzgünleri ahlak düzgünlerinden nähili tapawutlanýar?
2. Hukuk ulgamy haýsy pudaklara bölünýär?
3. Hukuk düzgünleriniň esasy görnüşlerini sanap beriň.
4. Türkmenistanda adamyň we raýatyň hukuklary hem-de azatlyklary haýsy resminamada beýan edilýär we kepillendirilýär?
5. Hukuk aňynyň hukuk medeniýeti bilen arabaglanyşygy nämeden ybarat?
6. Hukuk bozulmalary nähili görnüşlere bölünýär?
7. Raýatyň hukuk medeniýeti nämeleri öz içine alýar?
8. Adamlarda jedelli meseleleleri kanuny ýollar bilen çözmek ukybyny kemala getirmek näme üçin gerek?

## § 7. Döwletiň daşary syýasaty

**Halkara gatnaşyklar. Diplomatik gatnaşyklar. Halkara guramalar. Halkara ynsanperwerlik hukugy.** Halkara arenasynda döwletleriň we halklaryň özara gatnaşyklaryny sazlaşdyrmaga niýetlenip geçirýän syýasatyna ***daşary syýasat*** diýilýär. Islendik döwletiň daşary syýasaty onuň içerki syýasatynyň özboluşly dowamydyr. Döwletiň daşary syýasaty onuň döwlet we jemgyýetçilik gurluşyndan, geosyýasy ýerleşişinden, tebigy baýlyklarynyň, adam resurslarynyň mümkinçiliklerinden we ş.m. beýleki şertlerden gelip çykýandyr.

Häzirki zaman dünýäsiniň döwletleriniň köpüsi öz daşary syýasatyny *deňhukuklylyk, birek-birege peýdaly, başga döwletleriň içerki işine gatyşmazlyk* ýaly baş ýörelgeler esasynda alyp barýarlar.

Döwletleriň daşary syýasaty ýörite döredilen edaralar tarapyndan alnyp barylýar. Köp döwletlerde daşary syýasat işini, esasan, ***döwletiň daşary işler ministrligi*** amala aşyrýar. Daşary syýasatyň ugurlarynyň kesgitlenilmeginde ýurduň parlamentiniň daşary gatnaşyklar baradaky komitetine hem aýratyn orun degişlidir.

Daşary ýurtlar we halkara guramalar bilen döwletiň adyndan resmi alnyp barylýan gatnaşyklara ***diplomatik gatnaşyklar*** diýilýär. Döwletiň daşary syýasaty ol döwletiň hyzmatdaşlyk edýän döwletlerinde we halkara guramalarynda hereket edýän ilçihanalar, wekilhanalar we konsul gulluklary tarapyndan amala aşyrylýar. Daşary ýurtlardaky ilçihanalarda, wekilhanalarda we konsul gulluklarynda işleýän işgärler öz eýeleýän wezipeleri boýunça we diplomatik işde bolan möhletine laýyklykda dürli derejelere bölünýärler. Mysal üçin, ilçilere *adatdan daşary we doly ygtyýarly*

*ilçi, aýratyn tabşyryklar boýunça ilçi, wagtlaýynça işler ynanylan adam* ýaly derejeler berilýär.

Döwletleriň arasyndaky gatnaşyklaryň we hyzmatdaşlyklaryň birnäçe görnüşleri bar. Olaryň hataryna syýasy--diplomatik gatnaşyklar, ykdysady hyzmatdaşlyk, söwda gatnaşyklary, dürli gumanitar – medeni (jemgyýetçilik durmuşynyň ylym, bilim, saglygy goraýyş, ekologiýa, sport, edebiýat, sungat, neşir işleri, medeni miras, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we ş. m. ugurlarynyň meseleleri bilen baglanyşykly) gatnaşyklar girýär.

Döwletleriň özara gatnaşyklaryna *döwletara gatnaşyklar* diýilýär. Olar hem ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklar ýaly görnüşlere bölünýär. Dünýäniň ähli döwletleriniň bilelikdäki ýa-da birnäçe döwletleriň bileleşip alyp barýan gatnaşyklaryna degişlilikde *halkara* we *sebitara gatnaşyklary* diýilýär. Halkara gatnaşyklaryna diňe döwletleriň özara gatnaşyklary däl, eýsem partiýalaryň, halkara guramalarynyň, ýurduň çäginde hereket edýän jemgyýetçilik guramalarynyň, halklaryň, kärhanalaryň, korporasiýalaryň we ş.m. arasyndaky gatnaşyklar-da degişlidir.

Halkara gatnaşyklarynyň esasy subýektleri hökmünde milli döwletler, döwletleriň birleşmeleri, döwletlere degişli we degişli däl halkara guramalary, jemgyýetçilik guramalary, syýasy partiýalar we syýasy hereketler, jemgyýetçilik we syýasy liderler çykyş edýärler. Eger-de döwletara gatnaşyklar degişli döwletleriň öz aralaryndaky şertnamalaryň we ylalaşyklaryň esasynda alnyp barylýan bolsa, halkara we sebitara gatnaşyklar has giň gerimli bolup, ählumumy kabul edilen (bütindünýä we sebitleýin görnüşlerde) resminamalar (*konwensiýalar, protokollar, şertnamalar, ylalaşyklar we ş. m.* esasynda) amala aşyrylýar. Halkara gatnaşyklar düşünjesi giň manyda döwletleriň

hemme görnüşdäki daşary gatnaşyklaryny (döwletara, sebitara gatnaşyklaryny) hem öz içine alýar.

Halkara gatnaşyklaryň ähli umumy kabul edilen resminamalar esasynda ýöredilmegine degişli ***halkara guramalar*** gözegçilik edýär. Häzirki döwürde dünýäde halkara guramalarynyň onlarçasy hereket edýär. Häzirki zaman halkara guramalarynyň içinde esasy orun *Birleşen Milletler Guramasyna* (BMG) degişlidir. BMG döwletleriň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmek, dünýäde parahatçylygy gorap saklamak, ähli umumy howpsuzlygy üpjün etmek maksatlary bilen döredilen halkara guramasydyr. BMG-niň Tertipnamasy (Ustawy) 1945-nji ýylyň 26-njy iýunynda San-Fransiskoda tassyklanyp, ol 1945-nji ýylyň oktýabr aýynyň 24-inde güýje girizilýär. BMG-niň baş edaralary şu aşakdakylardyr:

- *BMG-niň Baş Assambleýasy;*
- *Howpsuzlyk Geňeşi;*
- *Ykdysady we sosial işler boýunça geňeş;*
- *Goldaw beriş geňeşi;*
- *Halkara kazyýeti;*
- *Sekretariat.*

BMG-niň resmi dilleri hökmünde iňlis, ispan, hytaý, rus we fransuz dilleri ulanylýar. Baş Assambleýanyň we Howpsuzlyk geňeşiniň işlerinde bu dillerden başga arap dili hem ulanylýar. BMG-niň ştab-jaýy Nýu-Ýork şäherinde ýerleşýär.

BMG-niň dürli ugurlar boýunça iş alyp barýan halkara guramalary bar. Mysal üçin, BMG-niň UNISEF atly guramasy – çagalaryň we ýaşlaryň saglygynyň goralyşy, olara bilim berlişi, olaryň hukuklarynyň goralyşy ýaly meseleler babatda işleri alyp barýar. BMG-niň ÝUNESKO atly guramasy bolsa dünýäniň döwletlerinde bilim we ylym işleriniň ýöredilişine, medeni miraslaryň goralyşyna degişli meseleler bilen meşgullanýar.

Häzirki zaman dünýäsiniň abraýly halkara guramalarynyň hataryna Ýewropada howpsuzlygy we hyzmatdaşlygy üpjün etmek baradaky hemişelik hereket edýän Maslahat (ÝeHHM), Halkara Olimpiýa Komiteti (HOK), Halkara Walýuta Gaznasy (HWG), Halkara zähmet guramasy, Halkara saglygy saklaýyş guramasy, MAGATE, Bütindünýä Banky ýaly guramalar we başgalar girýär.

Görnüşi ýaly, halkara gatnaşyklar düşünjesi bir umman ýaly giň, çuň we ägirt bir zatdyr. Ol gatnaşyklary kadalaşdyrmak, düzgünleşdirmek geçmişde we häzirki ählumumy globallaşma eýýamynda iň derwaýys meseleleriň biri bolupdyr. Adamzat halkara gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekde müňýyllyklaryň dowamynda birnäçe ahlak we hukuk düzgünlerini döredipdir. Halkara gatnaşyklary halkara hukugy tarapyndan kadalaşdyrylýandyr.

Halkara derejesinde döwletleriň, halklaryň, syýasy we jemgyýetçilik guramalarynyň, raýatlaryň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrmaklyga niýetlenen hukuk düzgünlerine ***halkara hukugy*** diýilýär. Ol hukuk düzgünleri döwletler, halkara guramalary tarapyndan kabul edilýär. Olar hereket ediş meýdany boýunça ählumumy we sebitleýin görnüşde bolýarlar. Ählumumy halkara hukuklary dünýäniň ähli döwletleri tarapyndan ykrar edilen kadalardyr. Sebitleýin halkara hukugy bolsa döwletleriň belli bir toparynyň, köplenç ýagdaýda, bir sebitde ýerleşen döwletleriň arasynda hereket edýändir. Halkara hukugynyň esasy ýörelgeleri BMG-niň düzgünnamalarynda, 1970-nji ýylda kabul edilen Halkara hukugynyň ýörelgeleri hakyndaky Jarnamada, Ýewropada hyzmatdaşlyk we howpsuzlyk Geňeşiniň 1975-nji ýyldaky mejlisiniň jemleýji aktynda we beýleki resminamalarda öz beýanyny tapýar. Halkara hukugynyň esasy ýörelgeleri halkara gatnaşyklary ulgamynyň esaslaryny berkitmek we goramak, olaryň ýaşamagyna hem ösmegine

ýardam bermek, parahatçylyk, howpsuzlyk, ýaşaýyş, saglyk, hyzmatdaşlyk ýaly umumadamzat ynsanperwerlik gymmatlyklaryna daýanýandyr.

Adamyň esasy hukuklaryny we azatlyklaryny goramak hem halkara hukugynyň esasy maksatlarynyň we ýörelgeleriniň biridir. Bu iş soňky döwürde has köp üns berilýän meseleleriň biridir. Onuň halkara gatnaşygyna edýän täsiri örän uludyr. Ýörelge 1948-nji ýylda kabul edilen «Adam hukuklary baradaky ählumumy Jarnama» esaslanýandyr.

Halkara hukuklarynyň esasy ýörelgeleri häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň ýagdaýyny şöhlelendirýär. Halkara gatnaşyklarynyň üýtgemegi, ösmegi bilen birlikde ýörelgeleriň hem many-mazmunynda özgertmeler bolup geçýär.

**Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ýörelgeleri. Türkmenistan we halkara hukugy.** Türkmenistan öz garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap, ählumumy ykrar edilen halkara ýörelgelerden ugur alyp, dünýäniň ýurtlary bilen hoşniýetli, parahatçylyk söýüjilikli, bitarap, dostlukly gatnaşyklary ýola goýup, iş ýüzünde «açyk gapylar» syýasatyny alyp bardy. 1995-nji ýylyň dekabr aýynyň 12-sine Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň kabul eden çözgüdi netijesinde Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy resmi taýdan ykrar edildi. Türkmenistanyň bitaraplyk syýasaty BMG tarapyndan ykrar edilen dünýäde ilkinji döwlete, Aziýada ilkinji ylalaşdyryjy merkeze öwrüldi. Dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy onuň içeri we daşary syýasatynyň esasy bolup durýandyr.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 6-njy maddasynda bellenilişine görä, «Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly subýekti bolup, daşary syýasatda hemişelik bitaraplyk, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk,

güýç ulanmazlyk we harby bileleşiklere hem birleşmelere goşulmazlyk, sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam bermek ýörelgelerine eýerýär». Türkmenistanyň halkara gatnaşyklaryndaky orny we alyp barýan işleri, ilki bilen, türkmen döwletiniň daşary syýasatyna esaslanýar. Türkmen döwletiniň daşary syýasaty bolsa milli bähbitlerden we döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk derejesinden ugur alýar. Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň esasy konseptual ýörelgeleri aşakdakylardan ybarat:

- *Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygyny gorap saklamak we pugtalandyrmak, halkara gatnaşyklary ulgamynda onuň ornuny we ähmiýetini ýokarlandyrmak;*
- *döwletiň içerki ösüşleri üçin ýokary derejede amatly daşary syýasy şertleri döretmek;*
- *halkara diplomatik aragatnaşyklaryň ähli görnüşleriniň üsti bilen Türkmenistanyň bähbitlerini goramak we durmuşa geçirmek;*
- *ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen deňhukukly we birek-biregi hormatlamak esasynda özara bähbitli konstruktiw hyzmatdaşlygy ösdürmek;*
- *Daşary syýasatyň halkara hukugyna we BMG-niň Düzgünnamasyna doly laýyk gelmegini üpjün etmek.*

Türkmenistan halkara gatnaşyklarynyň subýekti hökmünde halkara hukugyny goldaýar we hormatlaýar. Özüniň alyp barýan daşary syýasatynda halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutýar. Konstitusiýamyzda bellenilişine görä, *«Eger-de Türkmenistanyň halkara şertnamasynda Türkmenistanyň kanunyndakydan başga kadalar bellenen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar».* Türkmenistan halkara hukugynyň talaplaryna laýyklykda köpçülikleýin gyryş ýaraglarynyň,

halkara terrorizminiň, guramaçylykly jenaýatçylygyň, neşe serişdeleriniň ýaýradylmagyna we häzirki zamanyň beýleki howplarynyň garşysyna aýgytly göreş alyp barýar. Türkmenistan diňe bir terrorçylyk hereketlerini, jynsy, dini we syýasy ekstremizmi düýpli ýazgarmak bilen çäklenmän, eýsem olaryň öňüni almak we olara garşy göreşmek bilen baglanyşykly berk kanunçylyk we amaly çäreleri yzygider durmuşa geçirýär.

**Türkmenistanyň bitaraplygynyň taryhy esaslary, aýratynlyklary we ähmiýeti.** 1995-nji ýylyň dekabr aýynyň 12-sinde 185 döwletiň biragyzdan goldamagynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň *Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy* atly taryhy Kararnamasyny kabul etmegi türkmen halkynyň taryhynda iň ajaýyp wakalaryň we iň beýik ýeňişleriň biridir.

Bu taryhy we abraýly derejä ýetmek üçin Türkmenistan birnäçe meseleleri çözmeli boldy. Türkmenistan iş ýüzünde hoşniýetli, *«açyk gapylar»* parahatçylyk söýüjilikli, bitarap daşary syýasatyny alyp bardy. Hiç hili urşa-galmagala, harby we syýasy guramalara goşulyşmady. Uruşýan döwletlere hemaýat etmedi, ýaraglanma üns bermedi, beýleki döwletleriň harby bazalaryny öz çäginde ýerleşdirmedi. Şol ýyllaryň dowamynda Türkmenistan BMG-niň we onlarça halkara, sebitara guramalaryň agzasy boldy. Ol guramalaryň işine işeňňir gatnaşdy. Ençeme halkara konwensiýalara goşulyşdy. Galyberse-de, geljekki ylalaşdyryjy merkeziň – dünýäniň ähli künjeklerinden gelim-gidimiň juda köpeljek döwletiň paýtagtynda zerur boljak şäher infrastrukturasy döredildi: halkara howa menzili, dünýä derejeli myhmanhanalar, banklar, köşkdür-metjitler, stadionlar, seýilgähler guruldy. Telefon aragatnaşygy we ulag ulgamy kämilleşdirildi. Howa ýollary giňeldildi. Türkmenistandan Zeminiň islendik ýurdy bilen habarlaşar ýaly şertler döredildi.

Şeýlelikde, Türkmenistan dünýä bileleşigine Aziýada ylalaşdyryjy merkeziniň zerurlygyny, ol wezipäni öz gerdenine alyp biljekdigini, ýurduň geografiki taýdan amatly ýerde ýerlesip, halkara hyzmatdaşlygynyň bähbitlerine uly peýda berip biljekdigini, bitaraplygyň döwletimiziň milli bähbitlerine laýyk gelýändigini subut etmegi başardy.

Türkmenistanyň bitaraplyk derejesini alyş taryhynyň soňky sahypalary 1995-nji ýylyň mart-dekabr aýlarynda ýazyldy. Türkmenistanyň bitaraplygy ilki bilen EKO – Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasyna girýän ýurtlaryň döwlet hem-de hökümet baştutanlarynyň 3-nji duşuşygynyň jemleri boýunça kabul edilen ***Yslamabat Jarnamasy*** bilen tassyklandy (*Yslamabat 1995,15-nji mart*).

Soň Goşulmazlyk hereketine girýän ýurtlaryň döwlet we hökümet baştutanlarynyň konferensiýasynyň ***Jemleýji dokumenti*** (1995-nji ýylyň 20-nji oktýabr, Kartahena ş., Kolumbiýa) bilen tassyklandy.

1995-nji ýylyň dekabr aýynyň 12-sine Türkmenistan we sebit üçin örän ähmiýetli bolan *Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy* atly taryhy ***Kararnama*** BMG-niň Baş Assambleýasynyň ähli agzalarynyň goldamagynda kabul edilýär.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň 1995-nji ýylyň dekabr aýynyň 27-sinde geçirilen mejlisinde döwletiň bitaraplyk derejesini hukuk taýdan resmileşdirmek hakynda degişli kararlar kabul edilýär.

Türkmenistanyň bitaraplygy gelip çykyşy boýunça ykrar edilendir, görnüşi boýunça hemişelikdir, ýagny, wagt bilen çäklendirilen däldir, manysy boýunça pozitiwdir, konstruktiwdir. Türkmenistan öz bitaraplyk derejesini parahatçylyk ýoly bilen hiç-hili uruşlar bilen baglanyşyksyzlykda gazanan döwletdir.

5 Sargyt № 740

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr» atly kitabynda şeýle jümleler bar: *«Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden Türkmenistan hemişelik bitaraplygy döwlet-syýasy ülňüsi hökmünde seçip aldy. Bütin dünýäde ilkinji gezek BMG tarapyndan ykrar edilmek hormatyna mynasyp bolan Türkmen Bitaraplygy hakykatdan hem gudratdyr».*

Bitaraplyk türkmen döwletiniň baş sütünleriniň biridir. Aýratyn bir bellemeli zatlaryň biri: bitaraplyk döwletimize asudalykda, agzybirlikde, erkana ýaşamaga, ýurt garaşsyzlygyny berkitmäge, batly gadamlar bilen öňe gitmäge giň mümkinçilik açdy. Ol häzirki zaman dünýäsiniň galagoply döwründe Türkmenistanyň uruş belasyndan, islendik döwleti gowşadýan, biderek goh-galmagallardan hem daşlaşdyrdy.

Bitaraplyk derejesi Türkmenistanyň dünýädäki dostlarynyň, bir giden durmuş ulgamlary boýunça hyzmatdaşlyk edýän döwletleriniň sanynyň köpelmegine, onuň halkara işjeňliginiň we abraýynyň artmagyna getirdi. Türkmenistanyň bitaraplygy Merkezi Aziýa sebitinde dartgynlyklygyň peselmegine, howpsuzlygyň berkemegine, döwletara gatnaşyklarynyň ýygjamlaşmagyna, hyzmatdaşlygyň pugtalanmagyna we ösmegine, birnäçe konfliktleriň öňüniň alynmagyna ýardam etdi. Bitarap we ylalaşdyryjy merkez hökmünde Türkmenistanyň bitiren hyzmatlary onuň abraýyna-abraý, derejesine-dereje goşdy.

Türkmenistanyň bitaraplyk derejä eýe bolmagy, Aziýada ylalaşdyryjy merkeze öwrülmegi tötänden däldir. Türkmenistanyň hoşniýetli, oňyn bitarap daşary syýasaty halkyň milli häsiýetine kybap gelýän, kökleri halkyň uzak taryhynyň jümmüşine aralaşýan hadysadyr.

**Türkmenistan halkara gatnaşyklary ulgamynda.** Garaşsyzlyk ýyllarynda bitarap daşary syýasaty dünýä bilelişigi tarapyndan ykrar edilen, Aziýada ylalaşdyryjy merkeze öwrülen Türkmenistan özüniň hoşniýetli, parahatçylyk söýüjilikli, bitarap daşary syýasaty bilen halkara gatnaşyklar ulgamynda uly abraýa we orna eýe boldy.

Häzirki döwürde Türkmenistan dünýäniň 130-dan gowrak döwletleri bilen diplomatik, 100-den gowrak döwlet bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryny alyp barýar. Ol 40-dan gowrak halkara guramalarynyň işjeň agzasydyr. Türkmenistanyň diplomatik ilçihanalary we konsullyk gulluklary dünýäniň 40-a golaý döwletinde hereket edýär. Türkmenistanda daşary ýurtlaryň we halkara guramalarynyň 30-dan gowragynyň wekilhanalary akkre-



**Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-niň Baş Assambleýasynda çykyş edip duran wagty**



**BMG-niň agza döwletleriniň baýdaklary**

ditasiýa edildi. Halkara guramalarynyň birnäçesinde Türkmenistanyň wekilleri işleýär.

Türkmenistan ikitaraplaýyn gatnaşyklar ýörelgesini iş ýüzünde giňişleýin ulanýar. Garaşsyzlyk ýyllary içinde Russiýa Federasiýasy, ABŞ, Gazagystan, Eýran, Özbegistan, Türkiýe, Hytaý, Hindistan, Päkistan, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Ukraina, Belarus, Birleşen Arap Emirlikleri ýaly döwletler bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň mizemez binýady döredildi.

Türkmenistanyň özboluşly daşary syýasaty, onuň hemişelik Bitaraplygy dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan häzir doly goldanylýar. Türkmenistan Merkezi Aziýa sebitinde howpsuzlygy üpjün etmegiň we geosyýasy deňagramlylygyň saklanmagynyň esasy girewiniň biri hökmünde ykrar edildi. Türkmenistanyň daşary syýasatda gazanan ajaýyp üstünliklerini we halkara gatnaşyklar ulgamynda tutýan

ornuny suratlandyrmak üçin aşakdaky maglumatlary getirmek hem ýeterlikdir.

Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji, 64-nji we 68-nji sessiýalarynyň wise-başlyklygyna saýlanyldy. 2007-nji ýylyň dekabrynda Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkezi açyldy. 2008-nji ýylyň aprelinde Aşgabatda Ýewropa Bileleşiginiň «***Ýewropa öýi***» açyldy.

Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň BA-nyň 63-nji sessiýasynda BMG agza döwletleriň 192-siniň biragyzdan ses berilmegi bilen «*Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty*» hakyndaky Kararnama kabul edildi. Bu taryhy resminama 57 sany döwlet awtordaş boldy.

Täze Galkynyş we Berkarar döwletiň bagtyýarlyk eýýamlarynda Türkmenistanyň tagallasy we başlangyjy bilen birnäçe sebit we dünýä ähmiýetli gurluşyklar we taslamalar ýerine ýetirildi we alnyp barylýar. («Türkmenistan–Hytaý, Türkmenistan – Eýran gaz geçirijileri, Amyderýanyň üstünden birnäçe demir ýol we awtomobil ýol köprüleri, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy, Gazagystan – Türkmenistan–Eýran, Türkmenistan – Owganystan – Täjigistan halkara demir ýollary we başgalar).

2011-nji ýylyň 27–28-nji aprelinde BMG-niň Ykdysady we Sosial Geňeşiniň (EKOSOS) guramaçylyk mejlisinde Türkmenistan 2012–2015-nji ýyllar döwri üçin BMG-niň ***ilat we ösüş boýunça Komissiýasyna,*** 2012–2015-nji ýyllar döwri üçin BMG-niň ***neşe serişdeler boýunça Komissiýasyna*** we Hemişelik esasda BMG-niň bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissarynyň Maksatnamasynyň ***Ýerine ýetiriji komitetine*** agza saýlandy. Türkmenistan 2012-nji ýylda ***GDA*** guramasyna başlyklyk etdi. 2012-nji ýylyň noýabr aýynda Türkmenistan BMG-niň ykdysdy we sosial

komitetine 2013–2015-nji ýyllar aralygyna agza saýlandy. 2013-nji ýylyň aprelinde Türkmenistan BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň Başlygynyň orunbasarlygyna saýlandy. 2013-nji ýylyň 13-nji noýabrynda bolsa Türkmenistan ÝUNESKO-nyň 2013–2017-nji ýyllar üçin ýerine ýetiriji Geňeşiniň agzalygyna saýlandy.

Ýokarda getirilen maglumatlar we mysallar garaşsyzlyk ýyllarynda, ylaýta-da, Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe, Türkmenistanyň halkara abraýynyň we işjeňliginiň, daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň hil taýdan ýokary göterilendigine şaýatlyk edýär.

**Soraglar we ýumular:**

1. Daşary syýasat diýmeklik nämäni aňladýar?
2. Halkara gatnaşyklary düşünjesi öz içine nämeleri alýar?
3. Halkara resminamalarynyň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz?
4. Siz haýsy halkara guramalaryny bilýärsiňiz?
5. Diplomatik gatnaşyklar barada gürrüň beriň.
6. BMG haçan we näme üçin döredildi?
7. Türkmenistanyň daşary syýasaty haýsy ýörelgeler esasynda alnyp barylýar?
8. Türkmenistanyň Bitaraplygynyň aýratynlyklary we ähmiýeti barada aýdyp beriň.

# II bap
# Jemgyýet we tebigat

## § 1. Jemgyýet we tebigat

**Adam bilen tebigatyň arabaglanyşygy we özara täsiri baradaky garaýyşlaryň taryhy.** Adam bilen tebigatyň arabaglanyşygy baradaky mesele köp wagtlaryň dowamynda geçmiş akyldarlaryny, filosoflary, alymlary gyzyklandyryp gelen meseleleriň hataryna girýär. Dürli döwürlerde bu mesele dogrusynda dürli hili pikirler we garaýyşlar öňe sürlüpdir.

Jemgyýet bilen baglanyşykly ylmy garaýyşlaryň taryhynda köp wagtlaryň dowamynda tebigatyň üstünden agalyk etmek pikiri ýörgünli bolupdyr. Şonuň ýaly garaýyşlar tebigata wagşyçylykly çemeleşmekligi, tebigat bilen baglanyşykly eden-etdilikleri goldap gelipdir. Netijede, uzak wagtlaryň dowamynda *«Adam – tebigatyň şasy»* diýlen şygara eýerilip, dünýäniň köp ýerlerinde tebigy serişdeler gereginden artyk ulanylypdyr, tokaýlar çapylypdyr, öri meýdanlar çöllük ýerlere öwrülipdir, hasylly topraklar şorlaşdyrylypdyr, garaz, tebigata zarba yzyna zarba urlup gelnipdir. Bu hereketler bolsa, ahyrky netijede, çözmesi kyn bolan birnäçe sebitleýin we globallaýyn derejedäki ekologik meseleleriň ýüze çykmagyna getiripdir.

Emele gelen şeýle gözgyny ýagdaýa göz ýetirilip başlanmagy XX asyryň ikinji ýarymynda jemgyýet bilen tebigatyň arabaglanyşygy meselesine degişli täze pikirleriň peýda bolmagyna getripdir. Bu pikirler, esasan, ylmy-teh-

niki progresiň tebigaty dargadyjy güýje öwrülip, ekologik deňagramlylygyň bozulmagyna getirenligi, daşky sredanyň çakdanaşa hapalanmagy ýaly hadysanyň ýüze çykaranlygy, tebigatda gaýtadan dikeltmek mümkinçiligi bolmadyk gymmatlyklaryň ýok edilip, oňa uly zeper ýetirilenligi, tebigy baýlyklaryň dargadylyp başlananlygy ýaly garaýyşlardan ybaratdyr. Şeýle garaýyşlaryň esasynda ekologiýanyň goraglylygynyň bütin dünýä möçberinde üpjün edilmelidigi baradaky ählumumy pikir emele gelip başlady.

**Jemgyýet bilen tebigatyň gapma-garşylygy we özara täsiri. Zähmet gurallarynyň kämilleşmeginiň we tehnologiýalaryň ösmeginiň adamyň tebigata bolan täsiriniň artmagyna getirmegi.** Jemgyýet we tebigat aýratyn, özbaşdak, biri-birleri bilen gapma-garşylykly ulgamlar bolsalar-da, olar biri-birleri bilen özara baglanyşykda bolan ulgamlardyr.

Häzirki döwürde tebigat bilen jemgyýetiň arasyndaky gapma-garşylygyň adamyň tebigatyň üstünden agalyk etmegi esasynda ýeňlip geçilmegi hakyndaky ýalňyş pikirden ýüz öwrülip, bu gapma-garşylygyň tebigat bilen jemgyýetiň hyzmatdaşlygy esasynda çözülmelidigi hakyndaky dürs pikire gelinmelidigi äşgär duýlup başlandy.

Başlangyç döwürde jemgyýet bilen tebigatyň arasyndaky gapma-garşylyk tapawut görnüşinde ýüze çykypdyr. Ilkidurmuş adamlary özleriniň döreden ýöntem zähmet gurallarynyň kömegi bilen özüniň ýaşaýşy üçin zerur bolan serişdeleri tebigatdan alyp gelipdirler. Emma gadymy adamlaryň zähmet gurallarynyň ýöntemligi olaryň tebigata edýän täsirini haýwanlaryň tebigata edýän täsirinden artyk etmändir. Wagtyň geçmegi bilen adamlar öz zähmet gurallaryny barha kämilleşdirip, özleriniň daşky gurşawa edýän täsirini artdyrypdyrlar. Netijede, adamzat jemgyýeti tebigatdan aýrabaşgalaşan, garaşsyz, özbaşdak ulgama öwrülipdir. Hut şol döwürden başlap hem tebigat bilen

jemgyýetiň arasynda gapma-garşylyk döräp ugrapdyr we barha ýitileşipdir. Ýöne beýle diýildigi adamlaryň tebigatdan düýpgöter üzňeleşmegini aňlatmaýar. Adamlar elmydama öz ýaşaýyş-durmuşy üçin zerur bolan zatlaryň hemmesini diýen ýaly tebigatdan almagyny dowam etdiripdirler.

Zähmet gurallarynyň kämilleşmegi bilen jemgyýetiň daşary gurşawa edýän täsiri barha güýçlenipdir. Önümçiligiň ösdürilmegi adamyň tebigaty boýun egdirmeklige gönükdirilen meýilleriniň we niýetleriniň barha güýjänligine şaýatlyk edýär. Emma şol bir wagtyň özünde adamyň tebigata baglylyk derejesi artykmaç peselmändir. Adam öz zähmeti bilen iň kämil jandara öwrülip bilen hem bolsa, özüniň tebigatsyz ýaşap bilmejekligine barha çuňňur göz ýetirip başlapdyr.

Tebigatyň belli bir özbaşdak bölegi hökmünde jemgyýet tebigatdan hiç haçan üzňeleşmändir, gaýtam, onuň özboluşly dowamy bolupdyr, onuň täsiriniň astynda kämilleşipdir we ösüpdir. Degişli tebigy şertler adamlaryň durmuşyna öz aýgytly täsirini ýetiripdir, jemgyýetiň, medeniýetiň, siwilizasiýalaryň köpdürliligini kesgitläpdir. Emma şol bir wagtda tebigat hem jemgyýetiň «guramaçylyk» güýjüniň täsiriniň astyna düşüpdir. Adamlar tebigaty öz isleglerine laýyklykda «medenýetleşdirip», ony emeli taýdan «düzgünleşdirip» başlapdyrlar.

Bu ýerde esasy mesele hökmünde şol täsiriň ölçegi bilen bagly mesele öňe çykýar.

Jemgyýet bilen tebigatyň özara täsiriniň taryhyny birnäçe döwürlere bölmek mümkin. Alymlaryň bir topary tebigat bilen jemgyýetiň özara täsiriniň döwürlerini maddy önümçiligiň ösmegi, tehnologiýalaryň kämilleşmegi bilen baglaşdyrýarlar. Şu nukdaý nazardan jemgyýet bilen tebigatyň özara täsiriniň döwürleri aşakdaky ýaly üç tapgyra bölünýärler:

- *el güýjine esaslanýan önümçiligiň döwri;*
- *maşyn önümçiliginiň döwri;*

• *awtomatlaşdyrylan önümçilik döwri.*

Alymlaryň başga bir topary bolsa jemgyýet bilen tebigatyň özara täsiriniň ösüş taryhyny tebigy gurşawdan jemgyýete zatlaryň we energiýanyň akymlarynyň ösüşiniň tebigy çäklenmesiniň yzgiderli aradan aýrylyşynyň taryhy hökmünde garaýarlar. Bu toparyň wekilleri hem tebigat bilen jemgyýetiň özara täsiriniň taryhy döwürlerini üç tapgyra bölýärler. Olar *birinji döwri* önümçiligiň tebigy energetiki çeşmeleriň ulanylmagy esasda alnyp barlanlygy (mysal üçin, ýeliň güýji esasynda hereketlenýän tehnologiýalar – ýel degirmenleri, ýelkenli gämiler we ş.m.) bilen, *ikinji döwri* XVIII–XIX asyrlarda bug maşynynyň oýlanyp tapylmagy esasynda senagat önümçiliginiň döremegi bilen, *üçünji döwri* bolsa gözbaşyny XX asyryň ortalaryndan alyp gaýdýan häzirki zaman ylmy-tehniki rewolýusiýasy bilen baglaşdyrýarlar.

Hakykatdan-da, XX asyrda jemgyýet bilen tebigatyň özara täsiriniň täze döwri başlandy. Bu döwür adam bilen jemgyýetiň tebigata garşy goýulmagyny aradan aýyrmaklyga, *«tebigat strategiýasyny»* we *«adam strategiýasyny»* utgaşdyryp, täze, olaryň arasynda şu güne çenli amal edilip bilinmedik sazlaşygy döretmeklige getirdi. Emma, gynansakda, bu synanyşma ähli ýerde doly amal edilip bilinmedi. Netijede, bütin dünýä möçberinde globallaýyn häsiýetli, belli bir sebitler üçin häsiýetli sebitleýin we ýurtlaryň öz çäkleri üçin häsiýetli bolan ýerli ekologik problemalar (çözmesi kyn bolan meseleler) ýüze çykdy. Tebigata bolan biryanly garaýyş, ýagny oňa diňe peýdalanmak çeşmesi hökmünde garamak Türkmenistan üçin hem, onuň garaşsyzlygyndan öňki – sowet döwri üçin hem häsiýetli bolupdy. Ekologik täsirler göz öňünde tutulman, tebigatyň baýlyklary örän uly möçberde ulanylyp, diňe çig mal öndürmeklige gönükdirilen önümçilik ösdürilip, tebigata uly zyýan ýetirildi.

Jemgyýet bilen tebigatyň özara täsiri bilen baglanyşykly dörän globallaýyn (dünýä möçberinde), sebitleýin we milli möçberdäki ekologik hadysalar «ekologik katastrofa», «ekologik krizis (çökgünlik)» ýaly meseleleriň ýüze çykmagy we olara aýratyn üns berilmegi döwrüň talabyna öwrüldi.

**Sorag we ýumuş:**

1. Adam bilen tebigatyň arabaglanyşygynyň esasy görnüşlerini sanaň.
2. Tebigat bilen jemgyýetiň özara täsirinden döreýän meseleler dogrusynda dürli taryhy döwürlerde nähili garaýyşlar peýda bolupdyr?

## § 2. Häzirki döwrüň ekologik meseleleri

**Geografik gurşaw.** Jemgyýet bilen tebigatyň arasyndaky arabaglanyşyk we özara täsir hakyndaky gürrüňlermizi dowam edip, bu gürrüňlermiziň has düşnükli bolmagy üçin ilki bilen *geografik gurşaw, biosfera we noosfera* diýilýän düşünjeleriň üstünde durup geçeliň.

Gürrüňi *geografik gurşaw* diýilýän düşünjeden başlamakçy bolýanlygymyz ýöne ýerden däl. Sebäbi islendik jemgyýetiň ýaşaýyş-durmuşy tutuşlygyna diýen ýaly (iň bolmanda örän köp derejede), onuň Ýer togalagynyň haýsy ýerinde, ýagny haýsy geografik giňişlikde ýerleşýänligi bilen bagly.

Her bir aýratyn alnan jemgyýetiň ýerleşýän geografik gurşawy degişli territoriýany «eýeleýär», özüne mahsus klimaty bilen tapawutlanýar, onuň öz suw gorlary (resurslary), ösümlik we haýwanat dünýäleri bar.

Geografik gurşaw degişli çägiň (territoriýanyň) *geografik ýerleşişi* bilen, ýagny onuň Ýer togalagynyň Günorta we Demirgazyk polýuslaryndan we ekwatordan daşlygy ýa-da olara ýakynlygy, çägiň Ýeriň haýsy materigine degişlidigi,

ol ýa-da beýleki bir adada ýerleşýänligi, çäginiň geografik ýerleşişine laýyklykda, ýurtlaryň howa şertleri, haýwanat we ösümlik dünýäleri, topragynyň hili we ş.m. biri-birleriniňkiden tapawutlanýar.

Geografik gurşaw degişli territoriýanyň *üstki gurluşy* (relýefi) bilen hem tapawutlanýar. Çäkde dag gerişleriniň we gaýalarynyň barlygy ýa-da ýoklugy, olaryň beýikligi, tekizlikleriň we çökgütlikleriň barlygy ýa-da ýoklugy, eger-de çäk deňiz bilen çäkleşýän bolsa, kenar ýakasynyň uzynlygy – bularyň barysy ýeriň relýefiniň aýratynlyklaryny häsiýetlendirýän alamatlar hasaplanylýar.

Territoriýanyň *topragynyň häsiýetli aýratynlyklary* (topragynyň batgalyklygy, goňur topraklylygy, çägesöwligi, takyrlykdygy we ş.m.) hem ol ýa-da beýleki geografik gurşawlary biri-birlerinden tapawutlandyrýar.

Territoriýalar *ýeriň geologik gurluşy we gazylyp alynýan baýlyklary* bilen hem biri-birlerinden tapawutlandyrylýar.

Territoriýalar öz *klimaty* bilen, ýagny çägiň üstüne Günden gelýän şöhleleýin energiýanyň mukdary we hili, howanyň temperaturasy, onuň her gije-gündiziň dowamynda we pasyllaýyn üýtgeýşi, howanyň çyglylygy, garyň galyňlygy, topragyň düzüminde müdimi buzlugyň derejesi, bulutlylyk we bulutly günleriň sany, şemalyň ugurlary we güýji, howanyň durnuklylyk derejesi we gaýtalanyp durmagy we ş.m. bilen hem tapawutlanýarlar.

Georafik gurşawyň *suw resurslary* (gorlary) öz içine deňizleri, derýalary, kölleri, mineral we beýleki görnüşli suw çeşmelerini, ýer asty suw gorlaryny alýar.

Georafik gurşawyň *ösümlik we haýwanat dünýäsini* çäkde, ýagny onuň üstünde, astynda, topragynda, suwunda we howasynda bar bolan ähli janly organizmleriň köplügi, ýagny ähli ösümlikler, haýwanlar, guşlar, mör-möjekler, mikroorganizmleri emele getirýär.

Görşümiz ýaly, *geografik gurşaw* düşünjesi ýönekeý düşünje däl. Onuň üstünde ýörite durup geçmegimiz hem ýöne ýerden däl. Sebäbi ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, jemgyýetçilik durmuşy geografik gurşaw bilen bagly. Jemgyýet bilen tebigatyň arabaglanyşygy meselesi hem, ilkinji nobatda, geografik gurşawyň jemgyýete ýetirýän täsiri meselesine, ýagny geografik gurşawyň şertleriniň jemgyýete nä derejede täsir edýänligi baradaky meselä syrygýar.

Emma jemgyýetiň tebigat bilen arabaglanyşygy diňe geografik gurşawa bagly däl.

**Biosfera we noosfera düşünjeleri.** Adamzadyň tebygy ýaşaýşynyň geografik gurşawdan hil taýdan tapawutly gurşawyna *biosfera* diýlip, oňa ähli janly bedenleriň (organizmleriň) umumy köplügini özünde jemleýän gurşaw hökmünde düşünilýär. Biosferanyň düzümine şu aşakdakylar degişldir:




**Biosfera, atmosfera, litosfera we gidrosfera**

- *janly maddalar – ähli janly bedenleriň (ösümlikleriň, haýwanlaryň we uşak bedenleriň) toplumy;*
- *biologik gelip çykyşly maddalar – janly bedenler tarapyndan döredilen organo-mineral ýa-da organiki önümler (torf,daşkömür, nebit we ş.m.);*
- *biokos maddalar – janly bedenleriň jansyz tebigy maddalar (suw, atmosfera, dag jynslary, toprak örtügi) bilen bilelikde döredýän maddalary.*

Alymlaryň hasaplamalaryna görä, biosfera Ýerde mundan 1-2 mlrd. ýyl ozal döräp, hemişe deňagramlylykda we ösüşde (ewolýusion görnüşde) bolupdyr. Ýer ýüzünde bar bolan ähli janly maddalaryň ewolýusion ösüşiniň iň ýokary basgançagynda adam durýar. Ol biologik görnüş hökmünde uzak taryhy döwrüň dowamynda bolup geçen ewolýusion özgertmeleriň netijesinde aňly jandara öwrülip, öz ýaşaýyş durmuşy üçin zerur bolan önümleri öz oýlap tapan zähmet gurallaryny ulanyp, öndürip başlapdyr we özüniň ýaşaýyş durmuşynyň tebigy gurşawdan tapawutly emeli gurşawy (ýaşaýyş jaýlaryny, şäherleri, azyk önümlerini, egin-eşikleri, maşynlary, kärhanalary we ş.m.) döredipdir. Adamyň täsiri astynda biosferanyň ewolýusiýasynyň täze döwri başlanypdyr.

Biosferada dörän täze, pikirlenip bilýän, paýhasly gatlaga, ýagny adam aňy arkaly döredilen gatlaga bu gün *noosfera* diýlip at berilýär. Bu düşünje ylmy dolanyşyga fransuz matematigi ***Eduard Lerua*** (1870–1954) we filosofy ***Pýer Teýýar de Şarden*** tarapyndan girizilen-de bolsa, ol ylmy taglymat derejesine rus alymy ***Wladimir Iwanowiç Wernadskiý*** (1863–1945) tarapyndan ýetirildi.

Biosfera *atmosferada* (howa gurşawynda), *litosferada* (ýerasty gatlakda) we *gidrosferada* (suw gurşawynda) duş gelýän janly bedenleriň ýaşaýan we işjeňlik görkezýän gatlaklarydyr. Biosferanyň ýokarky araçägi Ýer üstünden 10--12 *km* beýiklige, aşaky araçägi bolsa Ýer gabygynyň 2-3 *km* çuňlugyna çenli uzaýar. Bu maglumatlar biosferanyň Ýer

üstüniň ujypsyz, gaty ýukajyk bölegini tutup, atmosfera, gidrosfera hem-de litosfera bilen aýrylmaz baglanyşyklydygyny aňladýar. Adamyň bosferanyň aňly bölegiligi oňa özüni gurşap alýan atmosfera, gidrosfera we litosfera paýhasly we aýawly çemeleşmelidigini zerurlyga öwürýär.

**Ekologik meseleler we olaryň sebäpleri. Ekologik deňagramlylygyň bozulmagynyň daşky gurşawa ýetirýän zyýany. Howanyň üýtgemegi.** Adamyň öz eli bilen, täzeden-täze tehnologiýalary ulanyp, tebigata ýetiren täsiri daşky gurşawda döreden çözülmesi kyn meselelerine *ekologik problemalar (meseleler)* diýilýänligi barada biz ýokarda hem durup geçipdik. Ekologik meseleleriň iň esasylary howanyň, suw gorlarynyň we topragyň adamlaryň akyl-paýhassyz we rejesiz ulanmagy netijesinde hapalanmagydyr.

Eger-de suw gurşawynyň hapalanmagy, esasan, janly bedenler we ösümlikler üçin howply bolsa, topragyň zaýalanmagy ýer üstünde ösdürilip ýetişdirilýän ösümlikleriň hasyllylygynyň peselmegine, ýerden köp hasyl alynjak bolnup, topraga dürli mineral dökünleriň we himikatlaryň dökülmegi ýerden alynýan azyk önümleriniň adam saglygy üçin ekologik taýdan howply bolmagyna getirýär. Ekerançylyk üçin ulanylýan ýerleriň çendenaşa köp suwarylmagy ýerleriň şorlaşmagyna, tokaý agaçlarynyň çakdanaşa köp çapylmagy çölleşme diýlip atlandyrylýan hadysanyň döremegine sebäp bolýar. Häzirki döwürde adam täsiriniň esasynda howanyň düzümi hem hapalanyşa sezewar edildi. Alymlaryň hasaplamalaryna görä adamyň işjeňliginiň täsiri netijesinde her ýyl Ýer üstünde 25,5 *mlrd* tonna kömürturşy gazynyň birleşmeleri, 190 million tonna kükürtturşusynyň garyndylary, 65 million tonna azot turşusy, 1,4 million tonna hlorftoruglerod birleşmeleri (freonlar), gurşunyň organiki birleşmeleri, uglewodorod zyňyndylary atmosfera ho-

wasyna goşulýar. Bularyň hemmesi adam saglygy üçin-de, tutuş biosfera üçin-de zyýanly we howplydyr.

Howa atmosferasynyň hapalanmagy *«parnik hadysalary»* we *«ozon deşikleri»* diýlip atlandyrylýan hadysalaryň ýüze çykmagyna getirip, adamzat jemgyýetiniň durmuşyna wehim salýan täze ekologik ýagdaýy döretdi.

**Ekologik aň we ekologik medeniýet.** Ekologik meseleleriň düýp sebäbini, adamyň weýran ediji hereketiniň sebäplerini diňe bir tebigy hadysalary ýeterlik aňlamanlygy, tebigaty ulanyjylaryň köp möçberde girdeji almak üçin görkezýän açgözlüligi we «menden soňra näme bolsa şol bolsun» diýen ýörelgä eýerýändikleri bilen bagly bolman, eýsem ilki bilen tebigaty maddy önümçilik üçin çig mal çeşmesi hökmünde garaýan tehnokratiki pikirlenişiň giňden ýaýranlygy bilen hem baglydyr. Bu hili pikirlenmä eýe bolan adam zatlaryň manysy barada kän oýlanmaýar. Ol zatlaryň dürli taraplarynyň özara gatnaşygy bilen gyzykýar.

Ekologik meseläniň çözgüdi adamzadyň ony gurşaýan daşky dünýä degişlilikdäki garaýşyna has dogrusy, *täze ekologik aňynyň we ekologik medeniýetiniň* emele getirilmegine baglydyr.

Şu hili aňyň döremegine soňky döwürde öňe sürlen taglymatlar täsir etdi. Olarda adamy tebigatyň bir bölegi hökmünde ýa-da tebigaty adam dünýäsine, onuň bir bölegi hökmünde goşmak esasynda meseläni çözmek göz öňünde tutulýar.

Eger sosiobiologiýa jemgyýet bilen tebigatyň özara täsirine durmuşy-filosofiki nukdaýnazardan garaýan bolsa, onda *şahsyýetleşdirilen ekologiýa* diýip atlandyrylýan taglymat adamyň tebigata bolan gatnaşygyna şahsy-syrdaşlyk, etiki, estetiki, dini nukdaýnazardan garaýar.

Ekologiýanyň tarapdarlary üçin jemgyýet bilen tebigatyň özara gatnaşygyny üýtgetmeklik adamyň özüni üýt-

getmeginden başlanýar. Tebigat barada alada özüň barada alada öwrülýär, adam bilen tebigatyň arasyndaky päsgelçilikler aradan aýrylýar, adam tebigatyň «içinden» oýlanyp başlaýar. Şahsyýet «eko-mene» öwrülýär.

Täze ekologik aňyň döremekligine täsir eden zatlaryň hatarynda umumylykda «Ýaşyllar» diýip atlandyrylan dürli jemgyýetçilik guramalaryna, birleşmelerine we hereketlere hem uly orun degişlidir. Ekologik meseleleri çözmek, ekologik medeniýetiň ýörelgelerini halka ýaýmak we wagyz etmek, halklaryň, ýurtlaryň we syýasy liderleriň ünsüni ekologik meselelere çekmek işlerine olar işewür gatnaşýarlar. Dürli ýurtlaryň ululy-kiçili ekologik guramalarynyň we birleşmeleriniň hereketlerinde bellibir millilik duýulýan hem bolsa, ekologik meseleleriň ählumumylygy «Ýaşyllary» bir bütewi halkara ulgamyna öwürýär. «Ýaşyllar» hereketiniň baş ýörelgesi ekologik meseleleriň birinji derejeli ähmiýetlidigine düşünmekden ybaratdyr.

«Ýaşyllar» adamlaryň dowamly döwürde ewolýusion oýlanyşykly özgermegi we şahsyýetiň kämilliginiň gazanylmagy, ynsanperwerlik, ekologik we ruhy gymmatlyklaryň doly kabul edilmegi netijesinde täze jemgyýet gurlup bilinjekdigine ynanýarlar. Şu maksatlary öňe sürüp, «Ýaşyllar» birnäçe ýurtlarda syýasata işewür goşulýarlar. Olar köp halatlarda jemgyýetçilik goldawyna hem eýe bolýarlar.

Ekologik meseleleri ynsanperwerleşdirmek örän ähmiýetli. Şu hili çemeleşme ylymly-bilimli adamlary ýetişdirmeklige, umuman, medeniýetiň ösmekligine oňaýly täsir edýär. Şu nukdaýnazardan ylym hem medeniýet kimin «ekologik çatryga» düşýär. Jemgyýet bilen tebigatyň özara gatnaşyk meselesi tebigy ylymlaryň ösüş hereketinde ähmiýeti näçe ýokarda hem bolsa, ol beýleki bir ählumumy meseläniň – adam meselesiniň bir ulgamy bolýar. Soňkyny toplumlaýyn derňemeklik tebigat we jemgyýet baradaky hä-

zirki döwrüň ylymlaryny maksadalaýyk gözükdirmegi göz öňünde tutýar. Şonda *tebigat baradaky bilimler* hem, *adam baradaky bilimler* hem aýrylmaz özara täsirdedirler. Şu täsiri açyp görkezmeklikde filosofiýa ylmyna aýratyn orun degişlidir. Ol dürli ylymlary bitewileşdiriji wezipäni ýerine ýetirip, ähli ylymlary toplumlaýyn meseleleri çözmeklige ugrukdyrýar. Onuň esasynda bolsa adam bilen tebigatyň bütewi umumylyklygy baradaky pikir ýatyr. Şeýle pikir adamzadyň dünýäniň ösüşiniň ýeke-täk strategiýasyny işläp düzmäge-de we durmuşa geçirmäge-de mümkinçiliginiň barlygyny aňladýar. Munuň üçin bolsa, bütin adamzat üçin *ählumumy pikirlenmäniň, ählumumy ekologik aňyň* kemala getirilmegi gerek.

Ýöne şu meseleleriň çözgüdi, esasan, tejribe bilen bagly bolup, ol köp babatda dünýäniň hemme ýurtlarynyň we döwletleriniň birmeňzeş ekologik syýasaty durmuşa geçirmelidiklerini häzirki döwrüň iň esasy «çagyryşlarynyň» birine öwürýär.

**Türkmenistanyň tebigaty we daşky gurşawy goramak syýasaty.** Ekologik meseleleriň amatly çözgüdini tapmak babatynda, Türkmenistanda sözüň doly manysynda, öwrenere we wagyz etmäge mynasyp bolan döwlet syýasaty ýöredilýär.

Türkmen halky özüniň uzak taryhynyň dowamynda tebigat bilen sazlaşykly ýaşamaklygyň baý tejribesini toplady. Tebigata zor salmazlyk, tebigy baýlyklary aýawly ulanmaklyk oňa häsiýetlidir. Ýöne ýokarda bellenilşi ýaly, XX asyryň dowamynda şol garaýyşlara zyýan ýetirildi. Biziň gün-günden özgerýän ýurdumyz üçin şu gün tebigy baýlyklary aýawly ulanmak, tebigaty goramak, onuň ýaşaýyş ukyplaryny berkitmeklige hemaýat etmek ýurduň geljekki ösüşiniň iň wajyp şerti we kepilidir.

Bilşimiz ýaly, Türkmenistan ýerasty hem ýerüsti tebigy baýlyklara baý ýurtlaryň hataryna girýär. Türkmenistanda nebitiň, tebigy gazyň, mineral duzlaryň, ýoduň, bromyň, bentonitiň, nahar duzunyň, natriý sulfatynyň, gipsiň, dürli gurluşyk materiallaryň we beýleki baýlyklaryň uly gorlary bar. Türkmen sährasynyň, Garagum çölüniň ösümlik we haýwanat dünýäsi örän baý we täsin. Türkmenistanyň ýeriniň köp böleginde netijeli ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgul bolmak üçin ýeterlik suwam, mes topragam, giň öri meýdanlaram bar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ähli ugurlarda bolşy ýaly, ýurduň tebigy baýlyklaryny aýawly we netijeli ulanmakda hem ilki bilen türkmen halkynyň ata--babalarynyň pähim-paýhasyna, durmuş tejribesine, medeni mirasyna daýanmaklygyň wajyplygyny nygtaýar. Halkyň öň ýaşap geçen nesilleri baýlygy gazanmagyň, goramagyň we sarp etmegiň baý tejribesini toplap, geljekki nesillere tebigat bilen sazlaşykly ýaşamaklygyň örän ähmiýetli ýörelgelerini miras hökmünde galdyrypdyrlar. Şolaryň hatarynda:

- *maddy we ruhy baýlygyň sazlaşygyny gazanmak;*
- *hiç bir bereketiň üstüne atanak çekmezlik;*
- *oýlanyşykly we döredijilikli işläp, baýlyk çeşmesiniň gutarmazlygynyň aladasyny etmek;*
- *baýlygy haýyr işe ulanmak, ony öz iliň we adamzadyň gullugyna goýmak* ýaly ýörelgeleri görkezmek mümkin.

Ata-babalarymyzyň tebigy baýlyklary aýawly saklap, saýhally sarp etmek ýörelgeleri ýurt bähbitlerinden ugur alýan, ekologik medeniýete eýe bolan jogapkärli adamy, ilki bilen hem hünärmenleriň we täze dolandyryjy işgärleriň täze neslini, türkmen ýolbaşçysyny ýetişdirmek bilen baglanyşyklydyr.

Döwlet garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap ekologiýa meseleleri Türkmenistanda döwlet syýasatynyň iň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi. Ýurtda ähli ugurlarda alnyp barylýan hojalyk işlerine ekologik nukdaýnazardan garamak, ýurduň ekoulgamlaryny ylmy taýdan öwrenmek we goramak, tebigy baýlyklary tygşytly ulanmak, ýerleriň çöllüklere öwrülmekliginiň öňüni almak, Garagumyň haýwanat we ösümlik dünýäsini goramak we baýlaşdyrmak, tokaýlary goramak meseleleriň çözgüdi gözlenip başlandy. Şäherleriň ekologik ýagdaýyny gowulandyrmak maksady bilen, *Gök guşak* syýasaty yglan edildi we amal edilip başlandy.

Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurt ýolbaşçylygyna gelmegi bilen ýurduň ösüşiniň täze tapgyrynda bu işleriň ählisi hil taýdan täze derejä galdy. Bu meseläniň çözgüdi diňe bir ýurt möçberinde däl, eýsem sebit we bütindünýä



**Garagum çöli**



**Gök guşak zolagy**

möçberinde aňlanyp, birleşdirilen güýçleriň esasynda onuň ählumumy çözgüdi gözlenip başlandy.

Türkmenistanda daşky gurşaw ulgamynda döwlet syýasatynyň ýörelgesine we tebigatdan rejeli peýdalanylmagyna pudagara gözegçiligi amala aşyrmaklyga Tebigaty goramak ministrligi jogap berýär. Onuň düzümine Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli instituty, Tokaý hojalygy müdirligi, sekiz sany döwlet goraghanasy, «Hazarekogözegçilik» ýöriteleşdirilen gullugy, Tokaý tohumçylygy we tebigy seýilgähleri guramak boýunça gulluk girýär.

Türkmenistanda daşky gurşawy goramaklygyň berk kanunçylyk binýady döredildi. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda: *«...döwlet ýaşaýyş şertlerini goramak we gowulandyrmak, şeýle hem daşky gurşawy goramak we dikeltmek maksady bilen, tebigy serişdeleriň rejeli ulanylyşyna gözeg-*

*çilik edýär*» diýip bellenilýär. Şol gözegçiligiň hukuk esaslaryny kämilleşdirmek maksady bilen, soňky döwürde, ýagny 2009-njy ýylda «Ozon gatlagyny goramak hakyndaky» Kanun, 2011-nji ýylda «Türkmenistanyň Tokaý kodeksi we suw biologik serişdeleri gorap saklamak hakyndaky» Kanun, 2012-nji ýylda «Aýratyn goralýan tebigy ýerler» we «Ösümlik dünýäsi hakyndaky», 2013-nji ýylda «Haýwanat dünýäsi hakyndaky» kanunlar kabul edildi.

Daşky gurşawy goramaklyga gönükdirilen döwlet syýasaty we strategiki wezipeleri tebigy serişdelere aýawly çemeleşip, ykdysady we sosial meseleleriň toplumlaýyn çözülmegine esaslanýan ekologik taýdan howpsuz hem durnukly ösüşe gönükdirilendir. Daşky gurşaw, ilatyň sagdynlygyny goramak meseleleri Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň üns merkezinde durýar. Ol ýurtda alnyp barylýan ähli hojalyk işlerini ekologik nukdaýnazaryndan bahalamak, ekologik taýdan arassa önümleri çykarmak boýunça täze önümçilikleriň ýola goýulmagynyň ruhlandyryjysy bolup çykyş edýär.

Türkmenistanyň tutuş territoriýasyny bagy-bossanlyga öwürmek boýunça maksatnamasynyň, Garagum çölüniň jümmüşinde «Altyn asyr» türkmen kölüniň iri taslamasynyň gerimi we ähmiýeti haýran galdyrýar. Soňky 5-10 ýylda Aşgabadyň, iri ilatly nokatlaryň ählisiniň daş-töwereginde pürli, ýaprakly we miweli agaçlardan gök zolagy döredildi. 2013-nji ýylyň ýanwarynda Milli tokaý maksatnamasy kabul edildi, şonda gorag üçin tokaý zolaklaryny, seýilgählerini döretmek boýunça meýilnama kabul edildi. Şol Maksatnamanyň çäklerinde Daşoguz welaýatynda Bötendag düzlüginde 20 müň gektar ýerde gandym, sazak, ojar, çerkez ýaly çöl ösümliklerini, derek, igde ýaly ýaprakly agaçlary oturtmak işine 2013-nji ýylyň mart aýynyň aýagynda badalga berildi. Bu bolsa 2020-nji ýyla çenli bu ýerde gorag üçin tokaý zolagyny döretmäge mümkinçilik berer.



**«Altyn asyr» türkmen köli**

Türkmenistan boýunça 2014-nji ýyla çenli 105 müň gektar meýdanda 60 milliondan hem köp dürli baglaryň nahallary oturdyldy. Her ýylda saýaly, pürli, miweli baglaryň we üzümiň 3 million düýbi oturdylýar. Adam eli bilen döredilýän tokaý zolaklarynyň howanyň üýtgemeginiň täsirini peseltmek, ýurdy bagy-bossanlyga öwürmek, biodürlüligi gorap saklamak, şeýle hem adamlaryň ýaşamagyna, dynç almagyna amatly şertleri döretmek bilen bir hatarda ilaty ekologik taýdan arassa, ýokary hilli önümler bilen üpjün etmekde ähmiýeti hem uludyr.

«Altyn asyr» türkmen kölüniň ulanmaga berilmegi bilen bagly öri meýdanlaryň müňlerçe gektary gaýtadan hojalyk dolanyşygyna girizilýär; taşlantgy zeýkeş suwlary täzeden arassalanýar, suw serişdeleriniň ätiýaçlyklary, faunananyň we floranyň köpdürlüligi hem-de mukdary artýar. Ähli ugurlarda türkmen kölüniň oňaýly täsiri duýulýar. Bu ýerde guşlaryň, balyklaryň onlarça görnüşleri ýaşaýar, kölüň daş-töwereginde duzlulyga çydamly ösümlikler ösdüriler.

Şu kölüň işe girizilip başlanmagy bilen Merkezi Aziýanyň baş suw akabasy bolan Amyderýanyň suwunyň hem hili gowulanýar.

Merkezi Garagumda gurulýan türkmen köli ähli welaýatlaryň oba hojalyk meýdanlaryndan zeý we minerallaşan suwlary ýygnamak üçin niýetlenen özboluşly gidrotehniki toplumyň, gidromeleratiw desgalaryň çylşyrymly ulgamy bolýar. Bu taslama diňe bir Türkmenistan üçin däl-de, tutuş Orta Aziýa üçin uly ähmiýete eýedir. Onuň amala aşyrylmagy ýurdumyzyň oba hojalygyny ösdürmek üçin hil taýdan täze mümkinçilikleri we şertleri döretmek bilen çäklenmän, tutuş sebitiň ekologiýasyna hem oňaýly täsiri ýetirer. Ýurtda ekologiýa meselelerini çözmek bilen baglanyşykly işler adamlaryň eşretli ýaşaýşyna hyzmat eder.

Ekologik meseleleri çözmekde döwletleriň we halkara guramalaryň özara arkalaşykly hereket etmeginiň tarapdary bolmak bilen, Türkmenistan öz hyzmatdaşlygyny sebitleýin we ählumumy derejelerde ýola goýýar. Türkmen döwletiniň tebigaty goramak ugrunda ýöredýän daşary syýasaty BMG, onuň ähli ýerine ýetiriji agentlikleri we beýleki guramalar bilen strategiki hyzmatdaşlyga esaslanýar. Bu guramalaryň gatnaşmagynda ýurtda tebigy serişdeleri goramak, bilim, saglygy goraýyş ulgamlarynda birnäçe iri möçberli milli maksatnamalaryň, onlarça taslamalaryň işlenip düzülmegi we amala aşyrylmagy üstünlikli dowam edýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji mejlisinde eden çykyşynda şu meselä ünsi çekip: *«Ekologiýa meselesine gelsek, biziň ýaşaýan Merkezi Aziýa sebitimizde ýiti bolmagynda galýar. Ol ozaly bilen Aral meselesi hem-de Hazar deňziniň täsin hem gaýtalanmajak tebigy baýlyklaryny gorap saklamak bilen bagly meselelerdir»* diýip belledi. Şu hili uly ekologik meseleleriň çözgüdi diňe hyzmatdaşlygyň we düşünişmegiň esasynda tapylyp bilner. Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan Merkezi Aziýada we Hazar deňziniň

basseýniniň zolagynda ekologik howpsuzlygy üpjün etmek, ulag we kommunikasion ulgamlaryny ösdürmek boýunça öňe sürlen başlangyçlar hem Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygyna ygrarlydygyny görkezýär.

2011-nji ýylyň sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy mejlisinde Türkmenistanyň Prezidenti meseläniň şu tarapyna aýratyn üns berdi we ekologiýa hyzmatdaşlygy dogrusynda durup geçip, ekologiýa ulgamynda hyzmatdaşlygyň täze görnüşini, ösüş arkaly parahatçylyk ugruny öňe sürdi. Türkmenistan tebigatdan rejeli peýdalanmak, howanyň üýtgemegi, suw serişdelerine aýawly çemeleşmek, çölleşmäge garşy göreşmek bilen bagly wezipelere aýratyn üns berdi. Bu meseläniň çözgüdini tapmak üçin ählumumy, sebit we ýurt derejelerde tagallalary birleşdirmegiň zerurdygyna, her bir döwletiň hereketleriniň BMG tarapyndan utgaşdyrylmagynyň möhümdigine ünsi çekip, Türkmenistanyň ekologiýa meselelerini çözmeklige öz goşandyny goşjakdygyny, ýakyn wagtda Türkmenistanda howanyň üýtgemegi boýunça milli strategiýanyň işlenilip düzüljekligi barada habar berdi. Soňra bu resminama baradaky giňişleýin habar BMG-niň Durnukly ösüş boýunça 2012-nji ýylyň 21-nji iýunynda Braziliýada ýokary derejede geçirilen «Rio+20» duşuşygynda beýan edildi.

Merkezi Aziýa sebitinde köptaraply hyzmatdaşlygy talap edýän ekologik meseleler az däl. Şeýle meseleleriň iň esasylarynyň biri-de Araly halas etmek meselesidir. Aral meselesi, XX–XXI asyrlaryň sepgidinde dartgynly häsiýete eýe bolup, häzirki wagtda tutuş dünýä bileleşiginiň üns merkezinde durýan meseleleriň hataryna girýär. Suw gorlarynyň oýlanyşyksyz peýdalanmagy bilen baglylykda ýüze çykan ekologik heläkçiligiň zyýanly netijeleri Aral deňziniň töwereginde ýaşaýan ençeme million adamyň durmuş şertlerine öz täsirini ýetirdi. Aralyň ýalpaklanmagy netijesinde dörän ýagdaý diňe bir Merkezi Aziýa däl, eýsem goňşy çäklere hem wehim salýar. Aral meselesi bilen baglanyşykly ekolo-

gik ýagdaýyň öňüni almak maksady bilen, Türkmenistanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň we Özbegistanyň gatnaşmagynda Araly halas etmegiň Halkara gaznasy (AHHG) döredildi. Bu gaznanyň düzüminde Döwletara utgaşdyryş suw hojalyk topary we Durnukly ösüş boýunça döwletara topar döredildi. Şonuň çäklerinde hususan-da, Orta Aziýanyň ýurtlary üçin bir bütewi ekologiýa maksatnamasy hökmünde daşky gurşawy goramak boýunça hereket etmegiň Sebitleýin meýilnamasy kabul edildi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2009-njy ýylyň 28-nji aprelinde Almaatada Araly halas etmegiň Halkara gaznasyny döredijі döwletleriň Baştutanlarynyň mejlisinde eden çykyşynda ekologiýa taýdan howpsuz ösüşi hyzmatdaşlyk etmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň biri diýip atlandyrdy. Türkmenistanyň Prezidenti öz çykyşynda bilermenleriň ýörite toparyny döretmek baradaky teklibi hem orta atdy. Şol topar BMG we onuň düzümleri, şol sanda Merkezi Aziýada Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi, şeýle hem suw hem-de suw energetika meseleleri bilen meşgullanýan beýleki halkara guramalar bilen hyzmatdaşlykda Araly halas etmek boýunça halkara-hukuk resminamalaryň toplumyny taýýarlamaly.

2010-njy ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň we Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň Ýerine Ýetiriji komitetiniň arasynda özara düşünişmek hakynda türkmen paýtagtynda gol çekilen Ähtnama BMG-niň düzüm bölekleri, şol sanda Aşgabatda Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi bilen hyzmatdaşlygyň işjeňleşmegine ýardam etdi.

2013-nji ýylyň mart aýynyň aýagynda Daşoguzda AHHG-niň, BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň, BMG-niň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasynyň, BMG-niň Ýewropa Ykdysady toparynyň we beýleki iri halkara guramalarynyň wekilleriniň, dünýäniň dürli ýurtlarynyň pudaklaýyn ministrlikleriniň we dolandyryş edaralarynyň hünärmenleriniň, alymlaryň bilermenleriň gatnaşmagynda

Aralyň ekologiýasy: durnukly ösüş we halkara hyzmatdaşlyk atly maslahat geçirildi. Maslahatyň işiniň barşynda Aralyň ýakasynda ekologiýa ýagdaýyň sagdynlaşmagyna, Merkezi Aziýanyň suw gorlarynyň rejeli ulanylmagyna we netijeli dolandyrylmagyna, çölleşmegiň öňüniň alynmagyna, biologik köpdürlüligiň saklanmagyna degişli meseleleriň giň toplumy boýunça pikir alşyldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyçlary, ilkinji nobatda, tebigaty goraýyş işiniň ulgamynda halkara bileleşiginiň netijeli pikir alyşmagyny we bilelikdäki sazlaşykly hereketini mundan beýläk hem çuňlaşdyrmaga gönükdirilendir. Tebigaty goraýyş ulgamynda Türkmenistanyň alyp barýan syýasaty halkara hyzmatdaşlygyň yzygiderli giňeldilmegi bilen baglanyşyklydyr.

Jemgyýet bilen tebigatyň özara täsirini sazlamak örän köp meseleleriň çözgüdi bilen baglydyr. Bu ýerde her bir döwletiň tebigaty goramak boýunça oýlanyşykly syýasaty ýöretmekligi, ekologik meseleleri çözmek babatynda özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmaklygy ýokary ähmiýete eýedir.

Ekologik meseleriniň ählumumy häsiýetliligi üçin olaryň diňe bir dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan aňlanylmagy ýeterlik däldir. Bu meseläniň dünýä möçberinde aňlanylmagy bilen bir hatarda onuň her bir adam tarapyndan hem aňlanylmagy wajypdyr. Garaz, bu gün her bir adamyň giňişleýin ekologik aňynyň we medeniýetiniň bolmagy meselesi gaýragoýulmasyz meseleleriň hataryna girýär.

Ekologik medeniýeti kemala getirmek bilen baglanyşykly işler örän köptaraply bolup, onuň netijeliligi işleriň yzygiderli we oýlanyşykly alnyp barylmagyny talap edýär.

Umuman, ekologik medeniýeti kemala getirmek işi bir tarapdan, türkmen halkynyň öz uzak taryhynyň dowamynda tebigat bilen sazlaşykly ýaşamakda toplan baý tejribesi, akyldarlaryň adamyň tebigat bilen özara täsiri barada öňe süren pähim-paýhasy, ikinji tarapdan, häzirki tehnologiki ösüş döwrüniň talaplary giňden beýan edilip, her

bir adamyň Zeminde ýaşamagy üçin gerek bolan şertleriň saklanmagy, tebigy baýlyklaryň rejeli we netijeli ulanylmagyna jogapkärligini ýokarlandyrmagy gazanmakdyr.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1 Geografik gurşaw düşünjesi öz içine haýsy zatlary alýar?
2. Ekologik meselelеleriň döremeginiň esasy sebäpleri nämeden ybarat?
3. Biosfera we litosfera düşünjeleriniň manysyny açyp görkezmäge synanyşyň.
4. Aral meselesiniň çözülmegi ugrunda Merkezi Aziýa döwletleri nähili çäreleri durmuşa geçirýärler?
5. Soňky döwürde Türkmenistanda ekologik meseleleri çözmekde alnyp barylýan işler barada aýdyp beriň.

# Jemleýji sapak

***Gadyrly okuwçylar!***

Şunuň bilen biz siz bilen *jemgyýet* diýlip atlandyrylýan çylşyrymly ulgamyň, jemgyýetçilik durmuşynyň dürli taraplaryna degişli üç sany okuw kitabynyň çäginde eden gürrüňlerimizi jemlemekçi bolýarys.

Eliňizdäki kitabyň «*Jemgyýeti öwreniş*» okuw dersi boýunça taýýarlanylan kitaplaryň soňkusylygy üçin bu ýerde biz size özümiziň käbir jemleýji pikirlerimizi beýan etmekligi makul tapdyk.

Degişli okuw dersi boýunça taýýarlanylan okuw kitaplarynda biz, başardygymyzça, adamzat jemgyýetiniň dürli, emma biri-birleri bilen aýrylmaz arabaglanyşykda bolan gurşawlary, hususan-da, syýasy, durmuşy, ykdysady we ruhy-medeni gurşawlary hem-de şol gurşawlarda adamlaryň dürli toparlarynyň arasynda bolup geçýän özara gatnaşyklar dogrusynda, size düşnükli bolar ýaly, jemgyýetçilik durmuşyndan alnan dürli mysallary ulanyp, gürrüň bermäge çalyşdyk. Emma şol bir wagtyň özünde hem *jemgyýet* diýlip atlandyrylýan umumylygyň iňňän çylşyrymly barlyklygynyň, onuň häzirki döwürde örän çalt depginlerde üýtgeýänliginiň kitaplarda siz bilen edilen gürrüňleriň belli bir derejede çäkli bolmagyna täsir edenligini hem boýun alýarys.

Ýöne, şeýlede bolsa, degişli okuw kitaplarynda beýan edilen garaýyşlar, pikirler we dürli maglumatlar size, jemgyýetiň hakyky agzalary hökmünde öz ýaşaýan jemgyýetiňize doly derejede düşünmekligiňize, onuň hakyky döredijileri we gurujylary bolup ýetişmegiňize ýardam

berer diýip tama edýäris. Bu ýerde biz size degişlilikde «döredijiler» we «gurujylar» diýen sözleri hem ýöne ýerden ulanmadyk. Sebäbi jemgyýete aralaşýan her bir täze nesil özünden öňki nesilleriň miras galdyran gymmatlyklaryny öz ýaşaýan jemgyýetiniň talaplaryna laýyklykda özüçe üýtgedip guryar, öz ýaşaýyş durmuşy üçin zerur bolan şertleri, kadalary, düzgünleri we kanunlary döredýär. Nesilleriň şeýle hereketi jemgyýetçilik durmuşynyň ösüşiniň esasy çeşmesidir, baş kanunydyr, düýp mazmunydyr. Eger-de jemgyýete aralaşýan her täze nesil öz durmuşyny täzeden, «tarp ýerden» başlamaklyga mejbur bolan bolsa, jemgyýetde hiç hili göze ilýän ösüş-de, özgeriş-de bolup bilmezdi. Täze nesillere täze zatlary döretmeklige itergi berýän zatlar öňki nesilleriň miras galdyran gymmatlyklarynyň, ylymda, tehnikada, syýasatda, ykdysadyýetde, medeniýetde, sungatda gazanan üstünlikleriniň, ýeten sepgitleriniň, döredip ýetişen gymmatlyklarynyň köplügidir. Aýdalyň, şu günki gün ylymda gazanylýan, aklyňy haýran edýän täze açyşlar alymlaryň öň ýaşap geçen nesilleriniň eden açyşlary bolmadyk ýagdaýynda ýüze çykyp bilermidi? Elbetde, ýüze çykyp bilmezdi. Eger-de şeýle bolmadyk bolsa, ýagny öňki nesilleriň gazananlary göz öňünde tutulman ýaşamaly bolan bolsa, adamlaryň her bir täze nesli hatda paltadyr pil ýaly ýöntem zähmet gurallaryny hem täzeden oýlap tapmaklyga girişmeli bolardy.

Jemgyýet – adamlar dünýäsi. Bu dünýä aňly-paýhasly, bilimli-düşünjeli adamlaryň umumylygy. Emma jemgyýeti jemgyýet edýänleriň adamlardygy bilen bir hatarda adamy adam edýän, ony şahsyýet derejesine galdyrýan zadyň jemgyýetligi hem öz-özünden düşnüklidir. Jemgyýetden üzňe ýaşaýyş adamy haýwanlardan kän bir tapawutlandyrmaýar. Diňe jemgyýetçilik ýaşaýşy adamlary degişli düzgünleri, kadalary berjaý edip ýaşamaklyga borçly edýär, olary diňe öz şahsy bähbitleri hakda alada etmeklige iteklemän,

eýsem öz ukybyna, başarnygyna, zehinine, bilimine, hünärine, jemgyýetde eýeleýän derejesine (ýaşyna, jynsyna, bilimine eýeleýän wezipesine, kärine görä tapawutly) laýyklykda özünden önen çagalary üçin, öz ýakynlary üçin, dost-ýarlary üçin, işdeş ýoldaşlary üçin, ildeşleri üçin, millet üçin, esasan-da, tutuş jemgyýet üçin bähbitli we peýdaly bolan işleri hem-de hereketleri etmeklige gönükdirýär.

Adam – köp ölçegli, çylşyrymly janly organizm (beden). Janly organizm hökmünde ol hem tebigatda ýaşaýan beýleki jandarlar ýaly, biologik kanunlara tabyn jandar. Ýöne olardan tapawutly ýeri, adam – aňly-düşünjeli jandar, hatda tebigy kanunlary hem belli bir derejede özüçe üýtgedip bilýän jandar. Adamlardan özge beýleki biologik organizmleriň hemmesi özlerini gurşap alýan daşky gurşawa diňe uýgunlaşmagy başarýar, adamlar bolsa daşky gurşawy öz isleglerine görä üýtgedip bilmeklige hem ukyply. Başgaça aýdanymyzda, tebigatyň taryhy öz akymlaýyn bolup geçýän bolsa, jemgyýetiň taryhy adamlaryň özleri tarapyndan döredilýär.

Adamlar her bir edýän işlerini öz isleglerine we niýetlerine görä ýerine ýetirýärler, arzuwlarydyr maksatlaryny amal etmeklige özleriçe çemeleşýärler. Emma beýle diýildigi adamlaryň hemme zady öz isleglerine görä üýtgedip bilýänligini aňlatmaýar. Adamlaryň durmuşynda olaryň isleglerine we erkine garaşly bolmadyk, üýtgedip bolmaýan kanunalaýklyklar hem bar. Mysal üçin, jemgyýete aralaşýan täze nesilleriň hemmesi özlerinden öň ýaşap geçen nesilleriň miras galdyran şertlerinde ýaşap başlamaga mejbur bolýarlar. Öňki nesilleriň döreden dürli görnüşli edaralary, zähmet gurallary, ahlak we hukuk düzgünleri, dilleri, edebiýaty we sungaty, däpleri we dessurlary, milli pähimleri we dini ynançlary täze nesiller üçin isledigiçe üýtgedilip bolunmaýan şertlerdir. Emma muňa garamazdan, täze nesiller öňkilerden galan gymmatlyklaryň belli bir bölegini öz

ýaşaýyş durmuşlarynyň talaplaryna laýyklykda yzygiderli üýtgedip durmaklyga hem mejbur bolýarlar. Döwrüň talaplaryndan yza galan, olara laýyk gelmeýän edaralaryň ornuna täze edaralar döredilýär, täze edep kadalary, sungat eserleri, zähmet tehnologiýalary döredilýär. Jemgyýetçilik taryhynyň düýp mazmuny her bir jemgyýetiň esasy maksadynyň ösüp gelýän ýaş nesle öz toplan durmuş tejribesini bermeklige, olary dürli bilimlerdir düşünjeler bilen ýaraglandyrmaklyga, olaryň özleriniňkiden has kämil durmuşda ýaşamaklary üçin ýeterlik şertleri döretmeginden ybaratlygyndadyr.

Biz munuň hut şeýledigini öz Türkmenistan Watanymyzyň jemgyýetçilik durmuşynyň ösüşinde hem aýdyň görýäris. Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňdengörüjilik bilen ýöredýän döwlet syýasatynyň esasy maksady hem, ilkinji nobatda, geljekki nesilleriň abadan durmuşynyň aladasydyr. Şu günki gün gurulýan ajaýyp binalar, gara we demir ýollar, dynç alyş zolaklary, senagat kärhanalary, saglygy goraýyş edaralary, uly göwrümli sport desgalary we ş.m. diňe şu günki ýaşaýan nesiller üçin niýetlenilmän, eýsem köp babatda geljekki nesilleriň ulanmagy üçin niýetlenilip gurulýar. Bu desgalaryň halkara ülňülerine laýyklykda, iň ösen tehnologiýalardan peýdalanylyp, uzak wagt ulanarlyk derejede gurlup, tabşyrylýanlygy üçin olaryň biziň halkymyzyň geljekki nesillerine hem uzak ýyllaryň dowamynda hyzmat edip biljekligi ikuçsyzdyr.

Häzirki zaman jemgyýetleriniň ösüşini industriallaýyn jemgyýetden postindustriallyga, has dogusy, maglumatlar we habar beriş jemgyýetine tarap bolan ösüş ýoly häsiýetlendirýär. Şeýle ösüş üçin häzirki zaman ylmynyň we tehnikasynyň gazananlarynyň netijesinde döredilen aklyňy haýran edýän tehnologiýalaryň ykdysadyýetde, dolandyryşda, aragatnaşykda, ulaglar pudagynda, hyzmat-

lar ulgamynda, ýangyç meselelerini çözmekde, saglygy goraýyşda, bilim edaralarynda, gurluşyk işlerinde, pul we haryt dolanşygynda we beýleki jemgyýetçilik işlerinde ulanylmagy häsiýetlidir. Täze tehnologiýalaryň giňden ulanylyşa girizilmegi, durmuşa geçirilýän çäreleriň öňdebaryjy halkara tejribesine doly derejede laýyk gelýän görnüşde alnyp barylmagy biziň ýurdumyz üçin hem häsiýetlidir. Hawa, biz häzir dünýäniň başga ýurtlarynda döredilen täze tehnologiýalary, halkara ülňülerini öz jemgyýetçilik durmuşymyzy kämilleşdirmek üçin giňden ulanýarys. Emma ýakyn geljekde Türkmenistanyň özünde döredilen tehnologiýalaryň hem başga ýurtlar üçin öňdebaryjy tehnologiýalar hökmünde ulanylyp başlanjaklygy barada ynamly aýtmaga doly esas bar. Munuň hut şeýle boljaklygyna hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary esasynda milli bilim ulgamynda durmuşa geçirilýän uly özgertmeler, ýurtda ylmyň we tehnikanyň çalt depginler bilen ösdürilmegi ugrunda alnyp barylýan işler hem şaýatlyk edýär.

Emma şol bir wagtyň özünde şeýle ynamlarymyzyň hakykat ýüzünde hasyl bolmaklygynyň köp babatda, gadyrly ýaşlar, siziň täze bilimleri we hünärleri ele almaklyga bolan islegleriňiziň ýokary derejede bolmagyna, siziň erjelligiňize, tutanýerliligiňize, zähmetsöýerligiňize, öz ýaşaýan we geljekde ýaşajak jemgyýetiňizi üýtgedip gurmaklyga işjeň gatnaşmagyňyza baglydygyny hem aýratyn nygtamakçy bolýarys.

Biz siziň hut şeýle ýaşlar bolup ýetişjekdigiňize ynanýarys. Sözümizi şu aýdylanlar bilen jemläp, size, Berkarar döwletimiziň bagtyýar ýaşlaryna okuwda we durmuşda uly üstünlikler arzuw edýäris.

## Gysgaça düşündirişli sözlük

**Agressiýa** (*aggression* – «hüjüm» diýen manysy bolan latyn sözünden) Häzirki zaman halkara hukugynda haýsydyr bir döwletiň başga bir ýurduň çägine onuň özbaşdaklygyna, çäginiň bütewiligine parh bermezden, ýarag ulanyp, hüjüm etmegi.

**Anarhiýa** – häkimiýetsizlik, eden-etdilik. Jemgyýetiň üstünden syýasy häkimiýeti amala aşyrýan döwlet görnüşindäki syýasy edaranyň gerekmejek zatlygy hakyndaky garaýşy öňe sürýän taglymata anarhizm diýilýär.

**Anneksiýa** – (*annecio* – «birikdirmek» diýen manyny berýän latyn sözünden) agressiýanyň bir görnüşi bolup, haýsydyr bir döwletiň çäginiň ýa-da onuň belli bir böleginiň başga bir döwlet tarapyndan güýç ulanmak arkaly (ýa-da basyp almak görnüşinde) özüne birikdirmegi.

**Awtoritarizm** – syýasy režimleriň (düzgünleriň) bir görnüşi bolup, onuň üçin belli bir derejede demokratiýanyň we totalitarizmiň alamatlary mahsusdyr. Şonuň üçin-de, kä halatlarda oňa geçiş döwrüniň režimi hem diýilýär.

**Bitaraplyk** – syýasy düşünje hökmünde haýsydyr bir döwletiň uruş dowam edýän döwründe hiç bir tarapa goşulman saklanmagyny, parahatçylykly döwürde bolsa, hiç bir harby bloklara (birleşmelere) goşulmakdan saklanmagyny aňladýar.

**Din** – dünýägaraýyş, jemgyýetçilik aňynyň iň gadymy we aýratyn bir formasy, adatdan daşary ýokary güýje (Hudaýa) bolan ynam. Her bir diniň özüne degişli däpleri we dessurlary, berjaý edilmeli parzlary we mukaddeslikleri bar. Häzir dünýäniň halklary dürli dinlere uýýarlar. Dinler

dünýä dinlerine (hristiançylyk, butparazçylyk we yslam) we ownukly-irili milli dinlere (ýehudy, induizm we ş.m.) bölünýär.

**Diwersifikasiýa** – soňky döwürde, köplenç, ykdysadyýet ylmynda we praktikasynda (tejribesinde) ulanylýan adalga bolup, onuň kömegi bilen ykdysadyýetiň pudaklarynyň önümleriniň we hyzmatlarynyň köpdürli bolmagy, pudagyň köpugurly ösdürlilmegi, maýa goýumlarynyň dürli ugurlara gönükdirilmegi, eksportyň (daşary ýurtlara haryt çykarmagyň) giň ýaýrawynyň bolmagy aňladylýar.

**Döwlet** – jemgyýetde syýasy häkimiýeti amala aşyrýan, degişli edaralaryň toplumyny (dolandyryş diwany, parlament, polisiýa, kazyýet, prokuratura we ş.m.) we serişdeleri (salgytlar, ýygymlar, dürli hili höweslendirmeler we ş.m.) ulanyp, jemgyýetiň üstünden öz agalygyny ýöredýän syýasy gurluş. Adamzat jemgyýetiniň iň gadymy sosial institutlarynyň biri. Döwletler dürli alamatlar esasynda dürli görnüşlere – respublikalara, monarhiýalara, imperiýalara, federatiw döwletlere we ş.m bölünýär.

**Hukuk** – hemmeler üçin ählumumy bolan düzgünleriň (kadalaryň) toplumy bolup, ol döwlet tarapyndan goralýar.

**Hukuk döwleti** – hukugyň hökmürowanlygy kepillendirilen, kanunyň öňünde hemmeleriň deňligi bolan döwlet. Hukuk döwletinde raýatlaryň konstitusiýada kepillendirilen hukuklaryny hiç bir tarap kemsidip bilmeýär.

**Innowasiýa** – täzeden döredilіş, köne, ýagny däpleýin zadyň (işiň, usulyň, amalyň) ornuna täze bir zadyň girizilmegi. Ykdysady ösüş bilen baglanyşyklylykda önümçilikde ylmyň (esasan, tehniki ylyymlaryň) täze gazananlarynyň esasynda döredilen çylşyrymly tehnologiýalaryň (tilsimatlaryň) giňden ulanylyp başlanylmagyna degişlilikde «ykdysadyýetiň innowasion esaslarda ösdürilmegi» diýlen söz düzüminden peýdalanylýar.

**Legitimlilik** – (*legitimus* – kanuny häsiýetde diýen manyny berýän latyn sözünden) jemgyýet tarapyndan häkimiýetiň kanuny esasda hereket edýänligini we onuň çözgütleriniň kanunylygyny ykrar edilmekligi.

**Jenaýat** – hukuk tarapyndan gadagan edilen, jemgyýet üçin howply bolan hereket, hyýanatçylyk, howply hukuk bozulmasy.

**Konstitusiýa** – *constitutio* – «gurluş» diýen manysy bolan latyn sözünden emele getirilip, häzir bu adalga döwletiň esasy kanunynyň ady hökmünde ulanylýar. Döwletler öz konstitusiýalarynda döwlet häkimiýetiniň gurluş aýratynlyklaryny, häkimiýetiň şahalarynyň hereket ediş düzgünlerini, raýatlaryň we adamlaryň hukuklarynyň we erkinlikleriniň kepilliklerini beýan edýärler. Konstitusiýa döwletiň ähli kanunçylyk we hukuk namalarynyň esasy bolup hyzmat edýär.

**Parlament** – *parle* –gürlemek, parlement diýen fransuz sözlerinden emele getirilen adalga bolup, ol häzirki döwürde syýasaty öwreniş ylmynda demokratik döwletlerde halkyň wekilçilikli edarasynyň – kanun çykaryjy häkimiýetiniň umumy ady hökmünde ulanylýar. Dünýäniň döwletleriniň parlamentleriniň adynyň dürli görnüşleri bar. Mysal üçin, Türkmenistanda oňa *Mejlis*, Germaniýada – *Bundestag*, ABŞ-da – *Kongress*, Ysraýylda – *Knesset*, Gyrgyzystanda – *Jgorku Keneş*, Polşada – *Seým*, Mongoliýada – *Hural* we ş.m. başga atlar berilýär. Parlamentler federatiw döwletlerde köplenç iki palatadan ybarat görnüşde düzülýär. Döwletleriň Konstitusiýalarynda parlamentlere kanun çykarmakdan başga hukuklar hem berilýär. Mysal üçin, hökümetiň düzümini tassyklamak, Prezidentiň impiçmentini yglan etmek ýaly.

**Raýat** – (*graždanin*) şahsyň haýsydyr bir aýratyn döwlete degişlidigini we onuň öz döwleti bilen hukuk gatnaşyklardadygyny aňladýan düşünje.

**Raýat jemgyýeti** – raýatlaryň döwlete degişli bolmadyk gatnaşyklarynyň we guramalarynyň toplumy.

**Respublika** – ýokary häkimiýetiň halkyň gatnaşmagynda saýlaw esasynda emele getirilmegi bilen tapawutlanýan döwlet gurluşy. Monarhiýalarda, respublikalardan tapawutlylykda ýokary häkimiýet (patyşalyk tagty) eldenele miras hökmünde geçýär. Häzirki zaman döwletleriniň 90 göteriminden hem gowragy respublika görnüşli döwletlerdir.

**Referendum** – demokratik döwletlerde raýatlara tutuş döwlet üçin ýa-da onuň haýsydyr bir sebiti üçin ählumumy ähmiýeti bolan mesele dogrusynda sala salmaklygy aňladýan düşünje.

**Suwerenitet** – (*souverainete* – ýokary häkimiýet diýen manyny berýän fransuz sözünden) döwletiň öz çägindäki özbaşdaklygy, kanunlarynyň öz çäginde hökmürowanlygy.

**Syýasy partiýalar** – jemgyýetiň ol ýa-da beýleki bir toparlarynyň adyndan çykyş edýän, syýasy häkimiýeti doly ele almaklyga ýa-da onuň şahalarynda orun almaklygy maksat edinýän jemgyýetçilik guramalary. Çäginde kanun esasynda hereket edýän syýasy partiýalaryň sany boýunça döwletler birpartiýaly, ikipartiýaly we köppartiýaly döwletlere bölünýär. Syýasy partiýalaryň özleri hem biri-birlerinden atlary we ideologiýalary boýunça tapawutlanýar (demokratik, liberal-demokratik, kommunistik we ş.m.).

**Weto** – (*veto* – «gadagan edýärin» diýen manyny berýän latyn sözünden). Döwlet hukugynda döwlet ýolbaşçysy tarapyndan döwlet häkimiýetiniň haýsydyr bir şahasy (mysal üçin, kanun çykaryjy häkimiýet) tarapyndan çykarylan (kabul edilen) karara (çözgüde) gadaganlyk girizmegi, ýagny onuň ulanylmagyna rugsat bermezligi. Halkara hukugyna laýyklykda weto goýmaklyk hukugyndan BMG-niň Howpsyzlyk Geňeşiniň agza ýurtlary hem peýdalanýarlar.

## Mazmuny


Giriş ........................................................................................7

**I bap. Jemgyýetiň syýasy durmuşy** ......................................12
§ 1. Syýasat we onuň alamatlary ...............................................12
§ 2. Syýasy häkimiýet ................................................................15
§ 3. Jemgyýetiň syýasy ulgamy ..................................................26
§ 4. Türkmenistanyň syýasy ulgamy ..........................................33
§ 5. Hukuk döwleti we raýat jemgyýeti ......................................38
§ 6. Hukuk ulgamy we onuň jemgyýetdäki orny ..........................49
§ 7. Döwletiň daşary syýasaty .....................................................58

**II bap. Jemgyýet we tebigat** ..................................................71
§ 1. Jemgyýet we tebigat ............................................................71
§ 2. Häzirki döwrüň ekologik meseleleri ....................................75
Jemleýji sapak ............................................................................93
Gysgaça düşündirişli sözlük .........................................................98

**Öwezdurdy Berdiýewiç Muhammetberdiýew,**
**Nurýagdy Suwhanow,**
**Süleýman Baýramowiç Süleýmanow**

# JEMGYÝETI ÖWRENIŞ

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
XI synpy üçin synag okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *H. Sapargulyýew* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Korrektor | *M. Agageldiýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *A. Caryýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 07.05.2014. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Mekdep garniturasy. Şertli reňkli ott. 22,25.
Şertli çap listi 6,5. Hasap-neşir listi 5,87.
Çap listi 6,5. Sargyt № 740. Sany 109 000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000, Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Okuw kitabynyň peýdalanylyşy barada maglumat

| № | Okuwçynyň ady we atasynyň ady | Okuw ýyly | Kitabyň saklanyş ýagdaýy | |
|---|---|---|---|---|
| | | | Okuw ýylynyň başynda | Okuw ýylynyň ahyrynda |
| 1 | | | | |
| 2 | | | | |
| 3 | | | | |
| 4 | | | | |
| 5 | | | | |